## ТҮРКМЕНИСТАН ЕКАРЫ СОВЕТИНИҢ
## КАРАРЫ

### 5 Түркменистаның халк депутатларының ишини үпҗүн этмек хакындакы Дүзгүннама үйтгетмелер гиризмек хакында

Түркменистан Ёкары Совети к а р а р э д й ә р:

1. «Түркменистан ССР-ниң халк депутатларының ишини үпҗүн этмек хакында» Түркменистан ССР Ёкары Советиниң 1990-нҗы йылың 24-нҗи майында кабул эден Карары билен тассыкланан Дүзгүннаманың 6-нҗы пунктуның биринҗи бөлегини ашакдакы редакцияда беян этмели:

Түркменистаның халк депутатларының Түркменистан Ёкары Советиниң сессияларына, Түркменистан Ёкары Советиниң Президиумының, Түркменистан Ёкары Советиниң комитетлериниң меҗлислерине гатнашан вагтының довамында, шейле хем шол гөркезилен органларың табшырыкларыны ерине етирмек үчин бир ере гиден вагтының довамында олара шу ашакдакы мөчберде командировка харажатлары төленйәр:

Түркменистаның шәхерлерине ве илатлы пунктларына гидиленде: оларың хер гүни үчин (суточный) 30 манат, җай кирейи үчин — 55 манат;

Түркменистаның чәклеринден дашаркы шәхерлере ве илатлы пунклара гидиленде: оларың хер гүни үчин (суточный) 40 манат, җай кирейи үчин 80 манат;

дердүнҗи бөлекдәки «Харчланан пул барада хасабат язылып берилмейәр» диен сөзлери айырмалы.

2. Түркменистан ССР-ниң халк депутатларының ишини үпҗүн этмек хакындакы Дүзгүннама үйтгетмелер гиризмек хакында» Түркменистан ССР Ёкары Советиниң 1991-нҗи йылың 29-нҗы майында кабул эден Карарыны гүйҗүни йитирен дийип хасап этмели.

**Түркменистан Ёкары Советиниң Башлыгы** **С. МЫРАДОВ**

Ашгабат шәхери.
1992-нҗи йыл, 19-нҗы февраль.
№ 664 — XII.

---

## ТҮРКМЕНИСТАН ЕКАРЫ СОВЕТИНИҢ
## КАРАРЫ

### 16 Түркменистаның Чәрҗев областында Бойнуузын районыны дөретмек хакында

Түркменистан Ёкары Совети к а р а р э д й ә р:

1. Түркменистаның Чәрҗев областында меркези шәхер типли Москва посёлогында болан **Бойнуузын** районыны дөретмели, Большевик, Бойнуузын, Гызыл Йылдыз оба Советлерини ве шәхер типли Москва посёлогыны Чәрҗев областының Дәнев районындан айрып, Бойнуузын районының составына бермели.

2. Тәзе дөредилен районың территориясында ерлешен сайлав округлары боюнча сайланан халк депутатларының Дәнев район Советиниң депутатларындан ыбарат Бойнуузын районында халк депутатларының Бойнуузын район Советини дөретмели.

3. Халк депутатларының Бойнуузын ве Дәнев район Советлериниң иң пес белленен нормадан аз санда ишлемеклерине, кададан чыкма хөкмүнде ругсат бермели.

Түркменистан Ёкары Советиниң Башлыгы С. МЫРАДОВ

Ашгабат шәхери.
1992-нжи йыл, 19-нжы февраль.
№ 665 — XII.

---

## ТҮРКМЕНИСТАН ЁКАРЫ СОВЕТИНИҢ КАРАРЫ

### 17 Чәрҗев областының Фарап районының Битик посёлогының адыны үйтгетмек, тәзе посёлогы беллиге алмак ве Битик оба Советини бөлмек хакында

Түркменистан Ёкары Совети карар эдйәр:

1. Фарап районының Битик оба Советиниң хәзирки Битик посёлогыны Җенди посёлогы дийип атландырмалы.

2. Фарап районының Битик оба Советиниң «Коммунизм» колхозының пейдаланян ерлеринде дөрән тәзе посёлогы беллиге алып, оны Битик посёлогы дийип атландырмалы.

3. Чәрҗев областының Фарап районының Битик оба Советини бөлүп, онуң территориясында «ТССР-иң 50 йыллыгы» колхозының пейдаланян ерлериниң чәгинде меркези Җенди посёлогында болан Җенди оба Советини хем-де «Коммунизм» колхозының пейдаланян ерлериниң чәгинде меркези Битик посёлогында болан Битик оба Советини дөретмели.

Җенди оба Советиниң составына Башсака, Җошгун, Җенди, Гошаарык, Гызыл Гошун, Сандыклы, Толкун, Ялкым посёлокларыны, Битик оба Советиниң составына болса Битик, Гүлабат, 9-нжы Май, Социализм, Тәзеёл, Чармерде посёлокларыны бермели.

4. Җенди ве Битик оба Советлеринде шоларың территорияларында ерлешен сайлав округлары боюнча сайланан Битик оба Советиниң депутатларындан ыбарат халк депутатларының оба Советлерини дөретмели.

5. Шу дегишли үйтгетмелери Түркменистан ССР Ёкары Советиниң Президиумының 1987-нҗи йылың 18-нҗи майында кабул эден Указы (ТССР Ёкары Советиниң Ведомостлары, 1987 й., № 14, 65-нҗи мадда) билен тассыкланан Түркменистаның посёлокларының Списогына гиризмели.

Түркменистан Ёкары Советиниң Башлыгы С. МЫРАДОВ

Ашгабат шәхери.
1992-нҗи йыл, 19-нжы февраль.
№ 666 — XII.

Ашгабат шәхери.
1992-нжи йыл, 17-нжи апрель
№ 684 — XII.

---

# ТҮРКМЕНИСТАН ЕКАРЫ СОВЕТИНИҢ ПРЕЗИДИУМЫНЫҢ КАРАРЫ

**26 Түркменистаның Конституциясының нусгалыгыны әхли халкың ара алып маслахатлашмагының баршы хакында**

Түркменистан Екары Советиниң Президиумы к а р а р э д й ә р:

1. Түркменистан Екары Советиниң Башлыгы С. Н. Мырадовың, Түркменистан Екары Советиниң Халк депутатлары Советлериниң иши ве миллетара гатнашыклар меселелери барадакы комитетиниң башлыгы Э. Н. Җумаевиң, Түркменистан Екары Советиниң Ылым, экология ве тебигатдан пейдаланмак барадакы комитетиниң башлыгы Г. Мәликгулыевиң Түркменистаның Конституциясының нусгалыгыны әхли халкың ара алып маслахатлашмагының баршы хакында берен хабарларыны маглумат үчин кабул этмели.

2. Түркменистаның Конституциясының нусгалыгыны зәхметкешлер коллективлериниң ве сайлавчыларың арасында ара алып маслахатлашмагы довам этдирмеги Түркменистан Екары Советиниң комитетлерине табшырмалы.

**Түркменистан Екары Советиниң Башлыгы С. МЫРАДОВ**

Ашгабат шәхери.
1992-нжи йыл, 17-нжи апрель
№ 685 — XII.

---

# ТҮРКМЕНИСТАН ЕКАРЫ СОВЕТИНИҢ ПРЕЗИДИУМЫНЫҢ КАРАРЫ

**Областларың, районларың ве шәхерлериң атларының рус дилинде язылышыны түркмен транскрипциясына лайыклыкда дүзгүнлешдирмек хакында**

Түркменистан Екары Советиниң Президиумы к а р а р э д й ә р:

Областларың, районларың ве шәхерлериң атларының рус дилинде язылышыны Түркменистаның «Дил хакындакы» Кануның талаплары

эсасында түркмен транскрипциясына лайыклыкда дүзгүнлешдирмек хакында Түркменистан Ёкары Советиниң Президиумының янындакы административ-территориал бирликлериң ве илатлы пунктларың атлары барадакы комиссияның теклиби билен ылалашмалы (гошуляр).

Түркменистан Ёкары Советиниң Башлыгы С. МЫРАДОВ.

Ашгабат шәхери.
1992-нҗи йыл, 17-нҗи апрель
№ 686 — XII.

---

Түркменистан Ёкары Советиниң
Президиумының 1992-нҗи йылың
17-нҗи апрелинде чыкаран № 686—XII
Карарына гошунды

## Түркменистаның областларының, районларының ве шәхерлериниң түркмен транскрипциясына ве түркменче айдылышына лайыклыкда рус дилине терҗиме эдилйән атларының

## САНАВЫ

| Түркмен транскрипциясында язылышы | Рус дилине гечирилende язылышы | Беллик (өңки язылышы) |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| | **Областлар** | |
| Дашховуз | Дашховузская | Ташаузская |
| Чәрҗев | Чарджевская | Чарджоуская |
| | **Районлар** | |
| Ашгабат | Ашгабатский | Ашхабадский |
| Бәхерден | Бахерденский | Бахарденский |
| Гөкдепе | Гёкдепинский | Геок-Тепинский |
| Кака | Какинский | Каахкинский |
| Сарахс | Сарахсский | Серахский |
| Эсенгулы | Эсенгулыйский | Гасан-Кулийский |
| Газанҗык | Газанджыкский | Казанджикский |
| Гаррыгала | Гаррыгалынский | Кара-Калинский |
| Гызыларбат | Гызыларбатский | Кизыл-Арватский |
| Гызылетрек | Гызылетрекский | Кизыл-Атрекский |
| Векилбазар | Векилбазарский | Векиль-Базарский |
| Гушгы | Гушгынский | вновь образованный |
| Ёлөтен | Ёлотенский | Иолотанский |
| Гарагум | Гарагумский | Каракумский |
| Байрамалы | Байрамалыйский | Байрам-Алийский |
| Мургап | Мургапский | Мургабский |
| Сакарчәге | Сакарчягинский | Сакар-Чагинский |
| Тагтабазар | Тагтабазарский | Тахта-Базарский |
| Түркменгала | Туркменгалынский | Туркмен-Калинский |

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Йыланлы | Пыланлыйский | Ильялинский |
| Көнеүргенч | Кёнеургенчский | Куня-Ургенчский |
| Тагта | Тагтынский | Тахтинский |
| Дашховуз | Дашховузский | Ташаузский |
| Дарганата | Дарганатынский | Дарган-Атинский |
| Дәнев | Дяневский | Дейнауский |
| Гарабекевүл | Гарабекевюлский | Карабекаульский |
| Фарап | Фарапский | Фарабский |
| Хожамбаз | Ходжамбазский | Ходжамбасский |
| Чәржев | Чарджевский | Чарджоуский |
| Чаршаңңы | Чаршангынский | Чаршангинский |

Шәхерлер

| | | |
|---|---|---|
| Ашгабат | Ашгабат | Ашхабад |
| Бүзмейин | Бюзмейин | Безмеин |
| Газанжык | Газанджык | Казанджик |
| Гызыларбат | Гызыларбат | Кизыл-Арват |
| Небитдаг | Небитдаг | Небит-Даг |
| Гумдаг | Гумдаг | вновь образованный |
| Байрамалы | Байрамалы | Байрам-Али |
| Гушгы | Гушгы | Кушка |
| Ёлөтен | Ёлотен | Иолотань |
| Дашховуз | Дашховуз | Ташауз |
| Көнеүргенч | Кёнеургенч | Куня-Ургенч |
| Говурдак | Говурдак | Гаурдак |
| Чәржев | Чарджев | Чарджоу |

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ ПРЕЗИДЕНТИНИҢ ПЕРМАНЫ

**28 «Түркменистаныи ат газанан атшынасы» диен хорматлы ады дөретмек хакында**

Атчылыкда өкде хүнәрли кадрлары беркитмек, оларың зәхметиниң абрайыны ёкары гөтермек ве шуну ң эсасында пудагы өсдүрмегиң хас нетижели болмагыны газанмак максады билен карар эдйәрин:

1. «Түркменистаның ат газанан атшынасы» диен хорматлы ады дөретмели.

2. Түркменистан ССР Ёкары Советиниң Президиумының 1989-нжы йылың 5-нжи июлында чыкаран Указы билен тассыкланылан Түркменистан ССР-иң Дөвлет сылаглары хакындакы дүзгүннама (ТССР Ёкары Советиниң Ведомостлары, 1989 й., № 13, 62-нжи мадда) шу ашакдакы гошмачалары гиризмели:

кабрында кабул эден Түркменистаның Административ хукук тертибиниң бозулмалары хакындакы кодексине (ТССР Ёкары Советиниң Ведомостлары (Маглуматлары), 1984 й., № 35, 153-нжи мадда; 1991 й., № 16, 171-нжи мадда):

177[7]-нжи маддадакы «прокурорың» ве «прокуратура» диен сөзлерден соң дегишли суратда «милиция ишгәриниң» ве «милиция органына» диен сөзлери гошмалы;

50-нжи мадданың Беллигиндәки «әлли манатдан» диен сөзи «иш хакының иң пес мөчбериинден» диен сөзлер билен чалшырмалы.

161-нжи маддадакы «әгер бетгазанжың мөчбери йүз манатдан гечмейән болса» диен сөзлери «әгер бетгазанжың мөчбери иң пес иш хакындан гечмейән болса» диен сөзлер билен чалшырмалы.

4. Шу Канун чап эдилен гүнүнден гүйҗе гирйәр. Шу Канунын 2-нжи пунктуның дүзгүнлериниң гүйҗи Җенаят кодексиниң 6-нжы маддасына лайыклыкда ызына йөрейәр.

**Түркменистаның Президенти С. НЫЯЗОВ**

Ашгабат шәхери.
1992-нжи йыл, 26-нжы июнь.
№ 728 — XII.

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕҖЛИСИНИҢ КАРАРЫ

### 62 Ахал велаятының Киров посёлогының ве Киров этрабының адыны үйтгетмек хакында

Түркменистаның Меҗлиси карар эдйәр:

1. Ахал велаятының Киров этрабының административ меркези болан Киров посёлогының адыны үйтгедип, **Бабадайхан** посёлогы, Киров этрабыны болса **Бабадайхан** этрабы дийип атландырмалы.

2. Түркменистаның посёлокларының Списогына (Түркменистаның Ёкары Советиниң Ведомостлары, 1987 й., № 14, 65-нжи мадда) дегишли үйтгетмелери гиризмели.

**Меҗлисиң Башлыгы С. МЫРАДОВ**

Ашгабат шәхери.
1992-нжи йыл, 26-нжы июнь.
№ 729 — XII.

нее 160 млрд. рублей на материальные нужды населения, в том числе 106 млрд. рублей на компенсацию разницы в ценах на продовольствие и медикаменты, 55 млрд. рублей на финансирование социально-культурных мероприятий и развитие науки.

Предусмотреть выделение не менее 25 млрд. рублей на строительство жилья и объектов социальной сферы.

Предоставить право Кабинету Министров Туркменистана вносить необходимые уточнения в бюджет с учетом изменения экономических условий.

4. Членам Кабинета Министров Туркменистана, хякимам велаятов, шахеров, этрапов, руководителям государственных корпораций, концернов, объединений и предприятий обеспечить практическую реализацию показателей и государственных заданий Основных направлений экономического и социального развития и Государственного бюджета Туркменистана.

Вышеуказанные руководители каждое полугодие должны отчитываться перед Президентом Туркменистана о выполнении намеченных мероприятий.

**Президент Туркменистана С. НИЯЗОВ**

Город Ашгабат.
14 декабря 1992 г.
ХМ — 5

---

## РЕШЕНИЕ
## ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА

**104 Об установлении статуса административно-территориальным образованиям в Туркменистане**

1. В соответствии с Конституцией Туркменистан состоит из следующих административно-территориальных образований: велаятов, этрапов, шахеров, приравненных к этрапам, шахеров, поселков и оба.

2. Велаят является административно-территориальным образованием, объединяющим этрапы и шахеры, приравненные к этрапам, с учетом исторических, экономических, географических, демографических и иных особенностей в целях обеспечения наиболее эффективного и ра-

ционального государственного управления комплексным развитием территории.

3. Велаят является составной частью территории Туркменистана.

Земли, составляющие территорию велаята, являются частью единого государственного земельного фонда Туркменистана.

4. Образовать в Туркменистане следующие велаяты:

**Ахалский велаят** — в границах территории бывшей Ашгабатской области;

**Балканский велаят** — в границах территории бывшей Балканской области;

**Дашховузский велаят** — в границах территории бывшей Дашховузской области;

**Лебапский велаят** — в границах территории бывшей Чарджевской области;

**Марыйский велаят** — в границах территории бывшей Марыйской области.

5. Этрап — административно-территориальная единица, входящая в состав велаята и включающая в себя шахеры, поселки и оба.

Земли на территории этрапа составляют единый государственный земельный фонд Туркменистана.

6. В Туркменистане образуются следующие этрапы:

**в Ахалском велаяте:** Ашгабатский, Бабадайханский, Бахерденский, Гёкдепинский, Гяверсский, Какинский, Сарахсский, Тедженский;

**в Балканском велаяте:** Газанджыкский, Гаррыгалынский, Гызыларбатский, Гызылетрекский, Красноводский, Эсенгулыйский;

**в Дашховузском велаяте:** Дашховузский, Йыланлыйский, Калининский, Кёнеургенчский, Ленинский, Октябрьский, Тагтынский, Тельманский;

**в Лебапском велаяте:** Бойныузынский, Гарабекевюлский, Дарганатынский, Достлукский, Дяневский, Керкинский, Сакарский, Саятский, Фарапский, Халачский, Ходжамбазский, Чарджевский, Чаршангынский;

**в Марыйском велаяте:** Байрамалыйский, Векилбазарский, Гарагумский, Гушгынский, Ёлотенский, Марыйский, Мургапский, Парахатский, Сакарчягинский, Тагтабазарский, Туркменгалынский;

**в шахере Ашгабат:** Ленинский, Советский, Пролетарский.

7. Шахер — населенный пункт с выраженной городской инфраструктурой, являющийся экономическим и культурным центром, имеющим важное промышленное, социально-культурное значение и тенденцию их дальнейшего развития.

Вопрос об отнесении населенных пунктов к категории шахеров, приравненных к этрапу, либо к категории шахеров в этрапе, решается Халк маслахаты в каждом случае отдельно применительно к конкретному населенному пункту.

8. Столица Туркменистана — шахер Ашгабат — по своему статусу приравнивается к велаяту.

Президентом назначается хяким шахера Ашгабат, приравненный в правах и обязанностях к хякиму велаята, который осуществляет руководство деятельностью органов управления в соответствии с законом.

9. Установить статус шахера, приравненного к этрапу, следующим шахерам:

**в Ахалском велаяте:** Бюзмейину;

**в Балканском велаяте:** Гумдагу, Красноводску, Небитдагу, Челекену;

**в Дашховузском велаяте:** Дашховузу;

**в Лебапском велаяте:** Говурдаку, Сейди, Чарджеву;

**в Марыйском велаяте:** Байрамалы, Мары.

Президент назначает хякимов вышеперечисленных шахеров, приравненных в правах и обязанностях к хякимам этрапов, которые осуществляют руководство деятельностью органов управления в соответствии с законом.

10. Установить статус шахера в этрапе следующим шахерам:

**в Ахалском велаяте:** шахеру Теджену в Тедженском этрапе;

**в Балканском велаяте:** шахеру Газанджыку в Газанджыкском этрапе, шахеру Гызыларбату в Гызыларбатском этрапе;

**в Дашховузском велаяте:** шахеру Кёнеургенчу в Кёнеургенчском этрапе;

**в Лебапском велаяте:** шахеру Керки в Керкинском этрапе;

**в Марыйском велаяте:** шахеру Гушгы в Гушгынском этрапе, шахеру Ёлотен в Ёлотенском этрапе, шахеру Шатлык в Парахатском этрапе.

В перечисленных шахерах образуются представительные органы народной власти — Генгеши.

11. Поселок — населенный пункт городского типа, низовая административно-территориальная единица, входящая в состав этрапа или шахера, являющаяся административным центром этрапа или соответствующего Генгеши.

На территории поселка учреждается представительный орган народной власти — Генгеши.

Образовать Генгеши в границах бывших поселковых Советов народных депутатов.

12. Оба — сельский населенный пункт, низовая административно-территориальная единица, входящая в состав этрапа.

Территория одного или нескольких оба, составляющихся субъект хозяйственной деятельности (колхоз, совхоз, межхоз), образуют генгешлик, где учреждаются представительные органы народной власти — Генгеши.

13. К категории населенных пунктов, подлежащих государственному учету и регистрации, относятся населенные пункты с сосредоточенной застройкой и насчитывающие не менее 50 человек постоянно проживающих в них.

14. В соответствии с Конституцией Туркменистана вопросы административно-территориального деления решает Халк маслахаты. Порядок решения вопросов административно-территориального деления определяется соответствующим законом.

15. Решением Халк маслахаты отдельным административно-территориальным единицам и населенным пунктам может быть придан особый статус.

**Президент Туркменистана С. НИЯЗОВ**

**Город Ашгабат.**

**14 декабря 1992 г.**

**ХМ — 6**

---

РЕШЕНИЕ

## Икинжи бөлүм

# ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕЖЛИСИНИҢ ПРЕЗИДИУМЫНЫҢ КАРАРЫ

1 **Мары велаятының Парахат этрабының адыны үйтгетмек хакында**

Мары велаятының хәкиминиң янындакы кәрханалара, эдаралара, гурамалара, окув жайларына ве бейлеки объектлере ат дакмак ве оларың адыны үйтгетмек барадакы комиссияның хайышыны назара алып, Межлисиң Президиумы к а р а р э д й ә р:

Мары велаятының Парахат этрабының адыны үйтгедип, оңа Түркменистаның Президенти С. А. Ныязовың адыны дакмалы ве мундан бейләк оны: **«Мары велаятының Ныязов этрабы»** диййип атландырмалы.

Межлисиң Башлыгы **С. МЫРАДОВ.**

Ашгабат шәхери.
1993-нжи йыл, 19-нжы январь.
№ 794 — XII.

# ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕЖЛИСИНИҢ ПРЕЗИДИУМЫНЫҢ КАРАРЫ

2 **Түркменистаның Межлисиниң Президиумының 1992-нжи йылда гражданларың теклиплерине, арзаларына ве шикаятларына гарамак барада алып баран ишиниң жемлери хакында**

Межлисиң Президиумы к а р а р э д й ә р:

1. Түркменистаның Межлисиниң Президиумының 1992-нжи йылда гражданларың теклиплерине, арзаларына ве шикаятларына гарамак барада алып баран ишиниң жемлери хакында Межлисиң Иш доландырыш управлениесиниң хатлар ве гражданлары кабул эдиш секторының мүдири ёлдаш Ё. Хожамбердиевиң берен хабарыны маглумат үчин кабул этмели.

2. Түркменистаның Президентиниң «Гражданларың теклиплерине, арзаларына ве шикаятларына гарамагың тертиби хакында» 1992-нжи йылың 2-нжи декабрында чыкаран Перманына лайыклыкда гражданларың арза-шикаятларына гарамагы гурамак барада эсерден иш алып бармагы Межлисиң комитетлерине, Межлисиң Иш до[...]ниесиниң хатлар ве граждан[...] [...]алы.

1993-нжи йыл, 4-нжи февраль.
№ 799 — XII.

---

ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕҖЛИСИНИҢ ПРЕЗИДИУМЫНЫҢ
КАРАРЫ

6 **Душагың тикинчилик-трикотаж фабригине Гурбансолтан Атамырадованың адыны дакмак хакында**

Душагың тикинчилик-трикотаж фабригиниң зәхмет коллективиниң йүзленмесини, шейле хем Кака этрабының хәкимлигиниң хайышыны назара алып, Меҗлисиң Президиумы карар эдйәр:

Душагың тикинчилик-трикотаж фабригине Гурбансолтан Атамырадованың адыны дакмалы ве мундан бейләк оны: «Душагың Гурбансолтан Атамырадова адындакы тикинчилик-трикотаж фабриги дийип атландырмалы.

Меҗлисиң Башлыгы С. МЫРАДОВ

Ашгабат шәхери.
1993-нжи йыл, 4-нжи февраль.
№ 800 — XII.

---

ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕҖЛИСИНИҢ ПРЕЗИДИУМЫНЫҢ
КАРАРЫ

7 **Дашховуз велаятының Октябрь этрабының адыны үйтгетмек хакында**

Октябрь этрабының зәхметкешлер коллективлериниң ве җемгыетчилик гурамаларының хайышыны, шейле хем Дашховуз велаятының хәкимлигиниң товакгасыны назара алып, Меҗлисиң Президиумы карар эдйәр:

Дашховуз велаятының Октябрь этрабының адыны үйтгедип, оңа Түркменистаның Президенти С. А. Ныязовың адыны дакмалы ве мундан бейләк оны: **«Дашховуз велаятының Сапармырат Түркменбашы этрабы»** дийип атландырмалы.

Меҗлисиң Башлыгы **С. МЫРАДОВ**

Ашгабат шәхери.
1993-нжи йыл, 8-нжи февраль.
№ 805 — XII.

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕЖЛИСИНИҢ ПРЕЗИДИУМЫНЫҢ КАРАРЫ

**8 Дашховуз велаятының Дашховуз этрабының Тәзебазар посёлогының адыны үйтгетмек хакында**

Дашховуз велаятының Дашховуз этрабының Тәзебазар посёлогының зәхметкешлер колективлериниң ве җемгыетчилик гурамаларының хайышыны, шейле хем Дашховуз велаятының хәкимлигиниң товакгасыны назара алып, Межлисиң Президиумы карар эдйәр:

Дашховуз велаятының Дашховуз этрабының Тәзебазар посёлогының адыны үйтгедип, оңа Түркменистаның Президенти С. А. Ныязовың адыны дакмалы ве мундан бейләк оны **«Дашховуз велаятының Дашховуз этрабының Ныязов посёлогы»** дийип атландырмалы.

*Межлисиң Башлыгы* **С. МЫРАДОВ**

Ашгабат шәхери.
1993-нҗи йыл, 8-нҗи февраль.
№ 806 — XII.

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕЖЛИСИНИҢ ПРЕЗИДИУМЫНЫҢ КАРАРЫ

**9 Көнеүргенҗиң пагта арассалайҗы заводына Түркменистаның Президенти С. А. Ныязовың адыны дакмак хакында**

Көнеүргенҗиң пагта арассалайҗы заводының зәхметкешлер коллективиниң хайышыны, шейле хем Дашховуз велаятының хәкимлигиниң товакгасыны назара алып, Межлисиң Президиумы карар эдйәр:

Көнеүргенҗиң пагта арассалайҗы заводына Түркменистаның Президенти С. А. Ныязовың адыны дакмалы ве мундан бейләк оны «Көнеүргенҗиң Түркменистаның Президенти С. А. Ныязов адындакы пагта арассалайҗы заводы» дийип атландырмалы.

**Межлисиң Башлыгы** **С. МЫРАДОВ**

Ашгабат шәхери.
1993-нҗи йыл, 8-нҗи февраль.
№ 807 — XII.

**9 Көнеүргенҗиң пагта арассалайҗы заводына [illegible] Президенти С. А. Ныязовың адыны дакмак хакында**

*Көнеүргенҗиң пагта арассалайҗы заводының зәхметкешлер коллективиниң хайышыны, шейле хем Дашховуз велаятының хәкимлигиниң товакгасыны назара алып, Меҗлисиң Президиумы к а р а р э д й ә р:*

Көнеүргенҗиң пагта арассалайҗы заводына Түркменистаның Президенти С. А. Ныязовың адыны дакмалы ве мундан бейләк оны «Көнеүргенҗиң Түркменистаның Президенти С. А. Ныязов адындакы пагта арассалайҗы заводы» дийип атландырмалы.

**Меҗлисиң Башлыгы** **С. МЫРАДОВ**

*Ашгабат шәхери.*
*1993-нҗи йыл, 8-нҗи февраль.*
*№ 807 — XII.*

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕҖЛИСИНИҢ ПРЕЗИДИУМЫНЫҢ
## К А Р А Р Ы

**10 Дашховуз велаятының Тагта этрабының Куйбышев адындакы колхозының адыны үйтгетмек хакында**

Тагта этрабының Куйбышев адындакы колхозының зәхметкешлер коллективиниң хайышыны, шейле хем Дашховуз велаятының хәкимлигиниң товакгасыны назара алып, Меҗлисиң Президиумы к а р а р э д й ә р:

Тагта этрабының Куйбышев адындакы колхозының адыны үйтгедип, оңа Түркменистаның Президенти С. А. Ныязовың адыны дакмалы ве мундан бейләк оны «Дашховуз велаятының Тагта этрабының Түркме-

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕҖЛИСИНИҢ ПРЕЗИДИУМЫНЫҢ КАРАРЫ

**11 «Гарабогазсульфат» өнүмчилик бирлешигине Түркменистаның Президенти С. А. Ныязовың адыны дакмак хакында**

«Гарабогазсульфат» өнүмчилик бирлешигиниң зәхметкешлер коллективиниң йүзленмесини, шейле хем Балкан велаятының хәкимлигиниң товакгасыны назара алып, Меҗлисиң Президиумы карар эдйәр:

«Гарабогазсульфат» өнүмчилик бирлешигине Түркменистаның Президенти С. А. Ныязовың адыны дакмалы ве мундан бейләк оны «Түркменистаның Президенти С. А. Ныязов адындакы «Гарабогазсульфат» өнүмчилик бирлешиги» дийип атландырмалы.

**Меҗлисиң Башлыгы** **С. МЫРАДОВ**

Ашгабат шәхери.
1993-нҗи йыл, 11-нҗи февраль.
№ 809 — XII.

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕҖЛИСИНИҢ ПРЕЗИДИУМЫНЫҢ КАРАРЫ

**12 Балкан велаятының Газанҗык этрабының В. И. Ленин адындакы совхозының адыны үйтгемек хакында**

Газанҗык этрабының В. И. Ленин адындакы совхозының зәхметкешлер коллективиниң йүзленмесини, шейле хем Балкан велаятының хәкимлигиниң товакгасыны гөз өңүнде тутуп, Меҗлисиң Президиумы карар эдйәр:

Газанҗык этрабының В. И. Ленин адындакы совхозының адыны үйтгедип, оңа Түркменистаның Президенти С. А. Ныязовың адыны дакмалы ве мундан бейләк оны «Балкан велаятының Газанҗык этрабының Түркменистаның Президенти С. А. Ныязов адындакы совхозы» дийип атландырмалы.

**Меҗлисиң Башлыгы** **С. МЫРАДОВ**

Ашгабат шәхери.
1993-нҗи йыл, 11-нҗи февраль.
№ 810 — XII.

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕҖЛИСИНИҢ ПРЕЗИДИУМЫНЫҢ КАРАРЫ

**13 Кака серхет отрядына Түркменистаның Президенти С. А. Ныязовың адыны дакмак хакында**

Кака серхет отрядының личный составының хайышыны, шейле хем Түркменистаның Милли ховпсузлыкм комитетиниң товакгасыны назара алып, Меҗлисиң Президиумы карар эдйәр:

ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕЖ...

КАРАРЫ

## 14 Ичери ишлер министрлигиниң Ёкары мекдебине Түркменистаның Президенти С. А. Ныязовың адыны дакмак хакында

Ичери ишлер министрлигиниң Ёкары мекдебиниң командирлер-магуллымлар составының, диңлейжилериниң ве курсантларының хайышыны, шейле хем Ичери ишлер министрлигиниң товакгасыны назара алып, Межлисиң Президиумы карар эдйәр:

Ичери ишлер министрлигиниң Ёкары мекдебине Түркменистаның Президенти С. А. Ныязовың адыны дакмалы ве мундан бейләк оны «Түркменистаның Ичери ишлер министрлигиниң Түркменистаның Президенти гошун генералы С. А. Ныязов адындакы Ёкары мекдеби» дийип атландырмалы.

**Межлисиң Башлыгы** С. МЫРАДОВ

Ашгабат шәхери.
1993-нжи йыл, 17-нжи февраль.
№ 812 — XII.

---

ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕЖЛИСИНИҢ ПРЕЗИДИУМЫНЫҢ
КАРАРЫ

## 15 Ахал велаятының Бәхерден этрабының В. И. Ленин адындакы агрофирма-колхозының адыны үйтгетмек хакында

Бәхерден этрабының В. И. Ленин адындакы агрофирма-колхозының зәхметкешлер коллективиниң хайышыны, шейле хем Ахал велаятының хәкимлигиниң товакгасыны назара алып, Межлисиң Президиумы карар эдйәр:

Бәхерден этрабының В. И. Ленин адындакы агрофирма-колхозының адыны үйтгедип, оңа Түркменистаның Президенти С. А. Ныязовың адыны дакмалы ве мундан бейләк оны «Ахал велаятының Бәхерден этрабының Түркменистаның Президенти С. А. Ныязов адындакы агрофирма-колхозы» дийип атландырмалы.

**Межлисиң Башлыгы** С. МЫРАДОВ

Ашгабат шәхери.
1993-нжи йыл, 17-нжи февраль.
№ 813 — XII.

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕҖЛИСИНИҢ ПРЕЗИДИУМЫНЫҢ КАРАРЫ

**16 Ахал велаятының Теҗен этрабының «Ударник» совхозының адыны үйтгеттмек хакында**

Теҗен этрабының «Ударник» совхозының зәхметкешлер коллективиниң хайышыны, шейле хем Ахал велаятының хәкимлигиниң товакгасыны назара алып, Меҗлисиң Президиумы карар эдйәр:

Теҗен этрабының «Ударник» совхозының адыны үйтгедип, оңа Түркменистаның Президенти С. А. Ныязовың адыны дакмалы ве мундан бейләк оны «Ахал велаятының Теҗен этрабының Түркменистаның Президенти С. А. Ныязов адындакы совхозы» дийип атландырмалы.

**Меҗлисиң Башлыгы С. МЫРАДОВ**

Ашгабат шәхери.
1993-нҗи йыл, 19-нҗи февраль.
№ 814 — XII.

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕҖЛИСИНИҢ ПРЕЗИДИУМЫНЫҢ КАРАРЫ

**17 Ахал велаятының Бабадайхан этрабының «Коммунизм» колхозының адыны үйтгетмек хакында**

Бабадайхан этрабының «Коммунизм» колхозының зәхметкешлер коллективиниң хайышыны, шейле хем Ахал велаятының хәкимлигиниң товакгасыны назара алып, Меҗлисиң Президиумы карар эдйәр:

Бабадайхан этрабының «Коммунизм» колхозының адыны үйтгедип, оңа Түркменистаның Президенти С. А. Ныязовың адыны дакмалы ве мундан бейләк оны «Ахал велаятының Бабадайхан этрабының Түркменистаның Президенти С. А. Ныязов адындакы колхозы» дийип атландырмалы.

**Меҗлисиң Башлыгы С. МЫРАДОВ**

Ашгабат шәхери.
1993-нҗи йыл, 19-нҗи февраль.
№ 815 — XII.

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕҖЛИСИНИҢ ПРЕЗИДИУМЫНЫҢ КАРАРЫ

**18 «Түркмен атлары» Дөвлет республикан бирлешигиниң «Комсомол» атчылык заводының адыны үйтгетмек хакында**

«Комсомол» атчылык заводының коллективиниң хайышыны, шейле хем «Түркмен атлары» Дөвлет республикан бирлешигиниң товакгасыны назара алып, Түркменистаның Меҗлисиниң Президиумы карар эдйәр:

## ПОСТАНОВЛЕНИЕ
## ПРЕЗИДИУМА МЕДЖЛИСА ТУРКМЕНИСТАНА

**21 О присвоении имени Президента Туркменистана С. А. Ниязова ансамблю скрипачей Туркменского международного музыкального центра для детей и юношества**

Учитывая обращение коллектива Туркменского международного музыкального центра для детей и юношества, а также ходатайства Министерства культуры и туризма и хякима г. Ашгабата, Президиум Меджлиса Туркменистана постановляет:

Присвоить имя Президента Туркменистана С. А. Ниязова ансамблю скрипачей Туркменского международного музыкального центра для детей и юношества и впредь именовать его: «Ансамбль скрипачей имени Президента Туркменистана С. А. Ниязова Туркменского международного музыкального центра для детей и юношества».

**Председатель Меджлиса Туркменистана С. МУРАДОВ.**

**Город Ашгабат.**
**5 марта 1993 г.**
**№ 820 — XII.**

---

## ПОСТАНОВЛЕНИЕ
## ПРЕЗИДИУМА МЕДЖЛИСА ТУРКМЕНИСТАНА

**22 О переименовании и присвоении имени Президента Туркменистана С. А. Ниязова этрапам, поселкам, колхозам, совхозам, предприятиям**

Учитывая решения Генгеши, обращения трудовых коллективов предприятий, колхозов, совхозов, общественных организаций, а также ходатайства хякимов Ахалского, Балканского, Лебапского, Марыйского велаятов и г. Ашгабата, Президиум Меджлиса Туркменистана постановляет:

1. Переименовать, присвоив имя Президента Туркменистана С. А. Ниязова:

**по Ахалскому велаяту:**

совхоз «Путь Ленинизма» Гяверсского этрапа, колхозы имени Ленина Какинского этрапа, «Копетдаг» Гёкдепинского этрапа, «Ленинизм» Сарахсского этрапа, которые впредь соответственно именовать:

«Совхоз имени С. А. Ниязова Гяверского этрапа»;
«Колхоз имени С. А. Ниязова Какинского этрапа»;
«Колхоз имени С. А. Ниязова Гёкдепинского этрапа»;
«Колхоз имени С. А. Ниязова Сарахского этрапа»;

**по Балканскому велаяту:**

Красноводский этрап и поселок Джанга этого этрапа и соответственно именовать их: «Этрап Туркменбаши Балканского велаята» и «Поселок Туркменбаши этрапа Туркменбаши Балканского велаята»;

**по Лебапскому велаяту:**

Достлукский этрап и поселок Московск Бойныузынского этрапа и соответственно именовать их: «Этрап имени Сапармурада Ниязова Лебапского велаята» и «Поселок Ниязов Бойныузынского этрапа Лебапского велаята»;

колхозы имени Кирова Чаршангынского этрапа, «Большевик» Бойныузынского этрапа, имени Ленина Дяневского этрапа, имени Ильича Чарджевского этрапа, «Большевик» Сакарского этрапа, «Парахат» Ходжамбазского этрапа, «XXI съезд КПСС» Керкинского этрапа, которые соответственно именовать:

«Колхоз имени С. А. Ниязова Чаршангынского этрапа»;
«Колхоз имени С. А. Ниязова Бойныузынского этрапа»;
«Колхоз имени С. А. Ниязова Дяневского этрапа»;
«Колхоз имени С. А. Ниязова Чарджевского этрапа»;
«Колхоз имени С. А. Ниязова Сакарского этрапа»;
«Колхоз имени С. А. Ниязова Ходжамбазского этрапа»;
«Колхоз имени С. А. Ниязова Керкинского этрапа»;

**по Марыйскому велаяту:**

Поселок Энергетик города Мары и впредь именовать его: «Поселок Сапармурад Туркменбаши города Мары»;

экспериментальное хозяйство им. Чапаева Ёлотенского этрапа, колхоз имени Ленина Марыйского этрапа, которые впредь соответственно именовать:

«Экспериментальное хозяйство имени С. А. Ниязова Ёлотенского этрапа»;

«Колхоз имени С. А. Ниязова Марыйского этрапа»;

**по г. Ашгабату:**

Хлопчатобумажный комбинат имени Ф. Э. Дзержинского и впредь именовать его: «Хлопчатобумажный комбинат имени С. А. Ниязова»;

2. Присвоить имя Президента Туркменистана С. А. Ниязова:

**по Лебапскому велаяту:**

Чарджевскому арендному химическому предприятию, Халачскому хлопкоочистительному заводу, агропромышленному комплексу «Буян» государственного научно-производственного объединения «Туркмендерман», зерноводческому совхозу этрапа имени Сапармурада Ниязова, Гарабекевюлскому виноградарскому совхозу-заводу и впредь соответственно именовать их:

«Чарджевское арендное химическое предприятие имени С. А. Ниязова»;

«Халачский хлопкоочистительный завод имени С. А. Ниязова»;

«Агропромышленный комплекс «Буян» им. С. А. Ниязова государственного научно-производственного объединения «Туркмендерман»;

«Зерноводческий совхоз им. С. А. Ниязова этрапа имени Сапармурада Ниязова»;

«Гарабекевюлский виноградарский совхоз-завод имени С. А. Ниязова».

**Председатель Меджлиса Туркменистана С. МУРАДОВ.**

**Город Ашгабат.**
**9 марта 1993 г.**
**№ 821 — XII.**

---

# ПОСТАНОВЛЕНИЕ ПРЕЗИДИУМА МЕДЖЛИСА ТУРКМЕНИСТАНА

**23 О созыве восемнадцатой сессии Меджлиса Туркменистана и ее повестке дня**

Президиум Меджлиса Туркменистана постановляет:

1. Созвать восемнадцатую сессию Меджлиса Туркменистана двенадцатого созыва 12 апреля 1993 года в городе Ашгабате.

2. Внести на рассмотрение восемнадцатой сессии Меджлиса Туркменистана следующие вопросы:

О проекте Закона «О национальном архивном фонде Туркменистана».

О проекте Лесного кодекса Туркменистана.

О проекте Закона «О Генгеши».

«О проекте Закона «О выборах членов Генгеши».

О проекте Закона «О референдуме».

О проекте Закона «Об органах национальной безопасности Туркменистана».

Разное.

**Председатель Меджлиса Туркменистана С. МУРАДОВ.**

**Город Ашгабат.**
**9 марта 1993 г.**
**№ 821а — XII.**

---

Президент ...
Город Ашгабат.
8 октября 1993 г.
№ 903-XII

## Постановление Меджлиса Туркменистана

### 102. О переименовании города Красноводска Балканского велаята

Учитывая обращения трудовых коллективов и общественных организаций города Красноводска, ходатайство хякимлика Балканского велаята, Халк маслахаты Туркменистана и Меджлис Туркменистана **постановляют**:

переименовать город Красноводск Балканского велаята, присвоив ему имя Президента Туркменистана Сапармурата Туркменбаши, и впредь именовать его: **«Город Туркменбаши Балканского велаята»**.

Председатель Меджлиса Туркменистана С.Мурадов
Город Ашгабат.
8 октября 1993 г.
№ 904-XII

## РАЗДЕЛ ВТОРОЙ

## Постановление Президиума Меджлиса Туркменистана

### 103. О переносе девятнадцатой сессии Меджлиса Туркменистана двенадцатого созыва

Президиум Меджлиса Туркменистана **постановляет**:

перенести открытие девятнадцатой сессии Меджлиса Туркменистана двенадцатого созыва на 1 октября 1993 года.

Председатель Меджлиса Туркменистана С.Мурадов.
Город Ашгабат.
9 сентября 1993 г.
№ 852-XII

## Постановление Президиума Меджлиса Туркменистана

### 104. О переименовании Ленинского этрапа города Ашгабата

Учитывая обращения трудовых коллективов, решение актива Ленинского этрапа, а также ходатайство хякимлика города Ашгабата, Президиум Меджлиса Туркменистана **постановляет**:



переименовать Ленинский этрап города Ашгабата, присвоив ему имя Президента Туркменистана С.А.Ниязова, и впредь именовать его: **«Этрап имени Президента Ниязова города Ашгабата».**

Председатель Меджлиса Туркмениста С.МУРАДОВ.

Город Ашгабат.
14 сентября 1993 г.
№ 854-XII



Биринжи бөлүм

# ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ ХАЛК МАСЛАХАТЫНЫҢ КАБУЛ ЭДЕН ДОКУМЕНТЛЕРИ

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ ХАЛК МАСЛАХАТЫНЫҢ ЧӨЗГҮДИ

48 **Мары велаятының Байрамалы этрабының Дүечөкен обасының административ-территориал табынлыгы хакында**

Мары велаятының Байрамалы этрабының **Дайхан гeңешлигиниң Дүечөкен обасыны** шу этрабың **Бейиккөпри геңешлигиниң** административ-территориал табынлыгына гечирмели.

**Түркменистаның Президенти Сапармырат ТҮРКМЕНБАШЫ**

Ашгабат шәхери
1994-нжи йылың 10-нжы майы
ХМ—22

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ ХАЛК МАСЛАХАТЫНЫҢ КАРАРЫ

49 **Түркменистаның 1995-нжи йыл үчин дөвлет бюджети хакында**

Түркменистаның Халк маслахаты **карар эдйәр:**

1. Түркменистаның 1995-нжи йыл үчин Дөвлет бюджетини макулламалы.

2. Гирдежилериң чыкдажылардан 670 миллион манат мөчберинде артмагы билен, 63 миллиард 832 миллион манат мөчберинде гирдежилер ве 63 миллиард 162 миллион манат мөчберинде чыкдажылар боюнча Түркменистаның Дөвлет бюджетини тассыкламалы.

3. Шулары беллемели:

а) илатың хал-ягдайыны ёкарландырмак ве оны социал тайдан горамак билен багланышыклы чыкдажылар үчин бюджетиң умумы чыкдажыларының 60 проценте голайы гөнүкдирилйәр, шолардан:

| | миллион манат |
|---|---|
| харытлар ве хызматлар үчин пес нырхлары сакламага | 10803 |
| социал сфераның объектлерини ве яшайыш жайларыны гурмага | 10700 |

дажылары этмелидирлер.

7. Кварталлайын пайламак билен, хожалык хасабын... министрликлериң, ведомстволарың, кәрханаларың, бирлешиклериң ве гурамаларың гирдежилериниң хем-де чыкдажыларынын йыллык планларына ве оларың ерине етирилиши барадакы хасабатлара гарамагы, шейле хем дөвлет серишделериниң харчланышынын нетижелилигини анализлемеги Түркменистаның Ыкдысадыет ве малие министрлигине табшырмалы.

8. Түркменистаның Министрлер кабинети ыкдысады шертлериң үйтгемегини хасаба алмак билен, Түркменистаның Дөвлет бюжетине зерур такыкламалары гиризмелидир.

**Түркменистаның Президенти Сапармырат ТҮРКМЕНБАШЫ**

Ашгабат шәхери
1994-нжи йылың 26-нжы декабры
КХМ—1

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ ХАЛК МАСЛАХАТЫНЫҢ ЧӨЗГҮДИ

**50 Балкан велаятының Гызыларбат шәхериниң статусыны үйтгетмек хакында**

Түркменистаның Халк маслахаты **карар эдйәр:**

1. Балкан велаятының Гызыларбат этрабының **Гызыларбат шәхерини** этраба деңлешдирилен шәхерлериң категориясына дегишли эдип, онуң озалкы адыны саклап галмалы.

2. Гызыларбат шәхериниң статусының үйтгемеги билен бағланышыклылыкда Гызыларбат шәхер Геңешини ятырмалы. Геңешиң агзаларының ыгтыярларыны болса мөхлетинден өң бес эдилен дийип хасап этмели.

3. Түркменистаның Халк маслахатының 1992-нжи йылың 14-нжи декабрында чыкаран № 6 чөзгүдине шу ашакдакы үйтгетмелери гиризмели:

9-нжы пунктуң үчүнжи абзацында «Гумдаг» диен сөзден соң «Гызыларбат» диен сөзи гошмалы;

10-нжы пунктуң үчүнжи абзацындан «Гызыларбат этрабының Гызыларбат шәхерине» диен сөзлери айырмалы.

**Түркменистаның Президенти Сапармырат ТҮРКМЕНБАШЫ**

Ашгабат шәхери
1994-нжы йылың 26-нжы декабры
ХМ—26

---

## Түркменистаның Меҗлиси тарапындан кабул эдилен карарлар (Биринҗи чагырылыш Түркменистаның Меҗлисиниң биринҗи сессиясы)

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕҖЛИСИНИҢ КАРАРЫ

**51 Түркменистаның Меҗлисиниң Мандат комиссиясыны сайламак хакында**

Түркменистаның Меҗлиси **карар эдйәр:**

1. Түркменистаның Конституциясының 65-нҗи маддасына лайыклыкда Түркменистаның Меҗлисиниң депутатларының сайланылмагының ве ыгтыярлыкларының догрулыгыны тассыкламак үчин Түркменистаның Меҗлисиниң депутатларының 5-синден ыбарат дүзүмде Мандат комиссиясыны сайламалы.

2. Ашакдакылары Мандат комиссиясының дүзүмине сайламалы:

**Комиссияның башлыгы:**

**Бегҗанов** Мырат — Дашховуз велаятының 22-нҗи Тагта сайлав округындан депутат, Дашховуз велаят хәкиминиң орунбасары;

Түркменистаның Харбы доктринасының эсасы дүзгүнлерини ерине етирмеги кепиллендирйәр. Ол БМГ-ның Уставыны, умумылыкда кабул эдилен халкара-хукук нормаларыны ве йөрелгелерини пугта бержай этмәге борчланяр.

Түркменистаның Харбы доктринасының эсасы дүзгүнлери диңе горанмаклыга гөнүкдирилендир. Булар Түркменистаның урушларың ве харбы даваларың өңүни алмак, олары адамзат дурмушындан ёк этмек, эхлумумы ярагсызланмак, харбы блоклары ятырмак максатларына ыгрarлыдыгыны беркидйәр, ынсанперверлик гарайышларыны, демократияны, социал прогреси, эхлумумы ховпсузлыгы ве парахатчылыгы амала ашырмагы газанмак эркини тассыклаяр.

Түркменистаның Ховпсузлык максатнамасының, битарап дөвлет хөкмүнде Түркменистаның Дашары сыясат максатнамасының айрылмаз дүзүм бөлеги болан, Түркменистаның харбы ховпсузлыгыны үпжүн этмегиң ёлларыны ве серишделерини кесгитлейән Түркменистаның Харбы доктринасының эсасы дүзгүнлериниң Түркменистаның дөвлет гурлушының өсүшине, халкара гатнашыкларының тәзе системасының эмеле гелшине гөрә үсти етирилип, олар такыкланылып ве кәмиллешдирилип дурлар».

**Түркменистаның Президенти Сапармырат ТҮРКМЕНБАШЫ**

**Ашгабат ш.**
**1996 й. 27 сентябрь**
**ХМ—32**

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ ХАЛК МАСЛАХАТЫНЫҢ ЧӨЗГҮДИ

### 48 Чәрҗев шәхериниң серхетлерини кадалашдырмак хакында

Лебап велаятының хәкимлигиниң товакганамасыны назара алып, **карар эдйәрин:**

1. Чәрҗев шәхериниң голайында ерлешйән, Фарап этрабының умумы мейданы 112,44 гектар болан ерлерини ве Чәрҗев этрабының умумы мейданы 1063,2 гектар болан ерлерини, шол санда Талханбазар гeңеш-

лигиниң Азатлык хем-де Шатлык ве Бойрабап гeңешлигиниң Ёкаркы Керки шәхерчелерини Чәрҗев шәхериниң чәгине гошмалы.

2. Гурамалара, эдаралара ве кәрханалара беркидилен, Чәрҗев шәхериниң чәгине гиризилен ер участокларыны пейдаланмага олара ыгтыяр бермели.

3. Түркменистаның Ерден пейдаланмак, ер гурлушыгы ве ер реформасыны гечирмек барадакы дөвлет комитети Фарап, Чәрҗев этрапларының ве Чәрҗев шәхериниң хәкимликлери билен билеликде Чәрҗев шәхериниң тәзе чәгини натурада беллемелидир.

4. Түркменистаның Президентиниң 1993 йылың 5 майында чыкаран № 1327 карары билен тассыкланылан Түркменистанда посёлокларың ве геңешликлериң санавының «Лебап велаяты» бөлүмине шу үйтгетмелери гиризмели:

«Чәрҗев шәхери» кичи бөлүмине:

«Азатлык
Шатлык
Ёкаркы Керки» диен сөзлери гошмалы.

«Чәрҗев этрабы» кичи бөлүминден:

«Бойрабап геңешлигинден»

«Ёкаркы Керки»;

«Талханбазар геңешлигинден»

«Азатлык
Шатлык» диен сөзлери айырмалы.

Түркменистаның Президенти Сапармырат ТҮРКМЕНБАШЫ

Ашгабат ш.
1996 й. 27 сентябрь
ХМ—33

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ ХАЛК МАСЛАХАТЫНЫҢ ЧӨЗГҮДИ

### 49 Дашховуз велаятының Дашховуз этрабының Гаракөли геңешлигини дөретмек хакында

Дашховуз этрабының ве Дашховуз велаятының хәкимликлериниң товакганамаларыны назара алып, карар эдйәрин:

1. Дашховуз велаятының Дашховуз этрабының «Гоюндарчылык» дайхан бирлешигиниң эсасында шол бирлешигиң ерлериниң чәклеринде **Гаракөли геңешлигини** дөретмели.

2. Түркменистаның Президентиниң 1993 йылың 5 майында чыкаран № 1327 карары билен тассыкланылан № 3 ве 4 санавлара шу үйтгетмелери гиризмели:

Дөредилен геңешликлериң санавының «Дашховуз велаяты» бөлүминиң «Дашховуз этрабы» кичи бөлүмине: «Гоюндарчылык» дайхан бирлешигиниң пейдаланян ерлериниң чәклеринде Атабент обасында меркези болан Гаракөли геңешлиги» диен сөзлери гошмалы;

Түркменистанда посёлокларың ве геңешликлериң санавының «Дашховуз велаяты» бөлүминиң «Дашховуз этрабы» кичи бөлүмине:

«Гаракөли геңешлиги
Атабент*
Гызылжабурун
Ыслым

Чайырлы
Гылычдамла
Акбашлы
Сөзенли
Ажыгуйы» диен сөзлери гошмалы.

Түркменистаның Президенти Сапармырат ТҮРКМЕНБАШЫ

Ашгабат ш.
1996 й. 27 сентябрь
ХМ—34

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ ХАЛК МАСЛАХАТЫНЫҢ ЧӨЗГҮДИ

### 50 Дашховуз велаятының Губадаг этрабының Диярбекир генешлигини дөретмек хакында

Губадаг этрабының ве Дашховуз велаятының хәкимликлериниң товакганамаларыны назара алып, карар эдйәрин:

1. Дашховуз велаятының Губадаг этрабының «Диярбекир» дайхан бирлешигиниң эсасында шол бирлешигиң ерлериниң чәклеринде **Диярбекир генешлигини** дөретмели.

2. Түркменистаның Президентиниң 1993 йылың 5 майында чыкаран № 1327 карары билен тассыкланылан № 3 ве 4 санавлара шу үйтгетмелери ве гошмачалары гиризмели:

Дөредилен генешликлериң санавының «Дашховуз велаяты» бөлүминиң «Губадаг этрабы» кичи бөлүмине «Диярбекир» дайхан бирлешигинин пейдаланян ерлериниң чәклеринде Диярбекир генешлиги» диен сөзлери гошмалы;

Түркменистанда посёлокларың ве генешликлериң санавының «Дашховуз велаяты» бөлүминиң «Губадаг этрабы» кичи бөлүмине:

«Диярбекир генешлиги
Диярбекир*
Бугдайлы
Агзыбирлик
Гарашсызлык» диен сөзлери гошмалы.

Түркменистаның Президенти Сапармырат ТҮРКМЕНБАШЫ

Ашгабат ш.
1996 й. 27 сентябрь
ХМ—35

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ ХАЛК МАСЛАХАТЫНЫҢ ЧӨЗГҮДИ

### 51 Дашховуз велаятының Йыланлы этрабының «Үчкепдери» генешлигини ятырмак хакында

Дашховуз велаятының Йыланлы этрабының Үчкепдери генешлигиниң сессиясының чөзгүдини назара алып, **карар эдйәрин:**

1. Дашховуз велаятының Йыланлы этрабының **Үчкепдери генешлигини** ятырып, Үчкепдери обасының пейдаланян ерлерини Дашховуз велаятының Йыланлы этрабының Шабат генешлигиниң дүзүмине гошмалы.

2. Түркменистаның Президентиниң 1993 йылың 5 майында чыкаран № 1327 карары билен тассыкланылан № 3 ве 4 санавлара шу үйтгетмелери ве гошмачалары гиризмели:

Дөредилен генешликлериң санавының «Дашховуз велаяты» бөлүминиң «Йыланлы этрабы» кичи бөлүминден он биринжи абзацы айырмалы;

Түркменистанда посёлокларың ве генешликлериң санавының «Дашховуз велаяты» бөлүминиң «Йыланлы этрабы» кичи бөлүминде:

«Үчкепдери генешлиги»

Үчкепдери» диен сөзлери айырмалы;

«Шарлавук» сөзүнден соң «Үчкепдери» диен сөзи гошмалы.

**Түркменистаның Президенти Сапармырат ТҮРКМЕНБАШЫ**

Ашгабат ш.
1996 й. 27 сентябрь
ХМ—36

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ ХАЛК МАСЛАХАТЫНЫҢ ЧӨЗГҮДИ

52 **Дашховуз велаятының Көнеүргенч этрабының Гарагум генешлигини дөретмек хакында**

Көнеүргенч этрабының «Гарагум» дайхан бирлешигиниң коллективиниң йүзтутмасыны, шейле хем Көнеүргенч этрабының ве Дашховуз велаятының хәкимликлериниң товакганамаларыны назара алып, **карар эдйәрин:**

1. Дашховуз велаятының Көнеүргенч этрабының «Гарагум» дайхан бирлешигиниң эсасында шол бирлешигиң ерлериниң чәклеринде **Гарагум генешлигини** дөретмели.

2. Түркменистаның Президентиниң 1993 йылың 5 майында чыкаран № 1327 карары билен тассыкланылан № 3 ве 4 санавлара шу үйтгетмелери гиризмели:

Дөредилен генешликлериң санавының «Дашховуз велаяты» бөлүминиң «Көнеүргенч» кичи бөлүмине: «Гарагум» дайхан бирлешигиниң пейдаланян ерлериниң чәклеринде Гарагум обасында меркези болан Гарагум генешлиги» диен сөзлери гошмалы;

Түркменистанда посёлокларың ве генешликлериң санавының «Дашховуз велаяты» бөлүминиң «Көнеүргенч этрабы» кичи бөлүмине:

«Гарагум» генешлиги
Гарагум*
Шасенем
Тәзеер
Бугдайлы
Гәверсгыр» диен сөзлери гошмалы.

**Түркменистаның Президенти Сапармырат ТҮРКМЕНБАШЫ**

Ашгабат ш.
1996 й. 27 сентябрь
ХМ—37

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ ХАЛК МАСЛАХАТЫНЫҢ ЧӨЗГҮДИ

53 **Дашховуз велаятының Көнеүргенч этрабының Гарашсызлык геңешини дөретмек хакында**

Көнеүргенч этрабының «Гарашсызлык» дайхан бирлешигиниң коллективиниң ислег-арзувларыны, шейле хем Көнеүргенч этрабының ве Дашховуз велаятының хәкимликлериниң товакганамаларыны назара алып, карар эдйәрин:

1. Дашховуз велаятының Көнеүргенч этрабының «Гарашсызлык» дайхан бирлешигиниң эсасында шол бирлешигиң ерлериниң чәклеринде **Гарашсызлык геңешлигини** дөретмели.

2. Түркменистаның Президентиниң 1993 йылың 5 майында чыкаран № 1327 карары билен тассыкланылан № 3 ве 4 санавлара шу үйтгетмелери гиризмели:

Дөредилен геңешликлериң санавының «Дашховуз велаяты» бөлүминиң «Көнеүргенч этрабы» кичи бөлүмине: «Гарашсызлык» дайхан бирлешигиниң пейдаланян ерлериниң чәклеринде Гарашсызлык обасында меркези болан Гарашсызлык геңешлиги» диен сөзлери гошмалы;

Түркменистаның посёлокларының ве геңешликлериниң санавының «Дашховуз велаяты» бөлүминиң «Көнеүргенч этрабы» кичи бөлүмине:

Гарашсызлык геңешлиги

Гарашсызлык*» диен сөзлери гошмалы.

**Түркменистаның Президенти** **Сапармырат ТҮРКМЕНБАШЫ**

**Ашгабат ш.**
**1996 й. 27 сентябрь**
ХМ—38

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕҖЛИСИ ТАРАПЫНДАН КАБУЛ ЭДИЛЕН КАНУНЛАР ВЕ КАРАРЛАР

(Түркменистаның Меҗлисиниң биринҗи чагырылышының единҗи маслахаты, 1996 йылың 23 ве 27 сентябры)

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕҖЛИСИНИҢ КАРАРЫ

54 **Түркменистаның Президенти С. А. Ныязовы (Сапармырат Түркменбашыны) Түркменистаның «Ватана болан сөйгүси**

«Дөвлет пенсиялары хакында» Түркменистаның Кануның тасламасы;
«Ругсатлар хакында» Түркменистаның Кануның тасламасы;
«Хайванат дүнйәсини горамак ве режели пейдаланмак хакында» Түркменистаның Кануның тасламасы;
«Бостунлар хакында» Түркменистаның Кануның тасламасы.
Дүрли меселелер.

Түркменистаның Межлисиниң Башлыгы С. МЫРАДОВ

Ашгабат шәхери
1997 йылың 22 майы
№ 219—I.

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕЖЛИСИНИҢ ПРЕЗИДИУМЫНЫҢ КАРАРЫ

### 30 Красноводск айлагының адыны үйтгетмек хакында

Каспводбионадзор коллективиниң йүзленмесини, Түркменистаның Тебигатдан пейдаланмак ве төверекдәки средааны горамак министрлигиниң, Балкан велаятының, Түркменбашы шәхериниң ве этрабының хәкимликлериниң товакталарыны гөз өңүнде тутуп, Түркменистаның Межлисиниң Президиумы **карар эдйәр:**

Красноводск айлагының адыны үйтгедип, оңа Түркменистаның биринжи Президенти Сапармырат Түркменбашының адыны дакмалы ве мундан бейләк «Түркменбашы айлагы» дийип атландырмалы.

Түркменистаның Межлисиниң Башлыгы С. МЫРАДОВ

Ашгабат шәхери
1997 йылың 11 июны
№ 220—I.

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ ХАЛК МАСЛАХАТЫНЫҢ ЧӨЗГҮДИ

**68 Лебап велаятының Керки шәхериниң ве Керки этрабының адыны үйтгетмек хакында**

Түркмен халкының асырларың жүммүшинден гөзбашыны алян милли дәплерини тәзеден дикелтмек, яш несилде ата-бабаларымызың шөхратлы тарыхына сөйгини ве сарпа гоймагы тербиелемек, шейле хем Керки этрабының ве Лебап велаятының зәхметкешлериниң йүзтутмаларыны ве хәкимликлериниң товакганамаларыны назара алып, Түркменистаның Халк Маслахаты карар эдйәр:

1. Лебап велаятында:

Керки шәхериниң адыны үйтгедип, оңа Атамырат адыны дакмалы ве мундан бейләк оны Лебап велаятының **Атамырат шәхери** дийип атландырмалы;

Керки этрабының адыны үйтгедип, оңа Атамырат адыны дакмалы ве мундан бейләк оны Лебап велаятының **Атамырат этрабы** дийип атландырмалы.

2. Түркменистаның Президентиниң 1993 йылың 5 майында чыкаран № 1327 карарына гошундылара дегишли үйтгетмелери гиризмели.

**Түркменистаның Президенти Сапармырат ТҮРКМЕНБАШЫ**

Ашгабат шәхери.
1999 йылың 29 декабры
ХМ — 60.

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ ХАЛК МАСЛАХАТЫНЫҢ ЧӨЗГҮДИ

**69 Лебап велаятының Чаршаңңы этрабының адыны үйтгетмек хакында**

Түркмен халкының асырларың жүммүшинден гөзбашыны алян милли дәплерини тәзеден дикелтмек, яш несилде ата-бабаларымызың шөхратлы тарыхына сөйгини ве сарпа гоймагы тербиелемек, шейле хем Чаршаңңы этрабының ве Лебап велаятының зәхметкешлериниң йүзтутмаларыны ве хәкимликлериниң товакганамаларыны назара алып, Түркменистаның Халк Маслахаты **карар эдйәр:**

1. Лебап велаятында:

Чаршаңңы этрабының адыны үйтгедип, оңа Көйтендаг адыны дакмалы ве мундан бейләк оны Лебап велаятының **Көйтендаг этрабы** дийип атландырмалы.

Чаршаңңы шәхерчесиниң адыны үйтгедип, оңа Көйтендаг адыны дакмалы ве мундан бейләк оны Лебап велаятының **Көйтендаг шәхерчеси** дийип атландырмалы.

2. Түркменистаның Президентиниң 1993 йылың 5 майында чыкаран № 1327 карарына гошундылара дегишли үйтгетмелери гиризмели.

**Түркменистаның Президенти Сапармырат ТҮРКМЕНБАШЫ**

Ашгабат шәхери.
1999 йылың 29 декабры
ХМ — 61.

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ ХАЛК МАСЛАХАТЫНЫҢ ЧӨЗГҮДИ

70 **Балкан велаятының Гызыларбат шәхериниң ве Гызыларбат этрабының адыны үйтгетмек хакында**

Түркмен халкының асырларың жуммушинден гөзбашыны алян миллидәплерини тәзеден дикелтмек, яш несилде ата-бабаларымызың шөхратлы тарыхына сөйгини ве сарпа гоймагы тербиелемек, шейле хем Гызыларбат шәхериниң, Гызыларбат этрабының ве Балкан велаятының зәхметкешлериниң йүзтутмаларыны ве хәкимликлериниң товакганамаларыны назара алып, Түркменистаның Халк Маслахаты **карар эдйәр:**

1. Балкан велаятында:

Гызыларбат шәхериниң адыны үйтгедип, оңа Сердар адыны дакмалы ве мундан бейләк оны Балкан велаятының **Сердар шәхери** дийип атландырмалы;

Гызыларбат этрабының адыны үйтгедип, оңа Сердар адыны дакмалы ве мундан бейләк оны Балкан велаятының **Сердар этрабы** дийип атландырмалы.

2. Түркменистаның Президентиниң 1993 йылың 5 майында чыкаран № 1327 карарына гошундылара дегишли үйтгетмелери гиризмели.

**Түркменистаның Президенти Сапармырат ТҮРКМЕНБАШЫ**

Ашгабат шәхери.
1999 йылың 29 декабры
ХМ — 62.

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ ХАЛК МАСЛАХАТЫНЫҢ ЧӨЗГҮДИ

71 **Балкан велаятының Гызылетрек шәхериниң ве Гызылетрек этрабының адыны үйтгетмек хакында**

Түркмен халкының асырларың жуммушинден гөзбашыны алян милли дәплерини тәзеден дикелтмек, яш несилде ата-бабаларымызың шөхратлы тарыхына сөйгини ве сарпа гоймагы тербиелемек, шейле хем Гызылетрек этрабының ве Балкан велаятының зәхметкешлериниң йүзтутмаларыны ве хәкимликлериниң товакганамаларыны назара алып, Түркменистаның Халк Маслахаты **карар эдйәр:**

1. Балкан велаятында:

Гызылетрек шәхериниң адыны үйтгедип, оңа Этрек адыны дакмалы ве мундан бейләк оны Балкан велаятының **Этрек шәхери** дийип атландырмалы;

Гызылетрек этрабының адыны үйтгедип, оңа Этрек адыны дакмалы ве мундан бейләк оны Балкан велаятының **Этрек этрабы** дийип атландырмалы.

2. Түркменистаның Президентиниң 1993 йылың 5 майында чыкаран № 1327 карарына гошундылара дегишли үйтгетмелери гиризмели.

**Түркменистаның Президенти Сапармырат ТҮРКМЕНБАШЫ**

Ашгабат шәхери.
1999 йылың 29 декабры
ХМ — 63.

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ ХАЛК МАСЛАХАТЫНЫҢ ЧӨЗГҮДИ

**72 Балкан велаятының Челекен шәхериниң адыны үйтгетмек хакында**

Түркмен халкының асырларың жүммүшинден гөзбашыны алян милли дәплерини тәзеден дикелтмек, яш несилде ата-бабаларымызың шөхратлы тарыхына сөйгини ве сарпа гоймагы тербиелемек, шейле хем Челекен шәхериниң ве Балкан велаятының зәхметкешлериниң йүзтутмаларыны ве хәкимликлериниң товакганамаларыны назара алып, Түркменистаның Халк Маслахаты **карар эдйәр:**

1. Балкан велаятының Челекен шәхериниң адыны үйтгедип, оңа Хазар адыны дакмалы ве мундан бейләк оны Балкан велаятының Хазар шәхери дийип атландырмалы.

2. Түркменистаның Президентиниң 1993 йылың 5 майында чыкаран № 1327 карарына № 4 гошунда дегишли үйтгетмелери гиризмели.

**Түркменистаның Президенти Сапармырат ТҮРКМЕНБАШЫ**

Ашгабат шәхери.
1999 йылың 29 декабры
ХМ — 64.

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ ХАЛК МАСЛАХАТЫНЫҢ ЧӨЗГҮДИ

**73 Балкан велаятының Небитдаг шәхериниң адыны үйтгетмек хакында**

Түркмен халкының асырларың жүммүшинден гөзбашыны алян милли дәплерини тәзеден дикелтмек, яш несилде ата-бабаларымызың шөхратлы тарыхына сөйгини ве сарпа гоймагы тербиелемек, шейле хем Небитдаг шәхериниң ве Балкан велаятының зәхметкешлериниң йүзтутмаларыны ве хәкимликлериниң товакганамаларыны назара алып, Түркменистаның Халк Маслахаты **карар эдйәр:**

1. Балкан велаятының Небитдаг шәхериниң адыны үйтгедип, оңа Балканабат адыны дакмалы ве мундан бейләк оны Балкан велаятының **Балканабат шәхери** дийип атландырмалы.

2. Түркменистаның Президентиниң 1993 йылың 5 майында чыкаран № 1327 карарына № 4 гошунда дегишли үйтгетмелери гиризмели.

**Түркменистаның Президенти Сапармырат ТҮРКМЕНБАШЫ**

Ашгабат шәхери.
1999 йылың 29 декабры
ХМ — 65.

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ ХАЛК МАСЛАХАТЫНЫҢ ЧӨЗГҮДИ

**74 Балкан велаятының Газанжык шәхериниң ве Газанжык этрабының адыны үйтгетмек хакында**

Түркмен халкының асырларың жүммүшинден гөзбашыны алян милли дәплерини тәзеден дикелтмек, яш несилде ата-бабаларымызың шөхратлы тарыхына сөйгини ве сарпа гоймагы тербиелемек, шейле хем Газанжык этрабының ве Балкан велаятының зәхметкешлериниң йүзтутмаларыны ве хәкимликлериниң товакганамаларыны назара алып, Түркменистаның Халк Маслахаты **карар эдйәр:**

1. Балкан велаятында:

Газанжык шәхериниң адыны үйтгедип, оңа Берекет адыны дакмалы ве мундан бейләк оны Балкан велаятының Берекет шәхери дийип атландырмалы;

Газанжык этрабының адыны үйтгедип, оңа Берекет адыны дакмалы ве мундан бейләк оны Балкан велаятының Берекет этрабы дийип атландырмалы.

2. Түркменистаның Президентиниң 1993 йылың 5 майында чыкаран № 1327 карарына гошундылара дегишли үйтгетмелери гиризмели.

**Түркменистаның Президенти Сапармырат ТҮРКМЕНБАШЫ**

Ашгабат шәхери.
1999 йылың 29 декабры
ХМ — 66.

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ ХАЛК МАСЛАХАТЫНЫҢ ЧӨЗГҮДИ

**75 Мары велаятының Гушгы шәхериниң ве Гушгы этрабының адыны үйтгетмек хакында**

Түркмен халкының асырларың жүммүшинден гөзбашыны алян милли дәплерини тәзеден дикелтмек, яш несилде ата-бабаларымызың шөхратлы тарыхына сөйгини ве сарпа гоймагы тербиелемек, шейле хем Гушгы этрабының ве Мары велаятының зәхметкешлериниң йүзтутмаларыны ве хәкимликлериниң товакганамаларыны назара алып, Түркменистаның Халк Маслахаты **карар эдйәр:**

1. Мары велаятында:

Гушгы шәхериниң адыны үйтгедип, оңа Серхетабат адыны дакмалы ве мундан бейләк оны Мары велаятының **Серхетабат шәхери** дийип атландырмалы;

Гушгы этрабының адыны үйтгедип, она Серхетабат адыны дакмалы ве мундан бейләк оны Мары велаятының **Серхетабат этрабы** дийип атландырмалы.

2. Түркменистаның Президентиниң 1993 йылың 5 майында чыкаран № 1327 карарына гошундылара дегишли үйтгетмелери гиризмели.

**Түркменистаның Президенти Сапармырат ТҮРКМЕНБАШЫ**

Ашгабат шәхери.
1999 йылың 29 декабры
ХМ — 67.

---

## ТҮРКМЕНИСТАНЫҢ МЕЖЛИСИНИҢ КАРАРЫ

**Түркменистаның Межлисиниң (Парламентиниң) кабул эден канунлары ве карарлары (Түркменистаның Межлисиниң икинжи чагырылышының 1999 йылың 27, 28 декабрында ве 2000 йылың 7 январында болуп гечен биринжи маслахаты)**

**76 Түркменистаның Межлисиниң Мандат комиссиясыны сайламак хакында**

Түркменистаның Конституциясының 65-нжи маддасына лайыклыкда Түркменистаның Межлиси **карар эдйәр:**

# TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ KARARY

## 2. Lebap welaýatynda atlary üýtgetmek hakynda

Türkmen halkynyň gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan milli däplerini täzeden durmuşa ornaşdyrmak, ýaş nesli ata-babalarymyzyň şöhratly taryhyna söýgi hem-de hormat goýmak ruhunda terbiýelemek maksady bilen, şeýle hem Cärjew, Boýnyuzyn we Dänew etraplarynyň hem-de Lebap welaýatynyň zähmetkeşleriniň ýüztutmalaryny we häkimlikleriniň towakganamalaryny nazara alyp, Halk Maslahaty **karar edýär;**

1. Lebap welaýatynda:

Cärjew etrabynyň adyny üýtgedip, oňa Serdarabat adyny dakmaly hem-de mundan beýläk ony Lebap welaýatynyň Serdarabat etraby diýip atlandyrmaly;

Boýnyuzyn etrabynyň adyny üýtgedip, oňa Garaşsyzlyk adyny dakmaly hem-de mundan beýläk ony Lebap welaýatynyň Garaşsyzlyk etraby diýip atlandyrmaly;

Dänew etrabynyň adyny üýtgedip, oňa Galkynyş adyny dakmaly hem-de mundan beýlak ony Lebap welaýatynyň Galkynyş etraby diýip atlandyrmaly;

Dänew şäherçesiniň adyny üýtgedip, oňa Galkynyş adyny dakmaly hem-de mundan beýläk ony Lebap welaýatynyň Galkynyş etrabynyň Galkynyş şäherçesi diýip atlandyrmaly.

2. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň 5-nji maýynda çykaran № 1327 kararyna goşunda degişli üýtgetmeleri girizmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Saparmyrat Türkmenbaşy**

*Aşgabat ş.*
*2001 ýylyň. 18 fewraly.*
*XM-69*

## 37. Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherinde Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow we Türkmenistanyň Gahrymany Gurbansoltan eje etraplaryny döretmek hakynda

Beýik Garaşsyzlygymyzyň ýyllary içinde gadymy Oguz derýasynyň çep kenaryny eteklläp oturan Türkmenabat şäheri batly depginler bilen ösdi. Dokma, ýeňil, himiýa, demir işläp bejermek, gurluşyk serişdeleri senagatynyň ösmegi, iň ýokary amatlyklary bolan jaýlaryň, seýilgähleriň, bilim we saglygy goraýyş edaralarynyň bina edilmegi Türkmenabat şäherini gün-günden rowaçlanyp, özüniň altyn asyryna gadam basan ata Watanymyzyň ykdysady we medeni ojaklarynyň birine öwürdi. Şäherde häzirkizaman senagatynyň döremegi netijesinde onuň meýdany giňäp, ilaty 230 müň adama ýetdi. "Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgertmeleriniň 2010-njy ýyla çenli döwür üçin baş ugry" Milli maksatnamamyza laýyklykda Lebap welaýatynda zawod-fabrikleriň onlarçasy gurlar hem-de welaýatda senagat we oba hojalyk önümçiligi 2010-njy ýylda 5 trillion manatlyga barabar bolar. Munuň üçin bolsa Lebap welaýatynda we onuň merkezi Türkmenabat şäherinde 315 müňden gowrak goşmaça iş orunlaryny döretmek zerurdyr.

"Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgertmeleriniň 2010-njy ýyla çenli döwür üçin baş ugry" Milli maksatnamamyzda Lebap welaýatyny has-da ösdürmek baradaky meýillerimizi, Türkmenabat şäherinde ykdysadyýetiň we şäheriň ilatynyň çalt ösýändigini nazara alyp, şeýle hem baky bitarap Türkmenistan döwletimiziň ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Kyblasy, türkmen halkymyzyň kalbynda mertligiň we gahrymançylygyň nyşanyna öwrülen Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazowyň we mähriban Serdarymyzyň eziz Käbesi, agzybir halkymyzyň aňynda halallygyň, wepalylygyň, mähremligiň, mukaddesligi ynanjyna öwrülen milli Enemiz Türkmenistanyň Gahrymany Gurbansoltan ejäniň mähriban hatyrasyny tutmak we ebedileşdirmek barada ýurdumyzyň Umumymilli "Galkynyş" hereketine girýän jemgyýetçilik guramalarynyň towakganamalaryny hem-de Lebap welaýatynyň we Türkmenabat şäheriniň ähli ilatynyň isleg-arzuwlaryny göz öňünde tutup, Türkmenistanyň Halk maslahaty **karar edýär:**

1. Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherinde täze etraplary döretmeli we olary Türkmenabat şäheriniň Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow etraby;

Türkmenabat şäheriniň Türkmenistanyň Gahrymany Gurbansoltan eje etraby diýip atlandyrmaly.

2. Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň Ýer serişdeleri gullugy Türkmenabat şäheriniň täze döredilen etraplarynyň edara ediş serhetlerini ýerinde bellemek we olary teswirlemek baradaky işleri Lebap welaýatynyň hem-de Türkmenabat şäheriniň häkimlikleri bilen bilelikde ýerine ýetirmeli.

3. Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligi Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheriniň Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow etrabynda

we Türkmenistanyň Gahrymany Gurbansoltan eje etrabynda döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralaryny saklamak üçin zerur maliýe serişdeleriniň berilmegini Türkmenistanyň Döwlet býujetinde göz öňünde tutmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Saparmyrat Türkmenbaşy**

*Aşgabat şäheri.*
*2002 ýylyň Alp Arslan aýynyň 9-y.*
*№ HM-74*

---

## TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ ÇÖZGÜDI

### 38. Käbir ilatly ýerleri Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheriniň edara ediş tabynlygyna bermek hakynda

Ykdysady taýdan maksada laýyklygy gazanmak, Lebap welaýatyny durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegi dolandyrmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak, goşmaça iş orunlaryny döretmek maksady bilen, şeýle hem Türkmenabat şäheriniň we Lebap welaýatynyň zähmetkeşleriniň arzuw-isleglerini we häkimlikleriniň towakganamalaryny nazara alyp, Halk maslahaty **karar edýär:**

1. Garajaköl obasyny Lebap welaýatynyň Serdarabat etrabynyň Boýrabap geňeşliginiň edara ediş tabynlygyndan aýryp, ony Türkmenabat şähereniň edara ediş tabynlygyna bermeli;

Dostluk obasyny Lebap welaýatynyň Serdarabat etrabynyň Talhanbazar geňeşliginiň edara ediş tabynlygyndan aýryp, ony Türkmenabat şäheriniň edara ediş tabynlygyna bermeli.

2. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň 5-nji maýynda çykaran № 1327 karary bilen tassyklanylan, Türkmenistanda posýoloklaryň we geňeşlikleriň sanawyna degişli üýtgetmeleri girizmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Saparmyrat Türkmenbaşy**

*Aşgabat şäheri.*
*2002 ýylyň Alp Arslan aýynyň 9-y.*
*№ HM-75*

---

# TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ ÇÖZGÜDI

## 39. Lebap welaýatynyň Gowurdak şäheriniň adyny üýtgedip, oňa Magdanly adyny dakmak hem-de käbir geňeşlikleri we ýerleri onuň düzümine bermek hakynda

Senagaty ösdürmek, baý magdan-çig mal gorlaryny, oba hojalyk maksatly ýerleri rejeli peýdalanmak, olary ulanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen, şeýle hem ýerleşýän ýerini we Lebap welaýatynyň ilatynyň islegini hem-de häkimliginiň towakganamasyny nazara alyp, Halk maslahaty **karar edýär :**

1. Lebap welaýatynyň Gowurdak şäheriniň adyny üýtgedip, oňa Magdanly adyny dakmaly we mundan beýläk ony Lebap welaýatynyň Magdanly şäheri diýip atlandyrmaly.

2. Serdarabat etrabynyň Çärjew geňeşligini, Sakar etrabynyň Ýürekdepe geňeşligini şol etraplaryň düzüminden çykaryp, Lebap welaýatynyň Magdanly şäheriniň düzümine bermeli.

3. Lebap welaýatynyň Magdanly şäherine degişli ýerleriň çäklerine üýtgetmeler girizip, Serdarabat etrabynyň "Çärjew" we Sakar etrabynyň "Sakar" daýhan birleşikleriniň ýerlerini, şeýle hem Köýtendag etrabynyň S.A.Nyýazow adyndaky we "Azatlyk" daýhan birleşikleriniň öri meýdanlaryny goşunda laýyklykda onuň düzümine bermeli.

4. Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugy Lebap welaýatynyň häkimliginiň ýüztutmasy boýunça Magdanly şäheriniň we Köýtendag etrabynyň ýerleriniň çäklerini ýerinde bellemek hem-de teswirlemek işlerini ýerine ýetirmeli.

5. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň 5-nji maýynda çykaran № 1327 karary bilen tassyklanylan, Türkmenistanda posýoloklaryň we geňeşlikleriň sanawyna degişli üýtgetmeleri girizmeli.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Saparmyrat Türkmenbaşy** |

*Aşgabat şäheri.*
*2002 ýylyň Alp Arslan aýynyň 9-y.*
*№ HM-76*

Türkmenistanyň Halk maslahatynyň
2002-nji ýylyň 9 awgustynda
çykaran № HM-76 çözgüdine
goşundy

**Lebap welaýatynyň Magdanly şäheriniň peýdalanýan
we onuň düzümine berilýän ýerleriň
SANAWY**

| Ýerden peýdalanyjylaryň ady | Peýdalanýan ýerleri, ga. | Berilýän ýerler, ga. |
|---|---|---|
| Köýtendag etrabynyň ýerlerinden - hemmesi | | 31160 |
| şol sanda: "Azatlyk" daýhan birleşiginiň ýerleri | | 10200 |
| S.A.Nyýazow adyndaky daýhan birleşiginiň ýerleri | | 7800 |
| ätiýaçlyk gorundaky ýerler | | 13160 |
| Serdarabat etrabynyň "Çärjew" daýhan birleşiginiň ýerleri | | 10877 |
| Sakar etrabynyň "Sakar" daýhan birleşiginiň ýerleri | | 8869 |
| Magdanly şäheriniň ýerleri | 13380 | |
| Jemi: | 13380 | 50906 |
| **Hemmesi:** | **64286** | |

## TÜRKMENISTANYÑ HALK MASLAHATYNYÑ ÇÖZGÜDI

### 40. Balkan welaýatynyñ Türkmenbaşy etrabynyñ Bekdaş posýologynyñ adyny üýtgedip oña Garabogaz adyny dakmak we şäher derejesini bermek hakynda

Senagaty ösdürmek, himiki çig-mal baýlyklaryny rejeli peýdalanmak, Balkan welaýatynyñ durmuş-ykdysady ösüşini dolandyrmakda netijeliligi ýokarlandyrmak, goşmaça iş orunlaryny döretmek maksady bilen, şeýle hem ýerleşýän ýerini we Balkan welaýatynyñ ilatynyñ islegini hem-de häkimliginiñ towakganamasyny nazara alyp, Halk maslahaty **karar edýär:**

1. Balkan welaýatynyñ Türkmenbaşy etrabynyñ Bekdaş posýolygynyñ adyny üýtgedip, oña Garabogaz adyny dakmaly we şäher derejesini berip, mundan beýläk ony Balkan welaýatynyñ Garabogaz şäheri diýip atlandyrmaly.

2. Türkmenistanyñ Prezidentiniñ 1993-nji ýylyñ 5-nji maýynda çykaran № 1327 karary bilen tassyklanylan, Türkmenistanda posýoloklaryñ we geñeşlikleriñ sanawyna degişli üýtgetmeleri girizmeli.

**Türkmenistanyñ Prezidenti** — **Saparmyrat Türkmenbaşy**

*Aşgabat şäheri.*
*2002 ýylyñ Alp Arslan aýynyñ 9-y.*
*№ HM-77*

* * *

## TÜRKMENISTANYÑ HALK MASLAHATYNYÑ ÇÖZGÜDI

### 41. Türkmenistanyñ sudlarynyñ we sudlarynyñ sudýalarynyñ adyny üýtgetmek hakynda

Türkmen halkynyñ asyrlaryñ jümmüşinden gözbaş alýan milli däplerini täzeden durmuşa ornaşdyrmak, ýaş nesli ata-babalarymyzyñ şöhratly taryhyna söýgi we sarpa goýmak ruhunda terbiýelemek, şeýle hem Türkmenistanyñ sudlarynyñ we sudlarynyñ sudýalarynyñ atlaryny täze zamananyñ talaplaryna laýyklamak hem-de olarda türkmen halkynyñ milli diliniñ egsilmez öwüşgin baýlygyny beýan etmek maksady bilen,

Federasiýasynyň ara...
ýylyň Gurbansoltan aýynyň 10-ynda Teswirnama gol çekilmegi mynasybetli, Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

Iki raýatlyk meselelerini düzgünleşdirmek barada Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasyndaky 1993-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 23-inde Aşgabat şäherinde gol çekilen we 1993-nji ýylyň Bitaraplyk aýynyň 28-inde Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan tassyklanylan Ylalaşygyň güýjüni ýatyrmaly.

**Türkmenistanyň
Mejlisiniň Başlygy** **Ö.Ataýew**

*Aşgabat şäheri.*
*2003-nji ýylyň Gurbansoltan aýynyň 22-si.*
*№ 179-II.*

---

## TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

### 8. Lebap welaýatynyň Saparmyrat Nyýazow adyndaky etrabynyň adyny üýtgetmek hakynda

Türkmen halkymyz müňýyllyklaryň dowamynda özüniň kyn gününde goltgy berip, aladasyny edýän, şatlygyny goşalandyryp, arzuwlaryna ýetirýän, pähim-paýhasy bilen milletiniň mertebesini beýgeldýän mert ogullaryna onuň asly adyndan başgada, kalbyndan çykaryp, il-gün, ata Watan, ene toprak üçin edýän beýik işlerini

şöhlelendirýän at dakypdyr. Şol Beýik ogullaryň bitiren işleri hem hut şol At bilen hakydada galyp, müňýyllyklaryň jümmüşinden şu günlere gelip ýetip, bütin dünýäni haýran galdyrýar, nesillerimiziň ýüreklerinde buýsanç döredýär.

Türkmenleriň milli ruhuny, olaryň şan-şöhratyny täzeden dikelden we Altyn asyra giň ýol açan Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan döwletiniň ilkinji hem-de ömürlik Prezidenti Saparmyrat Nyýazowyň ady türkmen halkynyň aňyna, taryhyna müdimilik girdi. Ýagşynyň gadryny bilmegi başarýan halkymyz ýüzlerçe ýyllap dowam eden sussupeslikden rüstem çykyp, dagynyk milletiň başyny jemläp bilen şeýle mert Ogluna ýürek minnetdarlyklaryny bildirip, şeýle hem ýaş döwletimiziň baky berkararlygy üçin ruhy joşgun bilen çekýän zähmetleriniň getirýän bagtly günlerini şol Ogly bilen baglanyşdyrmak maksady bilen, öz ýaşaýan, zähmet çekýän etraplaryna, şäherlerine Saparmyrat Nyýazow diýip at dakdylar, şol Ada mynasyp zähmet çekdiler.

Bu günki gün mähriban Prezidentimiziň ynsanperwerlige, sahawatlylyga, ata Watana wepalylyga ýugrulan, iň belent maksady adam hakdaky alada bolan adalat jemgyýetini gurmaklyga gönükdirilen egsilmez hyjuwy, bu ugurda gijesini gündiz edip çekýän ýadawsyz zähmeti öz ajaýyp netijelerini berdi we berýär. Özüniň hiç kimiňkä meňzemeýän öňdengörüjiligi, parasatlylygy, edermenligi bilen halkymyza Beýik Garaşsyzlygymyzy alyp beren we berkarar döwlet guran eziz Serdarymyz ýurdumyzda täze-täze özgertmeleri, milletimiziň şöhratyna şöhrat goşýan beýik işleri amala aşyrýar. Mähriban Prezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ýazan mukaddes Ruhnamasy bolsa türkmen halkymyzyň ömür kitabyna, ykbal kitabyna we Altyn asyrymyzda erkana, bagtyýar durmuşda ýaşamagyň şamçyragyna öwrüldi. Mukaddes Ruhnamanyň täsiri bilen jemgyýetimizde aň täzelenişi güýçli depginde barýar, ýagny halkymyz öz aslyna barha çuňňur göz ýetirýär, raýatlaryň her birinde päk niýet bilen çekilýän arassa zähmetiň gudratyna, şonuň netijesinde hem ertirki günlerimiziň has-da nurana, bagtyýar boljakdygyna ynam döreýär.

Prezidentimiziň iňňän oýlanyşykly alyp barýan içeri we daşary syýasatynyň netijesinde Türkmenistan dünýä bileleşiginde öz mynasyp ornuny tapdy. Beýik Serdarymyzyň hut özüniň işläp düzen Bitaraplyk taglymatynyň Birleşen Milletler Guramasyna girýän 185 döwlet tarapyndan ykrar edilmegi türkmen halkymyza bütindünýä hormatyny getirdi. Baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşyny dünýä bileleşigi zamananyň ajaýyp taryhy şahsyýetleriniň we syýasatçylarynyň biri hökmünde ykrar etdi. Halkymyz bolsa eziz Serdarymyzy milletiň täze — Altyn eýýamyny gurujy we belent derejelere ýetiriji diýip bilýär.

Türkmen özüniň şeýle bagtyýar durmuşynyň, beýik halkara abraýynyň eziz Serdarymyzyň il-günümiziň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak baradaky egsilmeýän-gowzamaýan päk arzuwlarynyň, ýadawsyz zähmetiniň netijesidigini göz öňünde tutup, onuň belent ruhuna laýyk gelýän Beýik Türkmenbaşy adyny-türkmen halkymyzyň müňýyllyklara uzap gitjek şöhratly taryhyna ömürlik girjek mynasyp adyny dakdy.

Bu il-günüň öz Serdaryna bolan minnetdarlygynyň artyşyny şöhlenendirýän taryhy zerurlykdyr, il-günüň ýürekden çykaryp dakan adynyň bolsa taryhda müdimilik galýandygy adamzat hakydasynyň üýtgewsiz tebigy aýratynlygydyr.

Berkarar döwletimiziň päk ýürekli raýatlarynyň öz Serdaryna garaýşyndaky bolup geçen şu ösüşleri añlatmak, Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň ilkinji we ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň häzirki zamanyň görnükli syýasy we döwlet işgäri hökmündäki taryhy ornuny hem-de Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň ata Watanyň hatyrasyna öz halkynyň eşreti üçin jan aýamazdan çekýän abyrsyz zähmetine il-günüň goýýan sarpasynyň belentdigini geljekki nesillerimize mynasyp derejede ýetirmek maksady bilen, şeýle hem Lebap welaýat häkimliginiň we Lebap welaýatynyň Saparmyrat Nyýazow adyndaky etrabynyň ýaşaýjylarynyň haýyşnamalaryny nazara alyp,

Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

Lebap welaýatynyň Saparmyrat Nyýazow adyndaky etrabynyň adyny üýtgedip, oňa Beýik Türkmenbaşy adyny dakmaly we mundan beýläk ony Lebap welaýatynyň Beýik Türkmenbaşy adyndaky etraby diýip atlandyrmaly.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **Ö.Ataýew**

*Aşgabat şäheri.*
*2003-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 23-i.*
*№ 180-II*

çig mal biržasy we Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy şu kararyň 1-nji bölüminde görkezilen goşmaça ylalaşygy durmuşa geçirmek üçin ähli zerur namalary resmileşdirmeli.

5. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary R. Atayew gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşy**

*Aşgabat ş., 2003 - ý. Garaşsyzlyk aýynyň 20-si*
*№ - 6432*

*****

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARY

### 430 Aşgabat şäherinde dokma toplumyny gurmak hakynda

«Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasynda öňde goýlan wezipeleri durmuşa geçirmek hem-de dokma pudagyny has-da ösdürmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Aşgabat şäherinde birinji nobatdakysynyň kuwwaty ýylda 4,9 müň tonna boýalan sütükli mata we 19,0 mln. sany sütükli taýýar önümler we ikinji nobatdakysynyň kuwwaty ýylda 39,0 mln. inedördül metr agardylmadyk nah mata, 68,0 mln. inedördül metr boýalan nah mata we 19,7 mln sany taýýar tikin önümleri bolan dokma toplumyny gurmak barada Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň «Folkestone Holdiňs» firmasy (Britaniýanyň Wirgin Adalary) bilen bilelikde işläp taýýarlan maýa goýum taslamasyny tassyklamaly.

2. Aşgabat şäherinde dokma toplumyny gurmak hem-de maliýeleşdirmek üçin «Folkestone Holdiňs» firmasy (Britaniýanyň Wirgin Adalary) bilen paýdarlar jemgyýetini döretmäge Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrligine ygtyýar bermeli, şunda:

Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň paýyny - ýüzden 69;

«Folkestone Holdiňs» firmasynyňkyny (Britaniýanyň Wirgin Adalary) - ýüzden 31 möçberlerde kesgitlemeli.

3. Aşgabat şäherinde dokma toplumyny ulanmaga doly taýýar edip gurmak, şol sanda meýdançadan daşary inžener ulgamlaryny gurmak barada «Folkestone Holdiňs» firmasy (Britaniýanyň Wirgin Adalary) bilen bahasy 178,5 mln. amerikan dollary bolan şertnamany desganyň birinji nobatdakysyny 2005-nji ýylyň Baýdak aýynyň 19-yna çenli we ikinji nobatdakysyny 2005-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 27-sine çenli ulanmaga bermek şerti bilen baglaşmaga paýdarlar jemgyýetine ygtyýar bermeli.



4. Türkmenistanyň Energetika we senagat ministrligi, Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrligi, Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi, «Türkmennebitgaz» döwlet söwda korporasiýasy we Aşgabat şäheriniň häkimligi, şeýle hem dahylly ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary öz hasabynda durýan binalary we desgalary, şeýle hem inžener edara-kärhanalarynyň ulanylýan ulgamlaryny we desgalaryny Aşgabat şäheriniň dokma toplumynyň gurulýan çäklerinden öz serişdeleriniň hasabyna wagtynda ýykylyp aýrylmagyny we çykarylmagyny üpjün etmeli.

5. Türkmenistanyň Gurluşyk we gurluşyk materiallary senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Daşary ýurt maýa goýumlary baradaky döwlet gullugy, Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasy we Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy şu kararda göz öňünde tutulan şertnamany durmuşa geçirmek üçin zerur namalary resmileşdirmeli.

6. Paýdarlar jemgyýetini, «Folkestone Holdiňs» firmasyny (Britaniýanyň Wirgin Adalary) we olaryň kömekçi potratçy guramalaryny Aşgabat şäherinde dokma toplumyny gurmak bilen baglanyşykly iş amala aşyrylýarka salgytlaryň goşmaça tölegleriň, paçlaryň we ýygymlaryň ähli görnüşlerini, şol sanda goşulan baha üçin salgydy tölemekden boşatmaly.

7. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary D. Aýdogdyýew gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşy**

*Aşgabat ş., 2003 - ý. Garaşsyzlyk aýynyň 21-i*
*№ - 6433*

*****

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARY

### 431 Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň adyny üýtgetmek hakynda

Türkmen halkymyzyň bäş müň ýyllyk şöhratly taryhyny, nesilbaşymyz Oguz han Türkmeniň zamanynda gülläp ösen we meşhur bolan türkmen il-ýurt atlaryny täzeden dikeltmek, berekediň, bolçulygyň mekany bolan bu topraklary ykdysady, medeni taýdan täzeden ösdürmek, bagy-bossanlyga öwürmek, ýaş nesillerimizde ata Watanymyza, ene topragymyza, gadymy taryhymyza, medeniýetimize we sungatymyza söýgi döretmek maksady bilen, şeýle hem tutuş Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň ilatynyň Türkmenistanyň Prezidentiniň

etrabyň adyny onuň taryhy köklerine gaýtaryp getirmek baradaky teklibine begenip we ak ýürekden goldap iberen haýyşnamalaryny, Ahal welaýat häkimliginiň towakganamasyny nazara alyp, **karar edýärin**:

1. Ahal welaýatynyň Bäherden etrabyny **Baharly etraby** diýip üýtgetmeli we ony mundan beýläk Ahal welaýatynyň **Baharly etraby** diýip atlandyrmaly.

2. Ahal welaýatynyň Bäherden şäherçesiniň adyny **Baharly** diýip üýtgetmeli we ony mundan beýläk Ahal welaýatynyň **Baharly şäherçesi** diýip atlandyrmaly.

3. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 5-inde çykaran № 1327 karary bilen tassyklanylan, Türkmenistanda posýoloklaryň we geňeşlikleriň sanawyna degişli üýtgetmeleri girizmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşy**

*Aşgabat ş., 2003 - ý. Garaşsyzlyk aýynyň 23-i*
*№ - 6435*

*****

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARY

### 432 B. Jütdiýew hakynda

Baýram Jütdiýewi «Diýar» žurnalynyň baş redaktorynyň orunbasary wezipesinden boşatmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşy**

*Aşgabat ş., 2003 - ý. Garaşsyzlyk aýynyň 23-i*
*№ - 6436*

*****

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARY

### 433 «Balykçy» paýdarlar jemgyýetini ýapmak hakynda

Balykçylyk kärhanalarynyň işine döwlet gözegçiligini güýçlendirmek, balyk ýetişdirilýän howuzlary rejeli peýdalanmak we balyk öndürmegiň möçberleriniň artdyrylmagy üçin jogapkärçiligi ýokarlandyrmak maksady bilen, **karar edýärin**:

1. «Balykçy» paýdarlar jemgyýetini ýapmaly.

Türkmenistanyň Döwlet balyk hojalygy komitetini «Balykçy» paýdarlar jemgyýetiniň hukuk oruntutary diýip ykrar etmeli.



Ýapylan jemgyýetiň emlägini onuň paýdarlaryna olaryň maýalyk gordaky paýlaryna laýyklykda gaýtaryp bermeli.

2. «Balykçy» paýdarlar jemgyýetini döretmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2003-nji ýylyň Gorkut aýynyň 11-inde çykaran № 6307 kararyny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

3. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Orunbasary Ý.Gurbanmyradow gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşy**

*Aşgabat ş., 2003 - ý. Garaşsyzlyk aýynyň 23-i*
*№ - 6437*

*****

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ KARARY

### 434 220 kW kuwwatly Serhetabat-Hyrat elektrik geçiriji ulgamy gurmak işleriniň möçberini artdyrmak hakynda

«Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasynda ýurdumyzyň energetik toplumynyň öňünde goýlan wezipeleri durmuşa geçirmek, ýurdumyzyň daşary ýurtlara elektrik toguny bermek mümkinçiligini artdyrmak hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 1999-njy ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 22-sinde çykaran №4411, 2000-nji ýylyň Ruhnama aýynyň 1-inde çykaran №4823, 2002-nji ýylyň Sanjar aýynyň 21-inde çykaran №5982 we 2003-nji ýylyň Gorkut aýynyň 11-inde çykaran № 6309 kararlaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Türkmenistanyň Energetika we senagat ministrligine Owganystanyň Hyrat welaýatynda daşarky elektrik üpjünçilik desgalaryny gurmak baradaky şertnama gurluşyk işleriniň möçberlerini 0,3 mln. amerikan dollary mukdarda artdyrmak barada Owganystan Yslam Döwletiniň Suw hojalyk we energetika ministrligi bilen goşmaça ylalaşygy baglaşmaga ygtyýar bermeli.

2. Türkmenistanyň Energetika we senagat ministrligine 220 kW kuwwatly Serhetabat-Hyrat elektrik geçiriji ulgamy gurmak üçin gowuşýan daşary ýurt pulundaky serişdeleriň 3,8 mln. amerikan dollary

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Hökümeti bilen Gazagystan Respublikasynyň Hökümetiniň, Gyrgyzystan Respublikasynyň Hökümetiniň, Täjigistan Respublikasynyň Hökümetiniň, Türkmenistanyň Hökümetiniň we Özbegistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky söwda we maýa goýumlary babatdaky gatnaşyklary ösdürmek hakyndaky Türkmenistan tarapyndan 2004-nji ýylyň Oguz aýynyň 1-inde Waşington şäherinde gol çekilen Çarçuwaly ylalaşygy tassyklamaly.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **Ö.Ataýew**

*Aşgabat şäheri.*
*2004-nji ýylyň Alp Arslan aýynyň 19-y.*
*№226-II.*

---

## TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

### 17. Daşoguz welaýatynyň Ýylanly etrabynyň adyny üýtgetmek hakynda

Türkmenistanyň ilkinji we ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň käbesi, Türkmenistanyň Gahrymany Gurbansoltan ejäniň ady Ata Watana, türkmen halkyna wepaly hyzmat etmegiň ajaýyp göreldesi hökmünde taryha girdi. Onuň zähmet we durmuş ýoly türkmenistanlylaryň häzirki we geljekki nesilleriniň öňünde gahrymançylygyň, zähmetsöýerligiň, belent adamkärçiligiň nusgasyna öwrüldi.

Türkmen halkynyň gadymdan gelýän milli däplerini täzeden dikeltmek, ýaş nesilde ata-babalarymyzyň şöhratly taryhyna, geçmişdäki şahsyýetleriniň gahrymançylygyna, edermenligine söýgini we sarpa goýmagy terbiýelemek hem-de Gurbansoltan ejäniň röwşen ýadygärligini ebedileşdirmek maksady bilen, şeýle hem Ýylanly etrabynyň we Daşoguz welaýatynyň ilatynyň haýyşlaryny hem-de häkimlikleriniň towakganamalaryny nazarda tutup, Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Daşoguz welaýatynyň Ýylanly etrabynyň adyny üýtgedip, oňa Gurbansoltan eje adyny dakmaly we mundan beýläk ony "Daşoguz welaýatynyň Gurbansoltan eje adyndaky etraby" diýip atlandyrmaly.

2. Daşoguz welaýatynyň Ýylanly şäherçesiniň adyny üýtgedip, oňa Gurbansoltan eje adyny dakmaly we mundan beýläk ony "Daşoguz welaýatynyň Gurbansoltan eje adyndaky şäherçesi" diýip atlandyrmaly.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **Ö.Ataýew.**

*Aşgabat şäheri.*
*2004-nji ýylyň Ruhnama aýynyň 6-sy.*
*№227-II.*

---

**TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY**

**18. Mary welaýatynda gurlan saglygy goraýyş anyklaýyş merkezine Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň adyny dakmak hakynda**

## TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

### 31. Mary welaýatynyň Türkmengala etrabynyň 27-nji Oktýabr geňeşliginiň hem-de onuň çäginde ýerleşýän 27-nji Oktýabr daýhan birleşiginiň atlaryny üýtgetmek hakynda

Mary welaýatynyň Türkmengala etrabynyň 27-nji Oktýabr geňeşliginiň zähmetkeşleriniň ýüztutmalaryny, şeýle hem Türkmengala etrabynyň we Mary welaýatynyň häkimlikleriniň towakganamalaryny nazara almak bilen, Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Mary welaýatynyň Türkmengala etrabynyň 27-nji Oktýabr geňeşliginiň adyny Ruhnama geňeşligi hem-de onuň çäginde ýerleşýän 27-nji Oktýabr daýhan birleşiginiň adyny Ruhnama daýhan birleşigi diýip üýtgetmeli we mundan beýläk olary "Mary welaýatynyň Türkmengala etrabynyň Ruhnama geňeşligi" hem-de "Ruhnama daýhan birleşigi" diýip atlandyrmaly.

2. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 5-inde çykaran № 1327 karary bilen tassyklanylan, Türkmenistanda şäherçeleriň we geňeşlikleriň sanawyna degişli üýtgetme girizmeli.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2007-nji ýylyň Nowruz aýynyň 17-si.*
*№ 106-III.*

---

## TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

### 32. Mary welaýatynyň Türkmengala etrabynyň 1-nji Maý geňeşliginiň hem-de onuň çäginde ýerleşýän 1-nji Maý daýhan birleşiginiň atlaryny üýtgetmek hakynda

Mary welaýatynyň Türkmengala etrabynyň 1-nji Maý geňeşliginiň zähmetkeşleriniň ýüztutmalaryny, şeýle hem Türkmengala etrabynyň we Mary welaýatynyň häkimlikleriniň towakganamalaryny nazara almak bilen, Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Mary welaýatynyň Türkmengala etrabynyň 1-nji Maý geňeşliginiň adyny Bitaraplyk geňeşligi hem-de onuň çäginde ýerleşýän 1-nji Maý daýhan birleşiginiň

adyny Bitaraplyk daýhan birleşigi diýip üýtgetmeli we mundan beýläk olary "Mary welaýatynyň Türkmengala etrabynyň Bitaraplyk geňeşligi" hem-de "Bitaraplyk daýhan birleşigi" diýip atlandyrmaly.

2. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 5-inde çykaran № 1327 karary bilen tassyklanylan, Türkmenistanda şäherçeleriň we geňeşlikleriň sanawyna degişli üýtgetme girizmeli.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2007-nji ýylyň Nowruz aýynyň 17-si.*
*№ 107-III.*

---

## TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

### 33. Mary welaýatynyň Wekilbazar etrabynyň Çarlakýap geňeşliginiň çäginde ýerleşýän 1-nji Maý daýhan birleşiginiň adyny üýtgetmek hakynda

Mary welaýatynyň Wekilbazar etrabynyň Çarlakýap geňeşliginiň zähmetkeşleriniň ýüztutmalaryny, şeýle hem Wekilbazar etrabynyň we Mary welaýatynyň häkimlikleriniň towakganamalaryny nazara almak bilen, Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

Mary welaýatynyň Wekilbazar etrabynyň Çarlakýap geňeşliginiň çäginde ýerleşýän 1-nji Maý daýhan birleşiginiň adyny Çarlakýap daýhan birleşigi diýip üýtgetmeli we mundan beýläk ony "Mary welaýatynyň Wekilbazar etrabynyň Çarlakýap daýhan birleşigi" diýip atlandyrmaly.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2007-nji ýylyň Nowruz aýynyň 17-si.*
*№ 108-III.*

---

## 34. Mary welaýatynyň Wekilbazar etrabynyň 27-nji Oktýabr geňeşliginiň hem-de onuň çäginde ýerleşýän 27-nji Oktýabr daýhan birleşiginiň atlaryny üýtgetmek hakynda

Mary welaýatynyň Wekilbazar etrabynyň 27-nji Oktýabr geňeşliginiň zähmetkeşleriniň ýüztutmalaryny, şeýle hem Wekilbazar etrabynyň we Mary welaýatynyň häkimlikleriniň towakganamalaryny nazara almak bilen, Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Mary welaýatynyň Wekilbazar etrabynyň 27-nji Oktýabr geňeşliginiň adyny Garaşsyzlyk geňeşligi hem-de onuň çäginde ýerleşýän 27-nji Oktýabr daýhan birleşiginiň adyny Garaşsyzlyk daýhan birleşigi diýip üýtgetmeli we mundan beýläk olary "Mary welaýatynyň Wekilbazar etrabynyň Garaşsyzlyk geňeşligi" hem-de "Garaşsyzlyk daýhan birleşigi" diýip atlandyrmaly.

2. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 5-inde çykaran № 1327 karary bilen tassyklanylan, Türkmenistanda şäherçeleriň we geňeşlikleriň sanawyna degişli üýtgetme girizmeli.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2007-nji ýylyň Nowruz aýynyň 17-si.*
*№ 109-III.*

# TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

## 35. Mary welaýatynyň Mary etrabynyň 27-nji Oktýabr geňeşliginiň hem-de onuň çäginde ýerleşýän 19-njy fewral daýhan birleşiginiň atlaryny üýtgetmek hakynda

Mary welaýatynyň Mary etrabynyň 27-nji Oktýabr geňeşliginiň zähmetkeşleriniň ýüztutmalaryny, şeýle hem Mary etrabynyň we Mary welaýatynyň häkimlikleriniň towakganamalaryny nazara almak bilen, Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Mary welaýatynyň Mary etrabynyň 27-nji Oktýabr geňeşliginiň adyny Altyn asyr geňeşligi hem-de onuň çäginde ýerleşýän 19-njy fewral daýhan birleşiginiň adyny Altyn asyr daýhan birleşigi diýip üýtgetmeli we mundan beýläk olary "Mary welaýatynyň Mary etrabynyň Altyn asyr geňeşligi" hem-de "Altyn asyr daýhan birleşigi" diýip atlandyrmaly.

2. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň Magtymguly aýynyň 5-inde çykaran № 1327 karary bilen tassyklanylan, Türkmenistanda şäherçeleriň we geňeşlikleriň sanawyna degişli üýtgetme girizmeli.

**Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2007-nji ýylyň Nowruz aýynyň 17-si.*
*№ 110-III.*

## TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

### 66. Ahal welaýatynyň Baharly etrabynyň Oktýabr daýhan birleşiginiň, Sarahs etrabynyň Watan daýhan birleşiginiň adyny üýtgetmek hakynda

Ahal welaýatynyň Baharly etrabynyň Garagan geňeşliginiň, Sarahs etrabynyň Alam geňeşliginiň ýaşaýjylarynyň isleglerini hem-de Baharly, Sarahs etrap we Ahal welaýat häkimlikleriniň towakganamalaryny nazara alyp, Türkmenistanyň Mejlisi **k a r a r e d ý ä r:**

Ahal welaýatynyň Baharly etrabynyň Oktýabr, Sarahs etrabynyň Watan daýhan birleşikleriniň adyny üýtgetmeli we mundan beýläk olary degişlilikde "Ahal welaýatynyň Baharly etrabynyň Garaşsyzlyk daýhan birleşigi" we "Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynyň Bugdaýly daýhan birleşigi" diýip atlandyrmaly.

**Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy** **A.Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2007-nji ýylyň Ruhnama aýynyň 21-i.*
*№ 142-III.*

## TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

### 60. Türkmenistanyň dolandyryş-çäk bölünişiginiň käbir meseleleri hakynda

Durmuş-ykdysady özgertmeler we dolandyryş-çäk bölünişigindäki üýtgetmeler bilen baglanyşykly, şeýle hem degişli obalaryň zähmetkeşleriniň islegleri we ýüztutmalaryny hem-de etraplaryň we welaýatlaryň häkimlikleriniň teklipnamalaryny nazara alyp, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 63-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. **Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynda** täze geňeşlik döretmeli we mundan beýläk ony Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynyň Azatlyk geňeşligi diýip atlandyrmaly hem-de Gyzylhojanazar obasyny Ýaşlyk geňeşliginiň düzüminden aýryp Azatlyk geňeşliginiň düzümine goşmaly we bu obany Azatlyk geňeşliginiň edara ediş merkezi edip bellemeli.

2. Şu geňeşlikleriň we şäherçäniň adyny üýtgetmeli:

**Ahal welaýatynda:**

Ruhabat etrabynyň Abadan geňeşliginiň adyny üýtgedip, mundan beýläk ony Garadaşaýak geňeşligi diýip atlandyrmaly.

**Lebap welaýatynda:**

Galkynyş etrabynyň Dostluk şäherçesiniň adyny üýtgedip, mundan beýläk ony Bahar şäherçesi diýip atlandyrmaly;

Birata etrabynyň Sadywar geňeşliginiň adyny üýtgedip, mundan beýläk ony Sediwer geňeşligi diýip atlandyrmaly;

Garabekewül etrabynyň Lamba geňeşliginiň adyny üýtgedip, mundan beýläk ony Lamma geňeşligi diýip atlandyrmaly;

Saýat etrabynyň Esli geňeşliginiň adyny üýtgedip, mundan beýläk ony Esgi geneşligi diýip atlandyrmaly.

**Mary welaýatynda:**

Serhedabat etrabynyň Çemenebit geňeşliginiň adyny üýtgedip, mundan beýläk ony Çemenabat geňeşligi diýip atlandyrmaly;

Ýolöten etrabynyň Zindigani geňeşliginiň adyny üýtgedip, mundan beýläk ony Täzedurmuş geňeşligi diýip atlandyrmaly.

3. Täze dörän şu ilatly ýerlere oba derejesini bermeli we olary degişlilikde aşakdaky ýaly atlandyrmaly:

**Ahal welaýatynda:**

Ak bugdaý etrabynyň çäginde täze dörän ilatly ýerlere oba derejesini bermeli we olary degişlilikde Täzedurmuş geňeşliginiň Garanur, Söwütli obalary diýip atlandyrmaly;

Altyn asyr etrabynyň çäginde täze dörän ilatly ýerlere oba derejesini bermeli we olary Altyn asyr şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna berip, degişlilikde Altyn asyr şäherçesiniň Ak altyn, Bugdaýly, Maldarçylyk obalary diýip atlandyrmaly;

Gökdepe etrabynyň çäginde täze dörän ilatly ýere oba derejesini bermeli we ony Ahal geňeşliginiň War obasy diýip atlandyrmaly;

Gökdepe etrabynyň S.A.Nyýazow adyndaky geňeşliginiň çäginde täze dörän ilatly ýere oba derejesini bermeli we ony S.A.Nyýazow adyndaky geňeşligiň Galkynyş obasy diýip atlandyrmaly;

Kaka etrabynyň çäginde täze dörän ilatly ýere oba derejesini bermeli we ony Duşak şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna berip, Duşak şäherçesiniň Birleşik obasy diýip atlandyrmaly;

Kaka etrabynyň çäginde täze dörän ilatly ýere oba derejesini bermeli we ony Arapgala geňeşliginiň Köpguýy obasy diýip atlandyrmaly;

Kaka etrabynyň çäginde täze dörän ilatly ýerlere oba derejesini bermeli we olary degişlilikde Harçiňňan geňeşliginiň Hümmetli, Kyrkguýy obalary diýip atlandyrmaly;

Kaka etrabynyň Kürengala geňeşliginiň çäginde täze dörän ilatly ýere oba derejesini bermeli we ony Kürengala geňeşliginiň Soltandeşt obasy diýip atlandyrmaly;

Kaka etrabynyň çäginde täze dörän ilatly ýerlere oba derejesini bermeli we olary degişlilikde Mehinli geňeşliginiň Bükriölen, Haşşan, Hojameňli obalary diýip atlandyrmaly;

Ruhabat etrabynyň Bokurdak şäherçesiniň çäginde täze dörän ilatly ýerlere oba derejesini bermeli we olary degişlilikde Bokurdak şäherçesiniň Bussy, Garaajy, Syplaňgyzyltakyr obalary diýip atlandyrmaly;

Ruhabat etrabynyň Derweze şäherçesiniň çäginde täze dörän ilatly ýere oba derejesini bermeli we ony Derweze şäherçesiniň Sözenli obasy diýip atlandyrmaly;

Ruhabat etrabynyň çäginde täze dörän ilatly ýere oba derejesini bermeli we ony Ruhabat şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna berip, Ruhabat şäherçesiniň Garagum obasy diýip atlandyrmaly;

Ruhabat etrabynyň çäginde täze dörän ilatly ýere oba derejesini bermeli we ony Babaarap geňeşliginiň dolandyryş tabynlygyna berip, Babaarap geňeşliginiň Ýandakly obasy diýip atlandyrmaly;

Ruhabat etrabynyň Bagyr geňeşliginiň çäginde täze dörän ilatly ýerlere oba derejesini bermeli we olary degişlilikde Bagyr geňeşliginiň Garaberdi, Goşalar, Myllygyzyltakyr, Oraz, Tejribe meýdany obalary diýip atlandyrmaly;

Ruhabat etrabynyň Herrikgala geňeşliginiň çäginde täze dörän ilatly ýerlere oba derejesini bermeli we olary degişlilikde Herrikgala geňeşliginiň Birleşik, Gülzada obalary diýip atlandyrmaly;

Ruhabat etrabynyň Köşi geňeşliginiň çäginde täze dörän ilatly ýerlere oba derejesini bermeli we olary degişlilikde Köşi geňeşliginiň Garadamak, Ylmy tejribe bazasy obalary diýip atlandyrmaly;

Ruhabat etrabynyň Sähra geňeşliginiň çäginde täze dörän ilatly ýere oba derejesini bermeli we ony Sähra geňeşliginiň Derýa obasy diýip atlandyrmaly.

**Balkan welaýatynda:**

Bereket etrabynyň Ýasga geňeşliginiň çäginde täze dörän ilatly ýere oba derejesini bermeli we ony Ýasga geňeşliginiň Balkan obasy diýip atlandyrmaly;

Bereket etrabynyň S.A.Nyýazow adyndaky geňeşliginiň çäginde täze dörän ilatly ýere oba derejesini bermeli we ony S.A.Nyýazow adyndaky geňeşligiň Magtymguly obasy diýip atlandyrmaly;

Serdar etrabynyň çäginde täze dörän ilatly ýere oba derejesini bermeli we ony Goç geňeşliginiň Parahat obasy diýip atlandyrmaly;

Serdar etrabynyň çäginde täze dörän ilatly ýere oba derejesini bermeli we ony Hojagala geňeşliginiň Şatlyk obasy diýip atlandyrmaly;

Serdar etrabynyň çäginde täze dörän ilatly ýere oba derejesini bermeli we ony S.A.Nyýazow adyndaky geňeşligiň Hasar obasy diýip atlandyrmaly;

Türkmenbaşy etrabynyň çäginde täze dörän ilatly ýere oba derejesini bermeli we ony Guwlymaýak şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna berip, Guwlymaýak şäherçesiniň Gyýanly obasy diýip atlandyrmaly.

**Daşoguz welaýatynda:**

Gubadag etrabynyň Türkmenistan geňeşliginiň çäginde täze dörän ilatly ýere oba derejesini bermeli we ony Türkmenistan geňeşliginiň Derýalyk obasy diýip atlandyrmaly;

S.A.Nyýazow adyndaky etrabyň Döwletli geňeşliginiň çäginde täze dörän ilatly ýere oba derejesini bermeli we ony Döwletli geňeşliginiň Serhedabat obasy diýip atlandyrmaly;

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň Prezidentiniň Watanymyz, halkymyz üçin edýän ýadawsyz aladalarynyň netijesinde türkmen jemgyýeti durnukly ösýär, düýpli özgertmeler parasatlylyk bilen durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzyň ykdysady pudagy bilen bir hatarda ulag ulgamy hem ösüşi boýunça täze derejelere ýetýär.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde gurlan Tejen–Sarahs–Maşat, Türkmenabat–Atamyrat, Aşgabat–Garagum–Daşoguz demir ýollary ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny has-da artdyrmakda, goňşy döwletler bilen gatnaşyklary ösdürmekde, demir ýol stansiýalarynda gurlan myhmanhanalar hem ýolagçylara ýokary derejede hyzmat etmekde uly mümkinçilikleri döredýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň taýsyz tagallasy bilen gurulýan halkara demir ýoly milli ykdysadyýetimizi has-da ýokarlandyrmakda, dünýä döwletleri we olaryň halklary bilen hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmekde, ýurdumyzyň gymmatly tebigy baýlyklaryny halkymyzyň eşretli ýaşamagy üçin özleşdirmekde, täze demir ýoluň ugrunda döwrebap şäherleri we şäherçeleri döretmekde, halkymyzy täze iş orunlary bilen üpjün etmekde aýratyn möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.

Uzen (Gazagystan)–Gyzylgaýa–Bereket–Etrek (Türkmenistan)–Gorgan (Eýran) halkara demir ýolunyň Türkmenistanyň çäklerindäki böleginde gur-

lan stansiýalara we myhmanhana at dakmak hakynda Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrliginiň, Balkan welaýatynyň häkimliginiň towakganamalaryny hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň teklipnamasyny nazara alyp, «Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň meselelerini çözmegiň hem-de döwlet kärhanalaryna, guramalaryna, edaralaryna we beýleki obýektlere at dakmagyň, adyny üýtgetmegiň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Uzen (Gazagystan)–Gyzylgaýa–Bereket–Etrek (Türkmenistan)– Gorgan (Eýran) halkara demir ýolunyň Türkmenistanyň çäklerindäki böleginde gurlan stansiýalara 1-nji we 2-nji goşundylara laýyklykda atlary dakmaly.

2. Serhetýaka stansiýasynda gurlan myhmanhana «Dostluk» adyny dakmaly.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2012-nji ýylyň 20-nji oktýabry.*
*№ 347-IV.*

Türkmenistanyň Mejlisiniň
2012-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda
kabul eden № 347-IV kararyna
1-nji Goşundy

## Bereket–Serhetýaka bölegi

| T/b | Taslama boýunça dakylan atlar | Täze dakylýan atlar | Bereket stansiýasyndan uzaklyk km. |
|---|---|---|---|
| 1 | Çilmämmet stansiýasy | Ak ýol | 22.85 |
| 2 | Razýezd-17 | Arzuw | 45.9 |
| 3 | Ýasga stansiýasy | Ýasga | 71.8 |
| 4 | Burgun stansiýasy | Burgun | 106.6 |
| 5 | Göbekajy stansiýasy | Uzboý | 134.8 |
| 6 | Gökdere stansiýasy | Gökdere | 159.75 |
| 7 | Gyzylgaýa stansiýasy | Gyzylgaýa | 185.3 |
| 8 | Awlamyş stansiýasy | Awlamyş | 208.0 |
| 9 | Tüwer stansiýasy | Ärsarybaba | 230.2 |
| 10 | Maýsu stansiýasy | Berkarar | 262.0 |
| 11 | Razýezd-18 | Bitaraplyk | 288.8 |
| 12 | Buzgun stansiýasy | Hazar | 313.4 |
| 13 | Razýezd-19 | Kuwwat | 338.0 |
| 14 | Garagyn stansiýasy | Parahat | 358.7 |
| 15 | Razýezd-20 | Polatly | 381.8 |
| 16 | Garnyýaryk stansiýasy | Şanly | 418.9 |
| 17 | Serhetýaka stansiýasy | Serhetýaka | 440.7 |

Türkmenistanyň Mejlisiniň
2012-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda
kabul eden № 347-IV kararyna
2-nji Goşundy

## Bereket–Etrek bölegi

| T/b | Taslama boýunça dakylan atlar | Täze dakylýan atlar | Bereket stansiýasyndan uzaklyk km. |
|---|---|---|---|
| 1 | Däneata stansiýasy | Däneata | 32.0 |
| 2 | Tersakan stansiýasy | Döwletýar | 74.0 |
| 3 | Zirik stansiýasy | Bugdaýly | 103.0 |
| 4 | Babaguly stansiýasy | Balguýy | 132.0 |
| 5 | Madaw stansiýasy | Madaw | 172.0 |
| 6 | Akjadepe stansiýasy | Akjadepe | 198.0 |
| 7 | Etrek stansiýasy | Etrek | 223.0 |
| 8 | Akýaýla stansiýasy | Akýaýla | 256.5 |

---

## TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

### 99. «Türkmenistanyň Sagdyn jemgyýet howpsuzlygyny goraýyş döwlet gullugy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyny taýýarlamak boýunça iş toparyny döretmek hakynda

Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

«Türkmenistanyň Sagdyn jemgyýet howpsuzlygyny goraýyş döwlet gullugy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyny taýýarlamak boýunça iş toparyny şu düzümde döretmeli:

**Atabaýew** Myrat Babaýewiç – Türkmenistanyň Mejlisiniň Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komitetiniň başlygynyň orunba-

## 35. Aşgabat şäheriniň hem-de Ahal welaýatynyň dolandyryş-çäk meseleleri hakynda

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň Prezidentiniň Watanymyzyň rowaçlygyny hem-de halkymyzyň abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirilen syýasaty netijesinde halkymyzyň durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanmagyna, ýurdumyzyň ähli şäherlerinde we obalarynda ösen durmuş-ykdysady düzümiň kemala gelmegi bilen baglanyşykly giň möçberli özgertmeler durmuşa geçirilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň yzygiderli durmuşa geçirýän syýasatynyň durmuş ulgamyna ugrukdyrylandygyny alamatlandyrýan, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ruhuna laýyk gelýän döwrebap şäherçeleriň, täze, ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlarynyň, häzirki zaman talaplaryna laýyk gelýän döwrebap mekdepleriň we çagalar baglarynyň, medeniýet edaralarynyň, sport toplumlarynyň, ylmy-tehniki ösüşiň iň täze gazananlary bilen enjamlaşdyrylan saglygy goraýyş edaralarynyň, durmuş maksatly beýleki desgalaryň gurulmagy bilen ýurdumyzyň şäherleri, şäherçeleri we obalary gün-günden abadanlaşyp, düýpgöter täze keşbe girýär.

Aşgabat şäherini durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Baş Maksatnamasyny üstünlikli durmuşa geçirmek, ýakyn ýyllarda paýtagtymyzy dünýäniň iň owadan hem-de ösen şäherleriniň birine öwürmek, şäher ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak, şäherde gurulmagy meýilleşdirilýän dürli maksatly binalary we desgalary häzirki zaman şäher binagärliginiň talaplaryna görä ýerleşdirmek maksady bilen hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň teklipnamasyny nazara alyp, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 63-nji maddasynyň 11-nji bendine laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Ahal welaýatynyň Abadan şäheriniň çäginiň ýerlerini hem-de Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň çäginiň ýerlerini bölekleýin 1-nji goşunda laýyklykda jemi 37654 ga ýeri Aşgabat şäheriniň ýerleriniň çägine goşmaly hem-de ol ýerleri Ahal welaýatynyň ýerleriniň çäginden aýyrmaly.

2. Aşgabat şäheriniň düzüminde 2-nji goşunda laýyklykda täze iki etrap döretmeli hem-de bu etraplara Abadan we Ruhabat atlaryny dakmaly we mundan beýläk olary degişlilikde Aşgabat şäheriniň Abadan etraby hem-de Aşgabat şäheriniň Ruhabat etraby diýip atlandyrmaly.

3. Ahal welaýatynyň Abadan şäheriniň hem-de Ruhabat etrabynyň halk maslahatlarynyň ygtyýarlyklaryny möhletinden öň ýatyrmaly.

4. Aşgabat şäheriniň Prezident Nyýazow adyndaky etrabynyň adyny üýtgedip, oňa Bagtyýarlyk adyny, Aşgabat şäheriniň Azatlyk etrabynyň adyny üýtgedip, oňa Berkararlyk adyny dakmaly we mundan beýläk olary degişlilikde Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etraby hem-de Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etraby diýip atlandyrmaly.

5. Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Gorjaw hem-de Babaarap geňeşliklerini Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň düzümine geçirmeli.

6. Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Ruhabat, Jülge şäherçe Geňeşlerini ýatyrmaly.

7. Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynda Owadandepe geňeşligini döredip, onuň düzümine Ruhabat etrabynyň Ýasmansalyk geňeşliginiň G.Orazow adyndaky, Nedir obalaryny, Bagyr geňeşliginiň Toraňňyly obasyny, Garadaşaýak geňeşliginiň Artykhoja, Porsyguýy, Talhanly obalaryny, Gökje geňeşliginiň Oýukly obasyny, Gypjak geňeşliginiň Tozanly obasyny, Herrikgala geňeşliginiň Ganly, Göbekli, Gülzada obalaryny, Köşi geňeşliginiň Gaplaň, Garadamak obalaryny, Ruhabat şäherçesiniň Garagum obasyny, Gökdepe etrabynyň Babaarap geňeşliginiň Şapy, Ýandakly obalaryny girizmeli.

Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Owadandepe geňeşliginiň G.Orazow adyndaky obasyny Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň hem-de Ruhabat etrabynyň Owadandepe geňeşliginiň edara ediş merkezi edip bellemeli.

8. Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Sähra geňeşligini Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň düzümine geçirmeli.

Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Garadaşaýak geňeşliginiň Syzaly obasyny, Gypjak geňeşliginiň Gäwers obasyny, Herrikgala geňeşliginiň Çörli obasyny, Köşi geňeşliginiň Bozköl obasyny, Ýasmansalyk geňeşliginiň Gulangyrlan obasyny Ak bugdaý etrabynyň Sähra geňeşliginiň düzümine geçirmeli.

Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Bagyr geňeşliginiň Goşalar obasyny Ak bugdaý etrabynyň Garadamak geňeşliginiň düzümine geçirmeli.

9. Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Gypjak geňeşliginiň Kümeli obasyny, Köşi geňeşliginiň Bulanyk obasyny Kaka etrabynyň Mehinli geňeşliginiň düzümine geçirmeli.

10. Ahal welaýatynyň Abadan şäherini, Ruhabat etrabynyň: Jülge, Ruhabat şäherçelerini, Bagyr geňeşliginiň Bagyr, Tejribe meýdany, Garadaşaýak geňeşliginiň Garadaşaýak, Gökje geňeşliginiň Gökje, Gypjak geňeşliginiň Gypjak, Herrikgala geňeşliginiň Birleşik, Magaryf, Herrikgala, Köşi geňeşliginiň Ýalkym, Gurtly, Harby bölüm, Hellewler, Ylmy-tejribe bazasy, Ýasmansalyk geňeşliginiň Ýasmansalyk obalaryny Aşgabat şäheriniň çägine goşulandygy, Ruhabat şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyndaky Köne

Gurtly, Gypjak geňeşliginiň Gulantezekli, Serdar ýoly geňeşliginiň Serdar ýoly obalaryny ilat ýokdugy, Garadaşaýak geňeşliginiň Gaňtar, Gyzyljagala, Inerçäge, Tarhan, Topurly, Ussagulla obalaryny, Gypjak geňeşliginiň Marly obasyny, Gökdepe etrabynyň Babaarap geňeşliginiň Ýaýyn obasyny ilat sanynyň 50-den azdygy sebäpli Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birlikleriniň Sanawyndan aýyrmaly.

11. Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Bagyr geňeşliginiň Garaberdi, Myllygyzyltakyr, Oraz obalaryny, Garadaşaýak geňeşliginiň Gowşakgyzyltakyr obasyny, Köşi geňeşliginiň Gargalaňdiňlisi, Çürçüri obalaryny, Herrikgala geňeşliginiň Namart obasyny Ruhabat etrabynyň Bokurdak şäherçesiniň hem-de Ruhabat etrabynyň Bokurdak şäherçesiniň Böri obasyny Ruhabat etrabynyň Derweze şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna geçirmeli.

12. Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Bagyr, Herrikgala, Garadaşaýak, Gökje, Gypjak, Serdar ýoly, Köşi, Ýasmansalyk geňeşliklerini ýapmaly.

13. Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň adyny üýtgedip, oňa Derweze adyny dakmaly we mundan beýläk ony Ahal welaýatynyň Derweze etraby diýip atlandyrmaly.

14. Aşgabat şäheriniň Abadan we Ruhabat etraplarynyň halk maslahatlarynyň we Ahal welaýatynyň Derweze etrabynyň halk maslahatynyň, Derweze etrabynyň Owadandepe geňeşliginiň Geňeş agzalarynyň saýlawlaryny 2013-nji ýylyň 18-nji awgustyna, ýekşenbe gününe bellemeli.

15. Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugy Aşgabat şäheriniň we Ahal welaýatynyň häkimlikleri bilen bilelikde Aşgabat şäheriniň hem-de Ahal welaýatynyň dolandyryş-çákleriniň ýazgysyny bellenen tertipde geçirmeli.

16. Türkmenistanyň Mejlisiniň 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky 112-IV belgili karary bilen tassyklanylan Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birlikleriniň Sanawyna degişli üýtgetmeleri girizmeli.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2013-nji ýylyň 24-nji maýy.*
*№ 405-IV.*

birleşmesiniň Oba hojalygy we agrosenagat toplumy bölüminiň baş hünärmeni.

**Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2013-nji ýylyň 8-nji iýuly.*
*№ 419-IV.*

---

## TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

### 50. Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy şäherinde täze etraplary döretmek hakynda

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň abadançylygyny, halkymyzyň eşretli we döwrebap durmuşyny üpjün etmek barada edýän ýadawsyz aladalary netijesinde amala aşyrylýan Beýik işleri, il-ýurt bähbitli başlangyçlary netijesinde gözel Diýarymyz bu gün taryhda görlüp-eşidilmedik ösüş derejelerine ýetdi. Hormatly Prezidentimiziň bagtyýar durmuşa gönükdirilen syýasatynyň esasy maksady ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň durnukly ösüşiniň, diwersifikasiýalaşdyrylmagynyň, önümçilik we zähmet serişdeleriniň ýerlikli ulanylmagynyň netijesinde raýatlarymyzyň maddy hal-ýagdaýyny düýpli ýokarlandyrmakdan ybaratdyr.

Şu maksatlary durmuşa geçirmegiň ugurlary «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2012–2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» jemlenendir.

Agzalan maksatnamalara laýyklykda, Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň başlangyçlary esasynda birnäçe iri möçberli halkara derejeli we milli ykdysady taslamalaryň we maksatnamalaryň özleşdirilmegi netijesinde, durmuş-medeni maksatly döwrebap binalaryň, desgalaryň, inženerçilik desgalarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy çalt depginler bilen dowam etdirilýär, ähli welaýatlarda täze nusgawy obalar, şäherçeler gurulýar, şol sanda «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagyny özleşdirmek işleri güýçli depginlerde alnyp barylýar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynyň çägleriniň giňelýändigini, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak, bu ýerde dynç alýanlaryň wagtyny gyzykly geçirmekleri we saglyklaryny berkitmekleri üçin has amatly şertleri döretmek maksadynda dünýäniň ösen derejesindäki syýahatçylyk, dynç alyş ulgamlarynyň, dürli görnüşli dynç alyş toplumlarynyň gurluşyklarynyň giňden ýaýbaňlandyrylýandygyny göz öňünde tutup hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň teklipnamasyny nazara almak bilen, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 63-nji maddasynyň 11-nji bendine laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy şäheriniň düzüminde goşunda laýyklykda iki etrap döretmeli we olara Awaza we Kenar atlaryny dakmaly we mundan beýläk olary degişlilikde Türkmenbaşy şäheriniň Awaza etraby hem-de Türkmenbaşy şäheriniň Kenar etraby diýip atlandyrmaly.

2. Türkmenbaşy şäheriniň Kenar şäherçesini Türkmenbaşy şäheriniň Kenar etrabynyň tabynlygyna bermeli.

3. Türkmenbaşy şäheriniň Awaza hem-de Kenar etraplarynyň halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlaryny 2013-nji ýylyň 15-nji dekabryna, ýekşenbe gününe bellemeli.

4. Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugy Balkan welaýatynyň häkimligi bilen bilelikde Türkmenbaşy şäheriniň dolandyryş-çäkleriniň ýazgysyny bellenen tertipde geçirmeli.

5. Türkmenistanyň Mejlisiniň 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky 112-IV belgili karary bilen tassyklanylan Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birlikleriniň Sanawyna degişli üýtgetmeleri girizmeli.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2013-nji ýylyň 29-njy iýuly.*
*№ 420-IV.*

---

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

**51. «Kärdeşler arkalaşyklary we olaryň işiniň kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyny taýýarlamak boýunça iş toparyny döretmek hakynda**

Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

«Kärdeşler arkalaşyklary we olaryň işiniň kepillikleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyny taýýarlamak boýunça iş toparyny şu düzümde döretmeli:

**Atabaýew** Myrat Babaýewiç – Türkmenistanyň Mejlisiniň Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komitetiniň başlygynyň orunbasary (toparyň başlygy);

**Baýramsähedow** Resulberdi Ataýewiç – Türkmenistanyň Mejlisiniň Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komitetiniň agzasy (toparyň jogapkär kätibi);

**Mämmedow** Resulberdi Nurmämmedowiç – Türkmenistanyň Mejlisiniň Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komitetiniň agzasy;

**Orazow** Batyr Çaryýewiç – Türkmenistanyň Mejlisiniň Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komitetiniň agzasy;

**Mämmetgurbanowa** Araztuwak Hydyrmämmedowna – Türkmenistanyň Mejlisiniň Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komitetiniň agzasy;

**Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2014-nji ýylyň 17-nji marty.*
*№ 56-V.*

---

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

## 57. Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Ýandaklyagyz geňeşliginiň hem-de onuň Ýandaklyagyz obasynyň adyny üýtgetmek hakynda

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Döwlet adam üçindir!» diýen ýörelgesi esasynda halkymyzyň durmuş-ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen giň gerimli maksatnamalar durmuşa geçirilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyny» durmuşa geçirmegiň çäklerinde amala aşyrylýan işleriň netijesinde ýurdumyzyň obalarynyň, şäherçeleriniň keşbi düýpgöter özgerýär. Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Ýandaklyagyz geňeşliginiň Ýandaklyagyz obasynda gysga wagtyň içinde ilat üçin ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlarynyň, dünýä ülňülerine laýyk gelýän enjamlar bilen enjamlaşdyrylan mekdebiň, çagalar bagynyň, agyz suw we beýleki durmuş maksatly desgalaryň, gara ýollaryň gurlup ulanylmaga berilmegi muňa doly şaýatlyk edýär.

Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Ýandaklyagyz geňeşliginiň Ýandaklyagyz obasynyň ýaşaýjylarynyň obanyň adyny ýurdumyzda yglan edilen Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň talaplaryna laýyk atlandyrmak baradaky isleglerini, şeýle hem oba Geňeşiniň, Gökdepe etrabynyň we Ahal

welaýatynyň häkimlikleriniň Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Ýandaklyagyz geňeşliginiň we Ýandaklyagyz obasynyň adyny üýtgetmek hakynda towakganamalaryny nazara alyp hem-de Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 63-nji maddasyna, «Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň meselelerini çözmegiň hem-de döwlet kärhanalaryna, guramalaryna, edaralaryna we beýleki obýektlere at dakmagyň, adyny üýtgetmegiň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Ýandaklyagyz geňeşliginiň hem-de bu geňeşligiň Ýandaklyagyz obasynyň adyny üýtgedip, olara Täze eýýam adyny dakmaly we mundan beýläk olary degişlilikde «Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Täze eýýam geňeşligi» hem-de «Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Täze eýýam geňeşliginiň Täze eýýam obasy» diýip atlandyrmaly.

2. Türkmenistanyň Mejlisiniň 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky 112-IV belgili karary bilen tassyklanylan Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birlikleriniň Sanawyna degişli üýtgetmeleri girizmeli.

**Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2014-nji ýylyň 19-njy marty.*
*№ 57-V.*

döwlet birleşiginiň Önümçilik tehnologiýa barlaghanasynyň müdiri;

**Tugiýew** Serdar Baýrammämmedowiç – "Türkmenstandartlary" döwlet gullugynyň hukuk maslahatçysy.

**Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2014-nji ýylyň 22-nji iýuly.*
*№ 98-V.*

---

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

## 99. Ahal welaýatynyň Derweze etrabynda döredilen täze ilat ýeri oba derejesine degişli etmek hakynda

"Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda" we "Türkmenistanyň Prezidentiniň Obalary, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda" bellenen wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek hem-de ilatymyzyň ýaşaýyş derejesini has-da ýokarlandyrmak, durmuş taýdan goraglylygyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak üçin zerur şertleri döretmek, şeýle hem Ahal welaýatynyň Derweze etrabynda

täze ilatly ýeriň döredilendigini göz öňünde tutup hem-de Ahal welaýat häkimliginiň towakganamasyny we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň teklipnamasyny nazara alyp, „Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň meselelerini çözmegiň hem-de döwlet kärhanalaryna, guramalaryna, edaralaryna we beýleki obýektlere at dakmagyň, adyny üýtgetmegiň tertibi hakynda“ Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Ahal welaýatynyň Derweze etrabynda döredilen täze ilatly ýere oba derejesini bermeli we oňa "Täze zaman" adyny dakmaly.
2. Täze zaman obasyny Ahal welaýatynyň Derweze etrabynyň Owadan-depe geňeşliginiň düzümine goşmaly.
3. Türkmenistanyň Mejlisiniň 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky 112-IV belgili karary bilen tassyklanylan Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birlikleriniň sanawyna degişli üýtgetmeleri girizmeli.
4. Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugy Ahal welaýatynyň häkimligi bilen bilelikde bellenen tertipde Ahal welaýatynyň Derweze etrabynyň dolandyryş-çäk serhetleriniň ýazgysyny geçirmeli.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2014-nji ýylyň 22-nji iýuly.*
*№ 99-V.*

---

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

**100. «Auditorçylyk işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyny taýýarlamak boýunça iş toparyny döretmek hakynda**

Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**
«Auditorçylyk işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyny

**157. Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda döredilen täze ilatly ýeri oba derejesine degişli etmek hakynda**

Türkmenistanyň Prezidenti Hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallalary bilen Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe türkmen halkynyň milli buýsanjyna, gözelligiň ajaýyp nusgasyna öwrülen behişdi bedewlerimiziň dünýädäki at-abraýyny has-da belende götermek barada uly işler amala aşyrylýar. Ýurdumyzda atçylyk pudagy üçin ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamaga aýratyn üns berilýär, ussat atşynaslary, seýisleri we çapyksuwarlary taýýarlamak boýunça okuw merkezleri döredilýär. Ilatymyzyň, şol sanda atşynaslaryň durmuş-ýaşaýyş şertlerini has-da gowulandyrmaga uly ähmiýet berilýär.

Ýurdumyzda taryhynda atçylyk sungatyny ösdürmekde, arassa ganly ahal-teke atlarynyň tohumlaryny nesilden-nesle geçirmekde aýratyn hyzmatlar bitiren atşynaslarymyzyň, seýislerimiziň sarpasy belentde tutulýar. Olaryň atlary ebedileşdirilýär, geçen ýollary ýaşlarymyza atçylyk sungatyny öwretmekde uly okuw mekdebi bolýar.

Berdimuhamet Annaýewiň agasy Aba Annaýew hem ahal-teke atçylyk sungatynyň taryhynda yz goýan şahslaryň biridir. Aba Annaýew öz ýaşan döwründe atçylyk bilen giňden meşgullanyp, ahal-teke atlaryny idetmekde, ýelden ýüwrük bedewleriň şan-şöhratyny nesillere ýetirmekde, aýratyn hem ahal-teke atlarynyň tohumlarynyň gadymy ugurlaryny saklap galmakda uly hyzmatlary bitiripdir. Hünärine ökde seýisleri ýetişdirmekde hem örän köp işleri alyp barypdyr.

Atşynaslaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak, olaryň durmuş taýdan goraglylygyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak üçin zerur şertleri döretmek maksady bilen Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň çäginde döredilen täze ilatly ýere oba derejesini bermek hem-de oňa halypa atşynas, seýis Aba Annaýewiň adyny dakmak hakynda Ahal welaýat häkimliginiň towakganamasyny we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň teklipnamasyny nazara alyp, «Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň meselelerini çözmegiň hem-de döwlet kärhanalaryna, guramalaryna, edaralaryna we beýleki obýektlere at dakmagyň, adyny üýtgetmegiň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisi karar edýär:

1. Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynda döredilen täze ilatly ýere oba derejesini bermeli we oňa «Aba Annaýew» adyny dakmaly.

2. Aba Annaýew obasyny Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Gorjaw geňeşliginiň düzümine goşmaly.

3. Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugy Ahal welaýatynyň häkimligi bilen bilelikde bellenen tertipde Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Gorjaw geňeşliginiň Aba Annaýew obasynyň dolandyryş çäklerini bellemek işlerini geçirmeli.

4. Türkmenistanyň Mejlisiniň 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky 112-IV belgili karary bilen tassyklanylan Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birlikleriniň sanawyna degişli üýtgetmeleri girizmeli.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2014-nji ýylyň 8-nji noýabry.*
*№ 156-V.*

---

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

**158. «Demir ýol ulagy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyny taýýarlamak boýunça iş toparyny döretmek hakynda**

Türkmenistanyň Mejlisi **k a r a r e d ý ä r :**

«Demir ýol ulagy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyny taýýarlamak boýunça iş toparyny şu düzümde döretmeli:

**Şeripow** Ýoldaş Hallyýewiç – Türkmenistanyň Mejlisiniň Ykdysady meseleler baradaky komitetiniň başlygy (toparyň başlygy);

**Annaberdiýew** Döwranberdi Orazberdiýewiç – Türkmenistanyň Mejlisiniň Ykdysady meseleler baradaky komitetiniň agzasy;

**Annamuhammedowa** Ogulgurban Geldiýewna – Türkmenistanyň

«2. Neşe serişdeleriniň, psihotrop maddalaryň we prekursorlaryň bikanun dolanyşygy bilen bagly jenaýatlary etmekde günäli bilnip, iş kesilen adamlar babatda günä geçme çäresi ulanylmaýar.».

II. Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden güýje girýär.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Gurbanguly Berdimuhamedow** |

*Aşgabat şäheri.*
*2015-nji ýylyň 2-nji fewraly.*
*№ 177-V.*

---

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

## 12. Aşgabat şäheriniň dolandyryş-çäk meseleleri hakynda

Ilatyň durmuş derejesiniň has-da ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň» yzygiderli amala aşyrylmagy netijesinde Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň talabyna laýyk gelýän döwrebap iri şäherçeler, ähli amatlyklary bolan täze ýaşaýyş jaýlary, häzirki zaman, döwrebap mekdepler we çagalar baglary, medeniýet edaralary, sport toplumlary, ylmy-tehniki ösüşiň iň täze gazananlary bilen enjamlaşdyrylan saglygy goraýyş edaralary we durmuş maksatly beýleki desgalar gurulýar. Ýurdumyzyň şäherleri, şäherçeleri we obalary gün-günden abadanlaşýar we düýpgöter täze keşbe girýär.

Ýurdumyzda durmuşa geçirilýän dolandyryş-çäk özgertmeleriniň çäginde Aşgabat şäherini durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Baş meýilnamasyny üstünlikli durmuşa geçirmekde, ýakyn ýyllarda paýtagtymyzy dünýäniň iň gözel hem-de ösen şäherleriniň birine öwürmek wezipelerinden ugur alyp, şäher ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmakda, şäherde gurulmagy meýilleşdirilýän dürli maksatly binalary we desgalary häzirki zaman şäher binagärliginiň talaplaryna görä ýerleşdirmekde amatly şertleri döretmek maksady bilen hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň teklipnamasyny nazara alyp, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 63-nji maddasyna we «Ýerli häkimiýetiň wekilçilikli edaralary hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Aşgabat şäheriniň Arçabil we Çandybil etraplaryny birikdirmeli hemde bu etraba – Arçabil adyny dakmaly.

2. Aşgabat şäheriniň Abadan etrabynyň çäginden 3910 ga ýeri goşunda laýyklykda Aşgabat şäheriniň Arçabil etrabynyň çägine geçirmeli.

3. Aşgabat şäheriniň Arçabil etrabynyň Arçabil şäherçesiniň hemişelik ýaşaýan ilatynyň ýoklugy sebäpli onuň şäherçe derejesini ýatyrmaly.

4. Aşgabat şäheriniň Çandybil etrabynyň ýapylandygy sebäpli, bu etrabyň halk maslahatynyň agzalarynyň ygtyýarlyklaryny Aşgabat şäheriniň Arçabil etrabynyň halk maslahatynyň düzüminde degişli möhletine saklap galmaly.

5. Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Ýer serişdeleri gullugy Aşgabat şäheriniň häkimligi bilen bilelikde Aşgabat şäheriniň dolandyryş-çäkleriniň ýazgysyny bellenen tertipde geçirmeli.

6. Türkmenistanyň Mejlisiniň 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky 112-IV belgili karary bilen tassyklanylan Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birlikleriniň Sanawyna degişli üýtgetmeleri girizmeli.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2015-nji ýylyň 3-nji fewraly.*
*№ 178-V.*

---

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

## 13. «Raýatlaryň saglygyny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyny taýýarlamak boýunça iş toparyny döretmek hakynda

Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

«Raýatlaryň saglygyny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyny taýýarlamak boýunça iş toparyny şu düzümde döretmeli:

**Ataýewa** Sülgün Jumageldiýewna – Türkmenistanyň Mejlisiniň Durmuş syýasaty baradaky komitetiniň başlygy (toparyň başlygy);

**Halbaýewa** Joragül Myrzaýewna – Türkmenistanyň Mejlisiniň Durmuş syýasaty baradaky komitetiniň başlygynyň orunbasary (toparyň jogapkär kätibi);

**89. Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheriniň dolandyryş-çäk meseleleri hakynda**

Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherinde durmuşa geçirilýän şäher-gurluşyk işlerini häzirki zaman şäher binagärliginiň talaplaryna görä guramakda, şäheri dolandyrmakda amatly şertleri döretmek, geçirilýän dolandyryş-çäk özgertmelerinden gelip çykýan wezipeleri çözmek maksady bilen, şeýle hem Lebap welaýatynyň häkimliginiň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Türkmenabat şäheriniň Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow we Türkmenistanyň Gahrymany Gurbansoltan eje etraplaryny ýapmak baradaky teklipnamalaryny nazara alyp, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 63-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäheriniň Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow we Türkmenistanyň Gahrymany Gurbansoltan eje etraplaryny ýatyrmaly.

2. Türkmenabat şäheriniň Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow we Türkmenistanyň Gahrymany Gurbansoltan eje etraplarynyň ýatyrylandygy sebäpli, bu etraplaryň halk maslahatlarynyň ygtyýarlyklaryny möhletinden öň ýatyrmaly.

3. Türkmenistanyň Mejlisiniň 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky 112-IV belgili karary bilen tassyklanylan Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birlikleriniň Sanawyna degişli üýtgetmeleri girizmeli.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2015-nji ýylyň 21-nji iýuly.*
*№ 255-V.*

# Türkmenistanyň paýtagtynyň hukuk ýagdaýy hakynda

**TÜRKMENISTANYŇ**
**K A N U N Y**

**Türkmenistanyň paýtagtynyň hukuk ýagdaýy**
**hakynda**

*Şu Kanun Türkmenistanyň paýtagtynyň hukuk ýagdaýyny kesgitleýär we Aşgabat şäheriniň Türkmenistanyň paýtagtynyň wezipelerini amala aşyrmagynyň hukuk, guramaçylyk we ykdysady şertlerini berkidýär.*

## I BAP. UMUMY DÜZGÜNLER

### 1-nji madda. Türkmenistanyň paýtagty

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat şäheri (mundan beýläk, şeýle hem - paýtagt) bolup durýar.

2. Paýtagt Türkmenistanyň syýasy, ykdysady, dolandyryş, ylmy we medeni merkezi bolup durýar.

3. Paýtagt Türkmenistanyň Prezidentiniň Rezidensiýasynda saklanýan Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň beýanynyň asyl nusgasynyň, Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň we Döwlet tugrasynyň etalonlarynyň ýerleşýän ýeri bolup durýar.

4. Paýtagtda Türkmenistanyň Prezidentiniň Rezidensiýasy, Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti, Türkmenistanyň ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, şeýle hem daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalary, konsullyk edaralary we halkara guramalarynyň wekilhanalary ýerleşýärler.

Türkmenistanyň aýry-aýry ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda paýtagtyň daşynda ýerleşip bilerler.

### 2-nji madda. Paýtagtyň hukuk ýagdaýy

Paýtagtyň hukuk ýagdaýy – Türkmenistanyň döwlet häkimiýet edaralarynyň şu Kanunda bellenilen hukuklarynyň we borçlarynyň aýratynlyklary, şu Kanunyň 1-nji maddasynyň dördünji böleginde görkezilen edaralaryň we guramalaryň işlemegini

üpjün etmegiň, şeýle hem Aşgabat şäheriniň paýtagtyň wezipelerini üpjün etmegi bilen bagly oňa döwlet tarapyndan goşmaça kepillikleriň berilmeginiň zerurlygy bilen şertlendirilen Aşgabat şäheriniň hukuk ýagdaýydyr.

**3-nji madda. Türkmenistanyň paýtagtynyň hukuk ýagdaýy hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy**

Türkmenistanyň paýtagtynyň hukuk ýagdaýy hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar hem-de şu Kanundan we Türkmenistanyň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.

**4-nji madda. Paýtagtyň çägi we şäherýaka zolagy**

1. Paýtagtyň çägi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenilýän we üýtgedilýän Aşgabat şäheriniň dolandyryş-çäk birlikleriniň serhetlerindäki ýerlerden we suw desgalaryndan ybaratdyr.
2. Paýtagt bilen bir durmuş, tebigy we hojalyk çägini düzýän şäher serhediniň çäginiň daşyndaky ýerler paýtagtyň şäherýaka zolagyny emele getirýärler, onuň ölçegleri we serhetleri Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bellenýär we üýtgedilýär.

Şäherýaka zolagyna goşulan ýerleri peýdalanmagyň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýär.

**5-nji madda. Paýtagtda howpsuzlygy we jemgyýetçilik tertibini üpjün etmegiň aýratynlyklary**

1. Paýtagtda ýygnaklar, ýygnanyşyklar, ýörişler we beýleki köpçülikleýin çäreler Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda geçirilýär.
2. Paýtagtda kanunçylygy, howpsuzlygy we jemgyýetçilik tertibini, paýtagtda ýerleşen döwlet edaralarynyň, daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilhanalarynyň, konsullyk edaralarynyň we halkara guramalarynyň wekilhanalarynyň işlemegi üçin degişli şertleri üpjün etmek maksady bilen paýtagta gelmegiň, raýatlary bolýan ýeri boýunça hasaba almagyň, ulag serişdeleriniň awtomobil ýollary boýunça hereketiniň, sanitariýa-epidemiologiýa çäreleriniň aýratynlyklary Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen bellenip bilner.

**6-njy madda. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlylygy**

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlylygyna şular degişlidirler:
1) şulary tassyklamak:

a) paýtagta gelmegiň, raýatlary bolýan ýeri boýunça hasaba almagyň, şeýle hem ulag serişdeleriniň awtomobil ýollary boýunça hereketiniň düzgünlerini;

b) paýtagtda awtomobil ulagynda ýolagçylary gatnatmagyň we ýükleri daşamagyň düzgünlerini;

ç) paýtagtyň çäginde fiziki we ýuridik şahslar tarapyndan söwda, myhmanhana, lukmançylyk we gaýry hyzmatlary etmegiň düzgünlerini;

2) paýtagtyň we şäherýaka zolagynyň çägini ösdürmegiň we gurmagyň baş meýilnamasyny Türkmenistanyň Prezidentine tassyklamaga bermek;

3) paýtagtyň sarp ediş bazaryny harytlar bilen doldurmak, oba hojalyk önümlerini öndürijileriň we senagat kärhanalarynyň önümlerini paýtagta ibermäge gyzyklanmalaryny döretmek, paýtagt bilen beýleki sebitleriň yzygiderli ulag aragatnaşygyny üpjün etmek boýunça çäreleri amala aşyrmak;

4) Türkmenistanyň kanunçylygy bilen ýüklenilen gaýry wezipeleri ýerine ýetirmek.

## II BAP. PAÝTAGTYŇ HALK MASLAHATLARYNYŇ WE HÄKIMLIKLERINIŇ YGTYÝARLYKLARYNYŇ AÝRATYNLYKLARY

### 7-nji madda. Paýtagtyň halk maslahatlarynyň we häkimlikleriniň wezipeleri

Paýtagtyň halk maslahatlarynyň we häkimlikleriniň wezipelerine şular girýär:

1) Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň, Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, şeýle hem daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalarynyň, konsullyk edaralarynyň we halkara guramalarynyň wekilhanalarynyň işini amala aşyrmaklary üçin degişli şertleri döretmek;

2) paýtagtyň Türkmenistanyň syýasy, ykdysady, dolandyryş, ylmy we medeni merkeziniň wezipelerini ýerine ýetirmegi üçin şertleri döretmek;

3) paýtagtyň durnukly ösüşi üçin mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak, şertleri döretmek;

4) halkara gatnaşyklarynyň merkezi hökmünde paýtagty ösdürmek;

5) umumydöwlet we halkara çäreleriniň guralmagy we geçirilmegi üçin şertleri döretmek;

6) paýtagtyň çäginde ýerleşen döwlet edaralaryna, daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilhanalaryna, konsullyk edaralaryna we halkara guramalarynyň wekilhanalaryna jemagat, ulag, lukmançylyk we gaýry hyzmatlary etmek;

7) Türkmenistanyň kanunçylygy bilen ýüklenilen gaýry wezipeleri ýerine ýetirmek.

### 8-nji madda. Paýtagtyň halk maslahatlarynyň we häkimlikleriniň ygtyýarlyklary

1. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ygtyýarlyklar bilen bir hatarda paýtagtyň halk maslahatlaryna we häkimliklerine paýtagtyň wezipelerini üpjün etmek bilen bagly ygtyýarlyklar berilýär.

2. Paýtagtyň halk maslahaty Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda:

1) paýtagty abadanlaşdyrmagyň we saklamagyň düzgünlerini tassyklaýar;

2) paýtagtda daşky mahabatlandyrmagy ýerleşdirmegiň tertibi we şertleri barada düzgünleri tassyklaýar;

3) raýatlaryň aýry-aýry mätäç toparlaryna durmuş kömeginiň möçberlerini we ony bermegiň tertibini tassyklaýar;

4) beýleki döwletleriň degişli edaralary bilen halkara aragatnaşygyny ýola goýýar;

5) ygtyýarlyklaryna degişli edilen gaýry wezipeleri amala aşyrýar.

3. Paýtagtyň häkimligi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda:

1) paýtagty ösdürmegiň meseleleri boýunça halkara hyzmatdaşlygyny amala aşyrýar;

2) paýtagtda zähmet we ilatyň iş üpjünçiligi meselelerine seredilende gatnaşýar;

3) raýatlaryň aýry-aýry mätäç toparlaryna durmuş kömeginiň möçberlerini we ony bermegiň tertibini işläp taýýarlaýar;

4) paýtagtyň we şäherýaka zolagynyň çäginde geçirilýän döwlet binagärlik, şähergurluşyk we gurluşyk syýasatynyň işlenip düzülmegine gatnaşýar;

5) paýtagtyň şähergurluşyk geňeşi üçin deslapky netijenamalaryň resminamalaryny taýýarlaýar;

6) paýtagtyň we şäherýaka zolagynyň çägini ösdürmegiň we gurmagyň baş meýilnamasynyň işlenip taýýarlanmagyny üpjün edýär we ony Türkmenistanyň Prezidentiniň tassyklamagyna bermek üçin teklipleri girizýär;

7) bellenilen tertipde tassyklanan paýtagty ösdürmegiň we gurmagyň baş meýilnamasyny, paýtagtyň şäherýaka zolagyna degişli edilen ýanaşyk çäkleriň şähergurluşyk taýdan meýilleşdirilmeginiň toplumlaýyn çyzgysyny durmuşa geçirmek boýunça işi utgaşdyrýar;

8) paýtagtyň wezipelerini üpjün etmek üçin zerur bolan, paýtagtyň çägindäki obýektleriň gurluşygyny, durkunyň täzelenmegini we saklanmagyny guraýar, olary taslamalaşdyrmagyň, gurmagyň we ulanmaga girizmegiň möhletlerine gözegçiligi amala aşyrýar;

9) Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgüdi boýunça döwlet häkimiýet edaralaryna, şeýle hem daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalaryna we halkara guramalarynyň wekilhanalaryna ýer böleklerini, binalary, desgalary, ýaşaýyş we beýleki jaýlary berýär, ýaşaýyş jaý-jemagat we gaýry hyzmatlary edýär;

10) Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgüdi boýunça paýtagtyň çäginde ýerleşen döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň binalaryny, desgalaryny we gaýry obýektlerini peýdalanmak we ygtyýar etmek boýunça aýry-aýry ygtyýarlyklary amala aşyrýar;

11) paýtagtda umumydöwlet we halkara çärelerini geçirmek üçin bellenilen tertipde şertleri döredýär;

12) ýylylyk-, energiýa-, suw-, gaz üpjünçiligi, lagym we suw sowujy ulgamlaryň, ýol işiniň, paýtagtyň ulagynyň we aragatnaşygynyň ähli görnüşleriniň, abadanlaşdyryşyň, bagçylygyň, arassalamagyň, şeýle hem ýaşaýyş jaý gaznasyny inženerçilik taýdan üpjün etmegiň, ulanmagyň we abatlamagyň netijeli işlemegi çygryndaky işi utgaşdyrýar;

13) paýtagta ýeke-täk binagärlik keşbiniň berilmegini üpjün edýär;

14) abatlanmaga degişli köp öýli ýaşaýyş jaýlarynyň paýtagta ýeke-täk binagärlik keşbiniň berilmegine gönükdirilen sanawyny kesgitleýär, olary abatlamagy guramagyň we geçirmegiň düzgünlerini, şeýle hem jaýlaryň ýa-da öýleriň eýelerine görkezilen köp öýli ýaşaýyş jaýlarynyň abatlanmagy bilen bagly çykdajylarynyň öwezini dolmagyň düzgünlerini tassyklaýar;

15) paýtagtyň çäginde lukmançylyk hyzmatlaryny edýän lukmançylyk guramalarynyň işini utgaşdyrýar;

16) içerki söwda we durmuş hyzmaty obýektleriniň ösdürilmegi we işlemegi çygryndaky syýasaty durmuşa geçirýär;

17) paýtagtyň şäher hojalygynyň, abadanlaşdyrylyşynyň we ösüşiniň obýektleriniň birligini we abat saklanmagyny üpjün etmek boýunça çäreleri amala aşyrýar;

18) gyzyklanýan döwlet edaralary bilen ylalaşmak arkaly üstaşyr geçýän awtomobil ulagynyň awtomobil ýollary boýunça hereketiniň çyzgylaryny we tertibini kesgitleýär;

19) tölegli awtoduralgalary guraýar;

20) paýtagtyň köçeleriniň sanawyny, tölegli jemagat awtoduralgalaryny guramagyň we peýdalanmagyň düzgünlerini tassyklaýar;

21) paýtagtyň jemgyýetçilik ulagynda ulanylýan nyrhlaryň işlenip taýýarlanmagyna gatnaşýar;

22) ýol hereketini dolandyrmagyň awtomatlaşdyrylan ulgamyny ornaşdyrmak, ulag infrastrukturasynyň, şeýle hem kabel lagymynyň we inženerçilik

infrastrukturasynyň obýektlerini ulanmak boýunça işe gatnaşýar we gözegçilik edýär;

23) ygtyýarlyklaryna degişli edilen gaýry wezipeleri amala aşyrýar.

**9-njy madda. Paýtagtyň häkiminiň hukuk ýagdaýynyň aýratynlyklary**

Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ygtyýarlyklar bilen bir hatarda paýtagtyň häkimi öz ygtyýarlylygynyň çäginde:

1) Türkmenistanyň ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, halkara guramalary we daşary ýurt döwletleriniň wekilleri bilen gatnaşyklarda paýtagta wekilçilik edýär;

2) paýtagtda umumydöwlet we halkara häsiýetli çäreleriň geçirilmegini üpjün etmäge gatnaşýar;

3) paýtagtyň işlemeginiň we ösdürilmeginiň meseleleri boýunça kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny we beýleki teklipleri Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň garamagyna girizýär;

4) döwlet edaralaryny, daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilhanalaryny we konsullyk edaralaryny we halkara guramalarynyň wekilhanalaryny paýtagtda ýerleşdirmek barada çözgütleri ýerine ýetirýär;

5) paýtagtyň bähbitlerine gös-göni täsir edýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ylalaşýar;

6) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gaýry ygtyýarlyklary amala aşyrýar.

**10-njy madda. Paýtagtda binagärlik, şähergurluşyk we gurluşyk işi**

1. Paýtagtyň çäginde binagärlik, şähergurluşyk we gurluşyk işi paýtagty ösdürmegiň we gurmagyň baş meýilnamasyna, şähergurluşyk dessuryna we resminamalaryna, döwlet şähergurluşyk kada ölçeglerine we düzgünlerine, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylmalydyr.

2. Şähergurluşyk işini we paýtagtyň çägini gurmagy ösdürmegiň ugurlarynyň işlenilip düzülmegi we kesgitlenilmegi paýtagtda binagärlik we şähergurluşyk işiniň wezipesi bolup durýar.

3. Paýtagtyň çägini gurmagyň meselelerine garamak we utgaşdyrmak üçin paýtagtyň häkiminiň karary bilen paýtagtyň şähergurluşyk geňeşi döredilýär.

Paýtagtyň şähergurluşyk geňeşine paýtagtyň häkimi baştutanlyk edýär.

Paýtagtyň şähergurluşyk geňeşiniň düzümine paýtagtyň häkimliginiň wekilleri, binagärlik, şähergurluşyk we gurluşyk işleri, paýtagtda döwlet şähergurluşyk kada ölçegleriniň we düzgünleriniň berjaý edilmegine gözegçilik etmek boýunça

edaralaryň ýolbaşçylary, binagärler giryärler. Paýtagtyň şähergurluşyk geňeşiniň işine jemgyýetçilik birleşikleriniň wekilleri we gaýry adamlar çekilip bilner.

4. Paýtagtyň şähergurluşyk geňeşi:

1) paýtagtyň we şäherýaka zolagynyň çäginde binagärlik-şähergurluşyk taslamalaryna garaýar;

2) paýtagtyň binagärlik-çeperçilik taýdan bezelmeginiň meselelerine garaýar we teklipleri girizýär;

3) paýtagtyň emele gelen sazlaşykly we taryhy şähergurluşyk keşbiniň aýawly saklanmagy barada teklipleri işläp taýýarlaýar;

4) paýtagtyň şähergurluşyk geňeşi hakynda düzgünnama laýyklykda gaýry wezipeleri amala aşyrýar.

Paýtagtyň şähergurluşyk geňeşiniň maslahatlaryny geçirmegiň tertibi paýtagtyň häkimi tarapyndan kesgitlenýär.

5. Paýtagta ýeke-täk binagärlik keşbiniň berilmeginiň maksatlary bilen paýtagtyň häkimligi köp öýli ýaşaýyş jaýlarynyň tehniki barlagyny geçirýär.

Tehniki barlagyň namalarynyň esasynda paýtagtyň häkimligi paýtagta ýeke-täk binagärlik keşbiniň berilmegine gönükdirilen abatlanmaga degişli jaýlaryň sanawyny kesgitleýär.

### 11-nji madda. Paýtagtyň infrastrukturasy

Paýtagtyň infrastrukturasyna şular degişlidir:

1) inženerçilik infrastrukturasy;

2) ulag infrastrukturasy;

3) durmuş infrastrukturasy;

4) abadanlaşdyryş we bagçylyk ulgamy;

5) paýtagtyň işlemegi üçin zerur bolan beýleki obýektler we ulgamlar.

## III BAP. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

### 12-nji madda. Paýtagtyň wezipelerini üpjün etmek boýunça goşmaça çykdajylar bilen bagly paýtagty maddy we maliýe taýdan üpjün etmek

Döwlet edaralarynyň Aşgabat şäheriniň paýtagtyň wezipelerini üpjün etmegine gönükdirilen we goşmaça çykdajylara eltýän çözgütleri olar üçin zerur bolan maddy

we maliýe serişdeleriniň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda paýtagtyň degişli edaralaryna geçirilmegini göz öňünde tutmalydyr.

**13-nji madda. Şu Kanunyň güýje girmegi**

Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden güýje girýär.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Gurbanguly Berdimuhamedow** |

Aşgabat şäheri.
2016-njy ýylyň 26-njy marty.
№ 368-V.

http://minjust.gov.tm/tm/mmerkezi/doc_view.php?doc_id=15099

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

**81. Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty G. Garajaýewiň ygtyýarlyklaryny möhletinden öň ýatyrmak hakynda**

«Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 33-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**
Ygtyýarlyklaryny aýyrmak hakyndaky arzasy esasynda Türkmenistanyň Mejlisiniň Aşgabat şäheriniň 5-nji «Parahatçylyk» saýlaw okrugy boýunça deputaty Gurban Garajaýewiň ygtyýarlyklaryny möhletinden öň ýatyrmaly.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2016-njy ýylyň 11-nji apreli.*
*№ 396-V.*

---

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

**82. Aşgabat şäheriniň hem-de Ahal welaýatynyň dolandyryş-çäk meseleleri hakynda**

Türkmenistanyň Prezidentiniň yzygiderli durmuşa geçirýän syýasatynyň durmuş ulgamyna ugrukdyrylandygyny alamatlandyrýan, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ruhuna laýyk gelýän döwrebap şäherçeleriň, ähli amatlyklary bolan täze ýaşaýyş jaýlarynyň, häzirki zamanyň talaplaryna laýyk gelýän döwrebap mekdepleriň we çagalar baglarynyň, medeniýet edaralarynyň, sport toplumlarynyň, ylmy-tehniki ösüşiň iň täze gazananlary bilen enjamlaşdyrylan saglygy goraýyş edaralarynyň, durmuş maksatly beýleki desgalaryň gurulmagy bilen ýurdumyzyň şäherleri, şäherçeleri we obalary gün-günden abadanlaşyp, düýpgöter täze keşbe girýär.

Aşgabat şäherini durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Baş Maksatnamasyny üstünlikli durmuşa geçirmek, şäherde gurulmagy meýilleşdirilýän dürli maksatly binalary we desgalary häzirki zaman şäher binagärliginiň talaplaryna görä ýerleşdirmek, Ahal welaýatynyň dolandyryş-çäk gurluşyny döwrüň talabyna laýyk kämilleşdirmek maksady bilen hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň teklipnamasyny nazara alyp, Türk-

menistanyň Konstitusiýasynyň 63-nji maddasynyň 11-nji bendine laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Ahal welaýatynyň Derweze etrabynyň dolandyryş çäginden 7080 ga ýeri şu kararyň 1-nji goşundysyndaky çyzga laýyklykda Aşgabat şäheriniň dolandyryş çägine geçirmeli hem-de 1-nji goşundyda görkezilen dolandyryş çäklerde ýerleşýän Ahal welaýatynyň Derweze etrabynyň Owadandepe geňeşliginiň Gülzada, Täze zaman obalarynyň çäkleriniň Aşgabat şäherine goşulandygy sebäpli, bu obalary ilatly ýerleriň hasabyndan çykarmaly.

2. Ahal welaýatynyň Derweze etrabyny ýatyrmaly hem-de onuň dolandyryş çäginiň ýerlerini we dolandyryş-çäk birliklerini aşakdaky tertipde etraplara geçirmeli:

1) Aşgabat–Daşoguz awtomobil ýolunyň gündogar tarapyndaky meýdany 1377206 ga ýerleri;

Bokurdak şäherçesini we onuň tabynlygyndaky Bussy, Çalyş, Çürçüri, Eşeksiýen, Garaberdi, Gargalaňdiňlisi, Garryja, Gowşakgyzyltakyr, Myllygyzyltakyr, Namart, Oraz, Ýerbent obalaryny, Derweze şäherçesiniň tabynlygyndaky Bükri, Diňli, Gamyşly, Gyzyltakyr, Kükürtli, Sakarçäge, Sözenli obalaryny, Owadandepe geňeşliginiň Ganly, Göbekli, Gaplaň, Garadamak, Garagum, Oýukly, Toraňňyly, Tozanly obalaryny Ak bugdaý etrabynyň düzümine geçirmeli.

2) Aşgabat–Daşoguz awtomobil ýolunyň demirgazyk-günbatar tarapyndaky meýdany 555062 ga ýerleri hem-de Aşgabat şäheriniň günorta tarapyndaky (Köpetdag etegindäki) meýdany 63540 ga ýerleri;

Owadandepe geňeşligini we onuň düzümindäki Artykhoja, G. Orazow adyndaky, Nedir, Porsyguýy, Şapy, Talhanly, Ýandakly obalaryny, Bokurdak şäherçesiniň tabynlygyndaky Çaran, Garaajy, Mämmetýar, Sowma, Syplaňgyzyltakyr, Derweze şäherçesiniň tabynlygyndaky Aeroport, Ataguýy, Böri obalaryny Gökdepe etrabynyň düzümine geçirmeli.

3) Derweze etrabynyň Derweze şäherçesini ilatly ýerleriň hasabyndan çykarmaly.

3. Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabyny ýatyrmaly hem-de onuň dolandyryş çäginiň ýerlerini we dolandyryş-çäk birliklerini Tejen etrabyna geçirmeli.

4. Şu geňeşlikleri we obalary Ahal welaýatynyň düzümine geçirmeli:

1) Daşoguz welaýatynyň S. Nyýazow adyndaky etrabynyň Garaköli geňeşliginiň Sözenli obasyny hem-de Görogly etrabynyň Garagum geňeşliginiň Gamyşly obasyny Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň düzümine geçirmeli.

2) Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň Garagum geňeşliginiň Akmolla, Böwrideşik, Mürzeçyrla obalaryny Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň Adalat geňeşliginiň düzümine geçirmeli.

3) Mary welaýatynyň Oguzhan etrabynyň Günhan geňeşligini we onuň düzümindäki Gurban Durdy, Galkynyş obalaryny Altyn asyr etrabynyň düzümine geçirmeli we Oguzhan etrabynyň Ýyldyzhan geňeşliginiň Däneçilik obasyny Günhan geňeşliginiň düzümine geçirmeli hem-de Günhan geňeşliginiň adyny üýtgedip, oňa Gurban Durdy adyny dakmaly;

4) Mary welaýatynyň Oguzhan etrabynyň Aýhan geňeşligini we onuň düzümindäki Ýeňiş, Parahatçylyk obalaryny Sarahs etrabynyň düzümine geçirmeli, Oguzhan etrabynyň Daghan geňeşliginiň Ak altyn obasyny Aýhan geňeşliginiň düzümine geçirmeli hem-de Aýhan geňeşliginiň adyny üýtgedip, oňa Parahatçylyk adyny dakmaly, Oguzhan etrabynyň Gökhan geňeşligini we onuň düzümindäki Gökhan, Watan, Zähmet obalaryny Sarahs etrabynyň düzümine geçirmeli hem-de Gökhan geňeşliginiň adyny üýtgedip, oňa Bagtyýarlyk adyny dakmaly.

5. Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Kaka şäherçesine etrap hukukly şäher derejesini bermeli.

6. Şu şäherçelere etrapdaky şäher derejesini bermeli:

1) Altyn asyr etrabynyň Altyn asyr şäherçesine;

2) Tejen etrabynyň Babadaýhan şäherçesine;

3) Sarahs etrabynyň Sarahs şäherçesine.

7. Şu obalara şäherçe derejesini bermeli:

1) Baharly etrabynyň Arçman geňeşliginiň Arçman obasyna;

2) Gökdepe etrabynyň Yzgant geňeşliginiň Yzgant obasyna;

3) Tejen etrabynyň Berkarar geňeşliginiň Berkarar obasyna.

8. Şu geňeşlikleri döretmeli:

1) Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynda Bereketli geňeşligini döretmeli hem-de etrabyň Bükri, Diňli, Gamyşly, Gyzyltakyr, Kükürtli, Sakarçäge, Sözenli, Gamyşly, Sözenli obalaryny Bereketli geňeşliginiň düzümine geçirmeli we Bükri obasyny şu geňeşligiň edara ediş merkezi diýip bellemeli;

2) Gökdepe etrabynda Derweze geňeşligini döretmeli hem-de etrabyň Aeroport, Ataguýy, Böri obalaryny Derweze geňeşliginiň düzümine geçirmeli we Aeroport obasyny şu geňeşligiň edara ediş merkezi diýip bellemeli.

9. Şu ilatly ýerlere oba derejesini bermeli:

1) Gökdepe etrabynda gum içindäki ilatly ýere oba derejesini bermeli we oňa Orazsähet adyny dakmaly hem-de Orazsähet obasyny Türkmenistan geňeşliginiň düzümine goşmaly;

2) Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynyň pagtaçylyk zolagynda döran ilatly ýerlere oba derejesini bermeli we olara Agzybirlik, Berkarar, Oraz salyr, Rysgally adyny dakmaly hem-de bu obalary Kiçiaga geňeşliginiň düzümine, Gözli ata, Salyr, Teke han adyny dakmaly hem-de bu obalary Galkynyş geňeşliginiň düzümine goşmaly.

10. Şu ilatly ýerleri ýanaşyk ýerleşýän ilatly ýerlere birleşdirmeli:

1) Gökdepe etrabynyň Ýaňgala geňeşliginiň Gamyşly obasyny Gökdepe şäherine;

2) Kaka etrabynyň Onbegi geňeşliginiň Onbegi obasyny we Ýüzbaşy geňeşliginiň Ýüzbaşy obasyny Kaka şäherine;

3) Tejen etrabynyň Watan geňeşliginiň Watan obasyny Babadaýhan şäherine;

4) Sarahs etrabynyň Sarahs şäheriniň Harby şäherçe obasyny, Kiçiaga geňeşliginiň Kiçiaga obasyny Sarahs şäherine.

5) Baharly etrabynyň Arçman geňeşliginiň Arçman şypahanasy we Täzeoba obalaryny Arçman şäherçesine;

6) Gökdepe etrabynyň Yzgant geňeşliginiň Azat Türkmenistan obasyny Yzgant şäherçesine;

7) Ak bugdaý etrabynyň Sözenli obasyny Bereketli geňeşliginiň Sözenli obasyna, Bokurdak şäherçesiniň Myllygyzyltakyr obasyny Gowşakgyzyltakyr obasyna;

8) Tejen etrabynyň Agalaň geňeşliginiň Agalaň obasyny Ezizhan obasyna.

11. Şu ilatly ýerleri şäherleriň, şäherçeleriň dolandyryş tabynlygyna geçirmeli:

1) Kaka etrabynyň Arapgala geňeşliginiň Hywaabat obasyny Ahal welaýatynyň Kaka şäheriniň dolandyryş tabynlygyna;

2) Ak bugdaý etrabynyň Ganly, Göbekli, Oýukly obalaryny, Gämi geňeşliginiň Gyzylsakgal, Kelleli, Garadamak geňeşliginiň Goşalar, Garryçyrla, Gazykly, Dawaly, Hajyguly, Kerpiçli, Mollagurban, Töwekgel obalaryny Bokurdak şäherçesiniň tabynlygyna, Balykçy geňeşliginiň Aksuw obasyny Ýaşlyk şäherçesiniň, Balykçy obasyny Berkarar şäherçesiniň, Gämi geňeşliginiň Kasamly jülge obasyny Bagabat şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna;

3) Baharly etrabynyň Keletdag geňeşliginiň Keletdag we Arçman bekedi obalaryny Arçman şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna;

4) Gökdepe etrabynyň Çaran, Garaajy, Mämmetýar, Sowma obalaryny Yzgant şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna.

12. Şu obalary bir geňeşlikden beýleki geňeşligiň düzümine geçirmeli:

1) Ak bugdaý etrabynyň Gaplaň, Garadamak, Garagum, Toraňňyly, Tozanly obalaryny, Bugdaýly geňeşliginiň Körçaý obasyny, Gämi geňeşliginiň Öňaldy, Narly, Kesikburun obalaryny Garadamak geňeşliginiň düzümine, Gämi geňeşliginiň Giňoý, Gyzylgöz obalaryny Täzedurmuş geňeşliginiň düzümine, Gämi geňeşliginiň Täzeoba obasyny we Garadamak geňeşliginiň Gysy obasyny Sähra geňeşliginiň düzümine, Garadamak geňeşliginiň Guryhowdan obasyny Gäwers geňeşliginiň düzümine geçirmeli;

2) Gökdepe etrabynyň Syplaňgyzyltakyr obasyny, Babaarap geňeşliginiň Gatydüýp obasyny, Kelejar geňeşliginiň Goşatakyr obasyny, Köpetdag geňeşliginiň Gutlyaýak obasyny, Täze eýýam geňeşliginiň Gorýa obasyny Ahal geňeşliginiň düzümine geçirmeli;

3) Kaka etrabynyň Arapgala geňeşliginiň Köpguýy obasyny, Harçiňňän geňeşliginiň Hümmetli hem-de Kyrkguýy obalaryny Mehinli geňeşliginiň düzümine geçirmeli;

4) Sarahs etrabynyň Çalja geňeşliginiň Çalja obasyny Galkynyş geňeşliginiň düzümine geçirmeli;

5) Tejen etrabynyň Bitaraplyk geňeşliginiň Ajyköl obasyny Adalat geňeşliginiň düzümine, Serdar geňeşliginiň Serdar obasyny Zaman geňeşliginiň düzümine geçirmeli.

13. Şu dolandyryş-çäk düzümleriniň we ilatly ýerleriniň adyny üýtgetmeli:

1) Ahal welaýatynyň Tejen etrabynyň Berkarar şäherçesiniň adyny üýtgedip, oňa Bagtyýarlyk adyny dakmaly;

2) Ak bugdaý etrabynyň Garadamak geňeşliginiň adyny üýtgedip, oňa Öňaldy adyny dakmaly;

3) Ak bugdaý etrabynyň Sähra geňeşliginiň Gäwers obasynyň adyny üýtgedip, oňa Gypjak adyny, Öňaldy geňeşliginiň Garagum obasynyň adyny üýtgedip, oňa Nazarly adyny, Bereketli geňeşliginiň Gamyşly obasynyň adyny üýtgedip, oňa Borjakly adyny, Bokurdak şäherçesiniň Ganly obasynyň adyny üýtgedip, oňa Güneşli adyny, Eşeksiýen obasynyň adyny üýtgedip, oňa Düýeli adyny, Namart obasynyň adyny üýtgedip, oňa Gujurly adyny dakmaly.

4) Gökdepe etrabynyň Aeroport obasynyň adyny üýtgedip, oňa Derweze adyny, Owadandepe geňeşliginiň Porsyguýy obasynyň adyny üýtgedip, oňa Sähra adyny dakmaly;

14. Şu dolandyryş-çäk düzümleriniň edara ediş merkezlerini başga ýere geçirmeli:

1) Tejen etrabynyň edara ediş merkezini Bagtyýarlyk şäherçesine;

2) Ak bugdaý etrabynyň Öňaldy geňeşliginiň edara ediş merkezini Öňaldy obasyna;

3) Sarahs etrabynyň Kiçiaga geňeşliginiň edara ediş merkezini Agzybirlik obasyna;

4) Tejen etrabynyň Agalaň geňeşliginiň edara ediş merkezini Ezizhan obasyna geçirmeli.

15. Şu obalary ilatly ýerleriň hasabyndan çykarmaly:

1) Ak bugdaý etrabynyň Bokurdak şäherçesiniň Myllygyzyltakyr, Öňaldy geňeşliginiň Şeýtan, Gämi geňeşliginiň Akerkekli, Bereketli geňeşliginiň Sözenli obalaryny;

2) Altyn asyr etrabynyň Ak bugdaý geňeşliginiň Ak bugdaý, Altyn asyr geňeşliginiň Altyn asyr, Altyn halka geňeşliginiň Altyn halka, Döwletli geňeşliginiň 72-nji duralga, 73-nji duralga obalaryny;

3) Baharly etrabynyň Arçman geňeşliginiň Arçman, Arçman şypahanasy, Täzeoba obalaryny;

4) Gökdepe etrabynyň Yzgant geňeşliginiň Yzgant, Azat Türkmenistan, Ýaňgala geňeşliginiň Gamyşly, Germaw, Köpetdag geňeşliginiň Köpetdag, Şorgala geňeşliginiň Haýyr, Gatydüýp, Işan, Şähetnyýaz, Tagan Baýramdurdyýew adyndaky geňeşliginiň Akýalpak, Gadamhan, Köwreýikli, Gorjaw geňeşliginiň Gökdere obalaryny;

5) Kaka etrabynyň Onbegi geňeşliginiň Onbegi we Ýüzbaşy geňeşliginiň Ýüzbaşy, Garahan geňeşliginiň Armansagat, 79-njy duralga, 80-nji duralga obalaryny;

6) Sarahs etrabynyň Sarahs şäheriniň Harby şäherçe, Kiçiaga geňeşliginiň Kiçiaga, Käriz, Aşgabat geňeşliginiň Täzeguýy, Hanýap geňeşliginiň Kesikburun obalaryny;

7) Tejen etrabynyň Agalaň geňeşliginiň Agalaň, Berkarar geňeşliginiň Berkarar, Watan geňeşliginiň Watan obalaryny.

16. Şu geňeşlikleri ýatyrmaly we dolandyryş-çäk düzümleriniň hasabyndan çykarmaly:

1) Ak bugdaý etrabynyň Balykçy geňeşligini;

2) Altyn asyr etrabynyň Altyn asyr, Altyn halka, Ak bugdaý geňeşliklerini;

3) Baharly etrabynyň Arçman, Keletdag geňeşliklerini;

4) Gökdepe etrabynyň Yzgant geňeşligini;

5) Kaka etrabynyň Onbegi, Ýüzbaşy geňeşliklerini;

6) Sarahs etrabynyň Çalja geňeşligini;

7) Tejen etrabynyň Berkarar, Watan, Serdar geňeşliklerini.

17. Ahal welaýatynyň Altyn asyr etrabynyň dolandyryş çäginden şu kararyň 2-nji goşundysyndaky çyzga laýyklykda jemi 24900 ga ýeri Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynyň dolandyryş çägine geçirmeli.

Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň dolandyryş çäginden 3-nji goşundydaky çyzga laýyklykda jemi 15077 ga ýeri Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň dolandyryş çägine geçirmeli.

18. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti Ahal welaýatynyň we Aşgabat şäheriniň häkimlikleri bilen bilelikde Ahal welaýatynyň we Aşgabat şäheriniň dolandyryş çäkleriniň ýazgysyny bellenen tertipde geçirmeli.

19. Türkmenistanyň Mejlisiniň 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky 112-IV belgili karary bilen tassyklanylan Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birlikleriniň Sanawyna şu karardan gelip çykýan degişli üýtgetmeleri girizmeli.

20. Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birliklerine degişli üýtgetmeleri girizmek bilen baglylykda degişli halk maslahatlarynyň hem-de Geňeşleriň agzalarynyň ygtyýarlyklaryny olaryň saýlanan wagtynda kanunlarda bellenen möhletiň dowamynda saklap galmaly.

**Türkmenistanyň Mejlisiniň**
**Başlygynyň orunbasary** **G. Baýramowa**

*Aşgabat şäheri.*
*2016-njy ýylyň 28-nji apreli.*
*№ 397-V.*

---

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

**83. Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty R. Bazarowyň ygtyýarlyklaryny möhletinden öň ýatyrmak hakynda**

«Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 33-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

Türkmenistanyň Mejlisiniň Mary welaýatynyň 103-nji «Zarpçy» saýlaw okrugy boýunça deputaty Rejep **Bazarowyň** Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary wezipesine bellenilmegi bilen baglanyşykly, onuň deputatlyk ygtyýarlyklaryny möhletinden öň, 2016-njy ýylyň 29-njy aprelinden ýatyrylan diýip hasap etmeli.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2016-njy ýylyň 29-njy apreli.*
*№ 398-V.*

---

**Myratberdiýewa** Jennet Kakabaýewna – Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň Kanunçylyk müdirliginiň Ykdysady kanunçylyk we kadalaşdyryjy hukuk namalaryny döwlet belligine alyş bölüminiň esasy maslahatçysy;

**Gurtmyradow** Baýram – Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň baş ýuristi;

**Kakaýew** Annasähet Seýitnazarowiç – Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň orunbasary;

**Hamraýew** Ereş Saparowiç – Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň «Kinowideohyzmat» birleşiginiň başlygynyň orunbasary;

**Allaýarow** Toýgeldi Baýramdurdyýewiç – Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň kino önümçiligi boýunça baş utgaşdyryjysy;

**Şadurdyýew** Ýazmyrat – Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň Filmiň edebi esasyny düzýän bölüminiň esasy hünärmeni;

**Halmämmedowa** Gülsoltan Klyçewna – Türkmen döwlet medeniýet we sungat mekdebiniň «Medeni-köpçülik çärelerini guramak» bölüminiň mugallymy.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2016-njy ýylyň 10-njy maýy.*
*№ 402-V.*

---

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

## 87. Balkan welaýatynyň dolandyryş-çäk meseleleri hakynda

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň şäherlerinde, şäherçelerinde we obalarynda durmuş-ykdysady infrastrukturany mundan beýläk hem ösdürmek boýunça amala aşyrylýan syýasatyň netijesinde halkymyzyň abadançylygynyň yzygiderli ýokarlanmagynyň üpjün edilmegi üçin giň möçberli özgertmeler durmuşa geçirilýär.

Döwletimizde durmuşa geçirilýän dolandyryş-çäk özgertmeleriniň çäginde Balkan welaýatynyň ilatly ýerlerini durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak hem-de welaýatyň dolandyryş-çäk gurluşyny döwrüň talabyna laýyk kämilleşdirmek, ýaşaýyş jaýlaryny we dürli maksatly binalary, desgalary häzirki zaman talaplaryna laýyklykda ýerleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň teklipnamasyny nazara alyp, «Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň meselelerini çözmegiň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Balkan welaýatynyň:

a) Balkanabat şäheriniň ýerlerinden 261877 ga, Gumdag şäheriniň ýerlerinden 60235 ga ýeri şu kararyň 1-nji goşundysyndaky çyzga laýyklykda Esenguly etrabynyň dolandyryş çägine;

b) Türkmenbaşy etrabynyň ýerlerinden 587673 ga, Bereket etrabynyň ýerlerinden 173528 ga ýeri şu kararyň 2-nji goşundysyndaky çyzga laýyklykda Serdar etrabynyň dolandyryş çägine;

ç) Serdar etrabynyň ýerlerinden 4874,46 ga ýeri Serdar şäheriniň dolandyryş çägine geçirmeli.

2. Şu şäherçelere etrapdaky şäher derejesini bermeli:

1) Esenguly etrabynyň Esenguly şäherçesine;

2) Etrek etrabynyň Etrek şäherçesine;

3) Magtymguly etrabynyň Magtymguly şäherçesine.

3. Serdar etrabynyň Janahyr geňeşliginiň Janahyr obasyna şäherçe derejesini bermeli.

4. Şu ilatly ýerleri ýanaşyk ýerleşýän degişli ilatly ýerlere birleşdirmeli:

1) Bereket etrabynyň:

Gurbanmämmet geňeşliginiň Gazanjyk obasyny Bereket şäherine;

S. A. Nyýzow adyndaky geňeşliginiň Garagum obasyny Bereket şäherine;

Ýasga geňeşliginiň Balkan obasyny Bereket şäherine;

2) Etrek etrabynyň Baýathajy geňeşliginiň Baýathajy obasyny Etrek şäherine;

3) Magtymguly etrabynyň Akkel geňeşliginiň Akkel obasyny Magtymguly şäherine;

4) Türkmenbaşy etrabynyň Guwlymaýak şaherçesiniň dolandyryş tabynlygyndaky Gyýanly obasyny Guwlymaýak şäherçesine;

5) Balkanabat şäheriniň Jebel şäherçesiniň Saganly obasyny Balkanabat şäherine.

5. Şu ilatly ýerleri degişli şäherleriň, şäherçeleriň dolandyryş tabynlygyna geçirmeli:

1) Magtymguly etrabynyň Akkel geňeşliginiň Gyzyl obasyny Magtymguly şäheriniň dolandyryş tabynlygyna;

2) Serdar etrabynyň Arkaç geňeşliginiň Arkaç obasyny Janahyr şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna;

3) Türkmenbaşy etrabynyň Oglanly geňeşliginiň Oglanly obasyny, Akguýy geňeşliginiň Hudaýberdi obasyny Oglanly şäherçesiniň, Hasan geňeşliginiň Hasan, Sülmen obalaryny Türkmenbaşy şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna.

6. Balkanabat şäheriniň Oglanly şäherçesini Türkmenbaşy etrabynyň düzümine geçirmeli.

7. Türkmenbaşy şäheriniň Kenar şäherçesini ýatyrmaly we ony ilatly ýerleriň hasabyndan çykarmaly.

Kenar şäherçesiniň Geňeşiniň ygtyýarlyklaryny möhletinden öň ýatyrmaly.

8. Şu obalary bir geňeşlikden degişlilikde beýleki geňeşligiň düzümine geçirmeli:

1) Bereket etrabynyň Däneata geňeşliginiň Ajyguýy obasyny, Gurbanmämmet geňeşliginiň Burgun, Düwünçi obalaryny, Oboý geňeşliginiň Kiçijikýazy obasyny, S. A. Nyýazow adyndaky geňeşligiň Jemal obasyny Ýasga geňeşliginiň düzümine, Gurbanmämmet geňeşliginiň Öýleguşluk obasyny Gulmaç geňeşliginiň düzümine, Türkmenistan obasyny S. A. Nyýazow adyndaky geňeşligiň düzümine, Ýasga geňeşliginiň Akjaguýma, Aýdyň, Arkaç, Çitli obalaryny Oboý geňeşliginiň düzümine;

2) Serdar etrabynyň Hasar geňeşliginiň Hasar obasyny, Hojagala geňeşliginiň Şatlyk obasyny Azady adyndaky geňeşligiň düzümine, Purnuwar geňeşliginiň Tutly, Ýalkym obalaryny, Janahyr geňeşliginiň Garabogaz obasyny Arkaç geňeşliginiň düzümine;

3) Türkmenbaşy etrabynyň Awlamyş geňeşliginiň Awlamyş, Tüwer obalaryny Çagyl geňeşliginiň düzümine, Ybyk obasyny, Oglanly geňeşliginiň Gürje obasyny Goşaoba geňeşliginiň düzümine, Oglanly geňeşliginiň Irikli obasyny Akguýy geňeşliginiň düzümine.

9. Serdar etrabynyň Arkaç geňeşliginiň edara ediş merkezini Garabogaz obasyna geçirmeli.

10. Şu obalary degişli ilatly ýerleriň hasabyndan çykarmaly:

1) Bereket etrabynyň Gurbanmämmet geňeşliginiň Gazanjyk, S. A. Nyýazow adyndaky geňeşliginiň Garagum, Ýasga geňeşliginiň Balkan obalaryny;

2) Esenguly etrabynyň Ajyýap geňeşliginiň Gurruk, Bugdaýly geňeşliginiň Çukurguýy, Garadegiş geňeşliginiň Garajabatyr obalaryny;

3) Etrek etrabynyň Baýathajy geňeşliginiň Baýathajy, Akýaýla geňeşliginiň Ödeý obalaryny;

4) Magtymguly etrabynyň Akkel geňeşliginiň Akkel obasyny;

5) Serdar etrabynyň Janahyr geňeşliginiň Janahyr, Purnuwar geňeşliginiň Çemenli, Mämili obalaryny;

6) Türkmenbaşy etrabynyň Guwlymaýak şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyndaky Gyýanly, Goşaoba geňeşliginiň Ýazyegşem obalaryny;

7) Balkanabat şäheriniň Jebel şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyndaky Saganly, 124-nji duralga obalaryny.

11. Şu geňeşlikleri ýatyrmaly we degişli dolandyryş-çäk düzümleriniň hasabyndan çykarmaly:

1) Bereket etrabynyň Gurbanmämmet geňeşligini;

2) Etrek etrabynyň Baýathajy geňeşligini;

3) Magtymguly etrabynyň Akkel geňeşligini;

4) Serdar etrabynyň Janahyr geňeşligini;

5) Türkmenbaşy etrabynyň Awlamyş, Hasan, Oglanly geňeşliklerini.

12. Garabogaz şäheriniň etrap hukukly şäher derejesini üýtgedip, oňa etrapdaky şäher derejesini bermeli we bu şäheri Türkmenbaşy etrabynyň düzümine geçirmeli.

Garabogaz şäher halk maslahatynyň ygtyýarlyklaryny möhletinden öň ýatyrmaly.

13. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti Balkan welaýatynyň häkimligi bilen bilelikde degişli dolandyryş çäkleriň ýazgysyny bellenen tertipde geçirmeli.

14. Türkmenistanyň Mejlisiniň 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky № 112-IV karary bilen tassyklanylan Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birlikleriniň Sanawyna degişli üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmeli (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 2, 36-njy madda).

15. Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birliklerine degişli üýtgetmeleriň girizilmegi bilen baglylykda degişli halk maslahatlarynyň hem-de Geňeşleriň agzalarynyň ygtyýarlyklaryny olaryň saýlanan wagtynda kanunlarda bellenen möhletiň dowamynda saklap galmaly.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2016-njy ýylyň 19-njy maýy.*
*№ 403-V.*

**Gaýypowa** Laçyngül – Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň Agrosenagat toplumynyň maliýe müdirliginiň Agrosenagat toplumynyň pudaklarynyň maliýe bölüminiň baş hünärmeni.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2016-njy ýylyň 20-nji maýy.*
*№ 405-V.*

---

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

## 90. Daşoguz welaýatynyň dolandyryş-çäk meseleleri hakynda

Türkmenistanyň Prezidentiniň yzygiderli durmuşa geçirýän syýasatynyň durmuş ulgamyna ugrukdyrylandygyny alamatlandyrýan, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ruhuna laýyk gelýän döwrebap şäherçeleriň, ähli amatlyklary bolan täze ýaşaýyş jaýlarynyň, döwrebap mekdepleriň we çagalar baglarynyň, medeniýet edaralarynyň, sport toplumlarynyň, ylmy-tehniki ösüşiň iň täze gazananlary bilen enjamlaşdyrylan saglygy goraýyş edaralarynyň, durmuş maksatly beýleki desgalaryň gurulmagy bilen ýurdumyzyň şäherleri, şäherçeleri we obalary gün-günden abadanlaşyp, düýpgöter täze keşbe girýär.

Daşoguz welaýatynyň dolandyryş-çäk gurluşyny döwrüň talabyna laýyk kämilleşdirmek maksady bilen hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň teklipnamasyny nazara alyp, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 63-nji maddasynyň 11-nji bendine laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Daşoguz welaýatynyň:

1) Akdepe etrabynyň ýerlerinden 96315 ga, S. A. Nyýazow adyndaky etrabyň ýerlerinden 254561 ga ýeri şu kararyň 1-nji goşundysyndaky çyzga laýyklykda Gurbansoltan eje adyndaky etrabyň dolandyryş çägine;

2) Akdepe etrabynyň ýerlerinden 669658 ga, Boldumsaz etrabynyň ýerlerinden 96705 ga, Gubadag etrabynyň ýerlerinden 10894 ga, Gurbansoltan eje adyndaky etrabyň ýerlerinden 166262 ga, Köneürgenç etrabynyň ýerlerinden 29027 ga, S. A. Nyýazow adyndaky etrabyň ýerlerinden 213391 ga ýeri şu kararyň 2-nji goşundysyndaky çyzga laýyklykda Ruhubelent etrabynyň dolandyryş çägine;

3) S. A. Nyýazow adyndaky etrabyň ýerlerinden 168 ga ýeri şu kararyň 3-nji goşundysyndaky çyzga laýyklykda Görogly etrabynyň dolandyryş çägine;

4) Görogly etrabynyň ýerlerinden 14774 ga ýeri şu kararyň 3-nji goşundysyndaky çyzga laýyklykda S. A. Nyýazow adyndaky etrabyň dolandyryş çägine;

5) Akdepe etrabynyň ýerlerinden 70047 ga, Boldumsaz etrabynyň ýerlerinden 522379 ga, Gubadag etrabynyň ýerlerinden 778876 ga, Köneürgenç etrabynyň ýerlerinden 14366 ga ýeri şu kararyň 4-nji goşundysyndaky çyzga laýyklykda Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň dolandyryş çägine geçirmeli.

2. Şu şäherçelere etrapdaky şäher derejesini bermeli:

1) Akdepe etrabynyň Akdepe şäherçesine;

2) Boldumsaz etrabynyň Boldumsaz şäherçesine;

3) Görogly etrabynyň Görogly şäherçesine;

4) Gubadag etrabynyň Gubadag şäherçesine;

5) Gurbansoltan eje adyndaky etrabyň Gurbansoltan eje adyndaky şäherçesine;

6) S. A. Nyýazow adyndaky etrabyň Nyýazow şäherçesine;

7) Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky şäherçesine.

3. S. A. Nyýazow adyndaky etrabyň çäginde döredilen ilatly ýere oba derejesini bermeli we oňa Bagtyýar zaman adyny dakmaly hem-de Bagtyýar zaman obasyny S. A. Nyýazow adyndaky etrabyň Jumanyýaz Hudaýbergenow adyndaky geňeşliginiň düzümine goşmaly.

4. Şu obalary degişlilikde bir geňeşlikden beýleki degişli geňeşligiň düzümine geçirmeli:

1) Akdepe etrabynyň Täzeoba geňeşliginiň Gurbansoltan eje adyndaky we Üçagaç obalaryny Sähra geňeşliginiň düzümine;

2) Boldumsaz etrabynyň:

10 ýyl abadanlyk geňeşliginiň Bozajy obasyny Guwanç Atamedow adyndaky geňeşliginiň düzümine;

Guwanç Atamedow adyndaky geňeşliginiň Bozýer obasyny Zähmetkeş geňeşliginiň düzümine;

3) Gubadag etrabynyň Bereketli geňeşliginiň Diýarbekir obasyny Wasabat geňeşliginiň düzümine;

4) Gurbansoltan eje adyndaky etrabyň:

Altyn toprak geňeşliginiň Bagşyly, Azatlyk obalaryny Sazanda geňeşliginiň düzümine;

Atamyrat aga geňeşliginiň Atamyrat aga obasyny Altyn asyr geňeşliginiň düzümine;

5) Köneürgenç etrabynyň:

Akgala geňeşliginiň Ikinji Was obasyny Watan geňeşliginiň, Maňgyr obasyny Magrupy adyndaky geňeşligiň düzümine;

Akgum geňeşliginiň Akgum, Boýraçy obalaryny Täzegüýç geňeşliginiň düzümine;

Şabende geňeşliginiň Täzeýer obasyny Magrupy adyndaky geňeşligiň düzümine;

6) Ruhubelent etrabynyň:

Şähribossan geňeşliginiň Şähribossan obasyny Diýarbekir geňeşliginiň düzümine;

Şasenem geňeşliginiň Şasenem, Gäwersgyr obalaryny Tünüderýa geňeşliginiň düzümine;

Oguzboýy geňeşliginiň Oguzboýy, Agzybirlik obalaryny Aşyk Aýdyň geňeşliginiň düzümine;

7) S. A. Nyýazow adyndaky etrabyň Altynýol geňeşliginiň Şatlyk obasyny Adalat geňeşliginiň düzümine;

8) Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň:

Baýram Taganow adyndaky geňeşliginiň Aýryçagyl obasyny Serdar geňeşliginiň düzümine;

Gallaçy geňeşliginiň Monjukly obasyny, Ruhubelent geňeşliginiň Zähmetkeş obasyny Bitaraplyk geňeşliginiň düzümine;

Ruhubelent geňeşliginiň Ruhubelent obasyny Gallaçy geňeşliginiň düzümine.

5. Şu geňeşlikleri we obalary bir etrapdan beýleki degişli etrabyň düzümine geçirmeli:

1) Akdepe etrabynyň:

Ýomut Durdyýew adyndaky geňeşligini we onuň Egriguýy obasyny, Zähmet geňeşligini we onuň Toprakgala, Çardere, Was, Wasgala obalaryny Ruhubelent etrabynyň düzümine;

2) Görogly etrabynyň Bedirkent geňeşligini we onuň Was, Oglanly obalaryny Ruhubelent etrabynyň düzümine;

3) Gubadag etrabynyň Wasabat geňeşligini we onuň Wasabat, Diýarbekir obalaryny Ruhubelent etrabynyň düzümine;

4) Köneürgenç etrabynyň:

Geňeş geňeşligini we onuň Geňeş, Agzybirlik, Çardere, Parahat obalaryny, Magrupy adyndaky geňeşligi we onuň Magrupy adyndaky, Maňgyr, Täzeýer obalaryny, Şabende geňeşligini we onuň Şabende, Çalymergen, Maňgyrabat obalaryny Ruhubelent etrabynyň düzümine;

5) S. A. Nyýazow adyndaky etrabyň Garaköli geňeşligini we onuň Yslam, Çaýyrly, Gyzyljaburun obalaryny Ruhubelent etrabynyň düzümine.

6. Şu ilatly ýerleri ýanaşyk ýerleşýän degişli ilatly ýerlere birleşdirmeli:

1) Akdepe etrabynyň Täzeoba geňeşliginiň Gazakýap, Dostluk, Täzeoba obalaryny Akdepe şäherine;

2) Boldumsaz etrabynyň 10 ýyl abadanlyk geňeşliginiň Baýjamergen, Bektemir, Dyşky, Gökleň, Uşagan obalaryny, Rowaçlyk geňeşliginiň Galkynyş obasyny Boldumsaz şäherine;

3) Görogly etrabynyň:

Magtymguly adyndaky geňeşliginiň Sazakly obasyny, Türkmenýoly geňeşliginiň Akderek, Polasoltan obalaryny Görogly şäherine;

Annagylyç Ataýew adyndaky geňeşliginiň Arabaçy obasyny Annagylyç Ataýew adyndaky obasyna;

Balyş Öwezow adyndaky geňeşliginiň Jykyrçy obasyny Wekilgala obasyna, Ýüzbaşy obasyny Işmaltapan obasyna;

Saparmyrat Nyýazow adyndaky geňeşliginiň Gyzylgum obasyny Ýaňyýap obasyna, Mirapgala obasyny Kyrkgyz obasyna;

4) Gubadag etrabynyň Gökçäge geňeşliginiň Döwgala obasyny Gökçäge obasyna;

5) Gurbansoltan eje adyndaky etrabyň:

Altyn toprak geňeşliginiň Hazarasp obasyny, Nurmuhammet Andalyp adyndaky geňeşliginiň Garamergen, Depmeçi obalaryny Gurbansoltan eje adyndaky şäherine;

Ak altyn geňeşliginiň Sapaly obasyny Akja obasyna, Esrikgara obasyny Ak altyn obasyna, Kazy obasyny Gamyşlyk obasyna;

6) Köneürgenç etrabynyň Akgala geňeşliginiň Jelaýyr obasyny Köneürgenç şäherine;

7) Ruhubelent etrabynyň Tünüderýa geňeşliginiň Taýgyr obasyny Ruhubelent şäherçesine;

8) S. A. Nyýazow adyndaky etrabyň Şatlyk geňeşliginiň Azatlyk obasyny Nyýazow şäherine.

7. Şu geňeşlikleriň edara ediş merkezlerini başga oba geçirmeli:

1) Boldumsaz etrabynyň 10 ýyl abadanlyk geňeşliginiň edara ediş merkezini Mereke obasyna;

2) Görogly etrabynyň Türkmenýoly geňeşliginiň edara ediş merkezini Gökje obasyna.

8. Şu obalaryň atlaryny üýtgetmeli:

1) Akdepe etrabynyň:

Akdepe geňeşliginiň Göbekli obasynyň adyny üýtgedip, oňa Ýekederek adyny;

Orazgeldi Ärsaryýew adyndaky geňeşligiň Şorumsa obasynyň adyny üýtgedip, oňa Galkynyş adyny;

Pagtaçylyk geňeşliginiň Itagyz obasynyň adyny üýtgedip, oňa Agzybirlik adyny;

Nowruz geňeşliginiň Kendirli obasynyň adyny üýtgedip, oňa Bereket adyny;

Sazakly geňeşliginiň Pişikoý obasynyň adyny üýtgedip, oňa Bitaraplyk adyny;

2) Boldumsaz etrabynyň:

Almalyk geňeşliginiň Myradek obasynyň adyny üýtgedip, oňa Almalyk, Güzer obasynyň adyny üýtgedip, oňa Türkmenistan, Çakmak obasynyň adyny üýtgedip, oňa Babadaýhan, Sokygaçyk obasynyň adyny üýtgedip, oňa Dostluk, Söýünjajy obasynyň adyny üýtgedip, oňa Bereketli, Tüwer obasynyň adyny üýtgedip, oňa Derýalyk, Ybykýap obasynyň adyny üýtgedip, oňa Bitaraplyk adyny;

Aşgabat geňeşliginiň Orusýap obasynyň adyny üýtgedip, oňa Bereket adyny;

Garaşsyzlyk geňeşliginiň Uwanyş obasynyň adyny üýtgedip, oňa Ruhubelent, Gökteý obasynyň adyny üýtgedip, oňa Altyn sähra, Juguldyk obasynyň adyny üýtgedip, oňa Diýar, Ýemek obasynyň adyny üýtgedip, oňa Asudalyk adyny;

Medeniýet geňeşliginiň Çalwar obasynyň adyny üýtgedip, oňa Altyn zaman, Täzegoňrat obasynyň adyny üýtgedip, oňa Altyn toprak, Ogşuk obasynyň adyny üýtgedip, oňa Bagçylar adyny;

Rowaçlyk geňeşliginiň Köneporsy obasynyň adyny üýtgedip, oňa Bagtyýarlyk adyny;

10 ýyl abadanlyk geňeşliginiň Geýenoba obasynyň adyny üýtgedip, oňa Berkararlyk, Homaý obasynyň adyny üýtgedip, oňa Watan, Maýda obasynyň adyny üýtgedip, oňa Ýaşlyk, Mereke obasynyň adyny üýtgedip, oňa Abadanlyk, Işanoba obasynyň adyny üýtgedip, oňa Täze zaman adyny;

3) Görogly etrabynyň:

Balyş Öwezow adyndaky geňeşliginiň Işmaltapan obasynyň adyny üýtgedip, oňa Çoşşy Arazgylyjow adyndaky, Kepderhana obasynyň adyny üýtgedip, oňa Döwletli adyny;

Durdy Gylyç adyndaky geňeşliginiň Bişçykar obasynyň adyny üýtgedip, oňa Bäşjykyr adyny;

Zaman geňeşliginiň Biweten obasynyň adyny üýtgedip, oňa Bagtyýarlyk adyny;

4) Gubadag etrabynyň:

Abadanlyk geňeşliginiň Çagat obasynyň adyny üýtgedip, oňa Agzybirlik adyny;

Amyderýa geňeşliginiň Basuw obasynyň adyny üýtgedip, oňa Rowaçlyk adyny;

Baýdak geňeşliginiň Gultakly obasynyň adyny üýtgedip, oňa Berkararlyk adyny;

5) Köneürgenç etrabynyň:

Pagtaçy geňeşliginiň Maýlyözek obasynyň adyny üýtgedip, oňa Bagtyýarlyk adyny;

Watan geňeşliginiň Haýwanýol obasynyň adyny üýtgedip, oňa Döwletli adyny;

6) Ruhubelent etrabynyň:

Wasabat geňeşliginiň Diýarbekir obasynyň adyny üýtgedip, oňa Uzboý adyny;

Aşyk Aýdyň geňeşliginiň Agzybirlik obasynyň adyny üýtgedip, oňa Bagşyly adyny;

Geňeş geňeşliginiň Çardere obasynyň adyny üýtgedip, oňa Çardepe adyny;

Bedirkent geňeşliginiň Was obasynyň adyny üýtgedip, oňa Şagadam adyny;

7) S. A. Nyýazow adyndaky etrabyň:

Gülüstan geňeşliginiň Ketli obasynyň adyny üýtgedip, oňa Parahat adyny;

Şöhrat geňeşliginiň Gazakaul obasynyň adyny üýtgedip, oňa Bagtyýarlyk adyny;

Nowbahar geňeşliginiň Zaňňyl obasynyň adyny üýtgedip, oňa Täze ýol, Kigizçi obasynyň adyny üýtgedip, oňa Gülzar adyny dakmaly.

9. Şu obalary degişli ilatly ýerleriň hasabyndan çykarmaly:

1) Akdepe ertabynyň Täzeoba geňeşliginiň Dostluk, Gazakýap, Täzeoba obalaryny;

2) Boldumsaz etrabynyň:

10 ýyl abadanlyk geňeşliginiň Baýjamergen, Bektemir, Gökleň, Dyşky, Uşagan obalaryny;

Rowaçlyk geňeşliginiň Galkynyş obasyny;

3) Görogly etrabynyň:

Annagylyç Ataýew adyndaky geňeşliginiň Arabaçy obasyny;

Balyş Öwezow adyndaky geňeşliginiň Jykyrçy, Ýüzbaşy obalaryny;

Magtymguly adyndaky geňeşliginiň Sazakly obasyny;

S. Nyýazow adyndaky geňeşliginiň Gyzylgum, Mirapgala obalaryny;

Türkmenýoly geňeşliginiň Akderek, Gyrbaba, Polasoltan obalaryny;

Ýagtylyk geňeşliginiň Hojakümmet obasyny;

4) Gubadag etrabynyň:

Gökçäge geňeşliginiň Döwgala obasyny;

Ýaşlyk geňeşliginiň Daşerez obasyny;
5) Gurbansoltan eje adyndaky etrabyň:
Altyn toprak geňeşliginiň Hazarasp obasyny;
Nurmuhammet Andalyp adyndaky geňeşligiň Garamergen, Depmeçi obalaryny;
Ak altyn geňeşliginiň Sapaly, Esrikgara, Kazy obalaryny;
6) Köneürgenç etrabynyň:
Abadan geňeşliginiň Göksuw obasyny;
Akgala geňeşliginiň Jelaýyr obasyny;
7) Ruhubelent etrabynyň:
Oguzboýy geňeşliginiň Bugdaýly, Garaşsyzlyk obalaryny;
Tünüderýa geňeşliginiň Altyn asyr, Döwletli, Gaýratly, Taýgyr, Täzeýer obalaryny;
8) S. A. Nyýazow adyndaky etrabyň:
Asudalyk geňeşliginiň Gowdaşa obasyny;
Şatlyk geňeşliginiň Azatlyk obasyny.

10. Şu geňeşlikleri ýatyrmaly we dolandyryş-çäk düzümleriniň hasabyndan çykarmaly:
1) Gurbansoltan eje adyndaky etrabyň Atamyrat aga geňeşligini;
2) Köneürgenç etrabynyň Akgum geňeşligini;
3) Ruhubelent etrabynyň Şähribossan, Şasenem, Oguzboýy geňeşliklerini;
4) Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň Ruhubelent geňeşligini.

11. Türkmenistanyň Mejlisiniň 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky 112-IV belgili karary bilen tassyklanylan Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birlikleriniň Sanawyna şu karardan gelip çykýan degişli üýtgetmeleri girizmeli.

12. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti Daşoguz welaýatynyň häkimligi bilen bilelikde Daşoguz welaýatynyň dolandyryş çäkleriniň ýazgysyny bellenen tertipde geçirmeli.

13. Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birliklerine degişli üýtgetmeleri girizmek bilen baglylykda degişli halk maslahatlarynyň hem-de Geňeşleriň agzalarynyň ygtyýarlyklaryny olaryň saýlanan wagtynda kanunlarda bellenen möhletiň dowamynda saklap galmaly.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2016-njy ýylyň 13-nji iýuny.*
*№ 406-V.*

## Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilen kanunlar we kararlar

### TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

### 109. Lebap welaýatynyň dolandyryş-çäk meseleleri hakynda

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň şäherlerinde, şäherçelerinde we obalarynda durmuş-ykdysady infrastrukturany mundan beýläk hem ösdürmek boýunça amala aşyrylýan syýasatyň netijesinde halkymyzyň abadançylygynyň yzygiderli ýokarlanmagyny üpjün etmek üçin giň möçberli özgertmeler durmuşa geçirilýär.

Döwletimizde durmuşa geçirilýän dolandyryş-çäk özgertmeleriniň çäginde Lebap welaýatynyň ilatly ýerlerini durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak hem-de welaýatyň dolandyryş-çäk gurluşyny döwrüň talabyna laýyk kämilleşdirmek, ýaşaýyş jaýlaryny we dürli maksatly binalary we desgalary häzirki zamanyň talaplaryna görä ýerleşdirmek maksady bilen hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň teklipnamasyny nazara alyp, «Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň meselelerini çözmegiň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Lebap welaýatynda:

1) Şu kararyň 1-nji goşundysyndaky çyzga laýyklykda:

Beýik Türkmenbaşy adyndaky etrabyň ýerlerinden 7405 ga ýeri Döwletli etrabynyň dolandyryş çägine;

Döwletli etrabynyň ýerlerinden 3690 ga ýeri Hojambaz etrabynyň dolandyryş çägine;

Garabekewül etrabynyň ýerlerinden 4270 ga ýeri Halaç etrabynyň dolandyryş çägine;

2) Şu kararyň 2-nji goşundysyndaky çyzga laýyklykda:

Garaşsyzlyk etrabynyň ýerlerinden 157780 ga, Serdarabat etrabynyň ýerlerinden 22000 ga ýeri Galkynyş etrabynyň dolandyryş çägine;

Garaşsyzlyk etrabynyň ýerlerinden 6220 ga ýeri Seýdi şäheriniň dolandyryş çägine;

Galkynyş etrabynyň ýerlerinden 107000 ga, Serdarabat etrabynyň ýerlerinden 53134 ga ýeri Garaşsyzlyk etrabynyň dolandyryş çägine;

3) Şu kararyň 3-nji goşundysyndaky çyzga laýyklykda:

Serdarabat etrabynyň ýerlerinden 7961 ga ýeri Türkmenabat şäheriniň dolandyryş çägine, 1000 ga ýeri Sakar etrabynyň dolandyryş çägine geçirmeli.

2. Şu şäherçelere etrapdaky şäher derejesini bermeli:

1) Beýik Türkmenbaşy adyndaky etrabyň Dostluk şäherçesine;

2) Birata etrabynyň Birata şäherçesine;

3) Farap etrabynyň Farap şäherçesine;

4) Galkynyş etrabynyň Galkynyş şäherçesine;

5) Garabekewül etrabynyň Garabekewül şäherçesine;

6) Halaç etrabynyň Halaç şäherçesine;

7) Hojambaz etrabynyň Hojambaz şäherçesine;

8) Köýtendag etrabynyň Köýtendag şäherçesine;

9) Sakar etrabynyň Sakar şäherçesine;

10) Saýat etrabynyň Saýat şäherçesine.

3. Şu obalara şäherçe derejesini bermeli:

1) Atamyrat etrabynyň Astanababa geňeşliginiň Astanababa obasyna;

2) Garabekewül etrabynyň Yslam geňeşliginiň Yslam obasyna;

3) Garaşsyzlyk etrabynyň Asuda geňeşliginiň Jeýhun obasyna;

4) Halaç etrabynyň Çohpetde geňeşliginiň Çohpetde obasyna;

5) Hojambaz etrabynyň Beşir geňeşliginiň Beşir obasyna;

6) Sakar etrabynyň Çaltut geňeşliginiň Çaltut obasyna;

7) Serdarabat etrabynyň Kiştiwan geňeşliginiň Kiştiwan obasyna.

4. Garaşsyzlyk etrabynyň Jeýhun şäherçesiniň adyny üýtgedip, oňa Asuda adyny dakmaly.

5. Garabekewül etrabynyň çäginde döredilen täze ilatly ýere oba derejesini bermeli we oňa Berkarar zaman adyny dakmaly, bu obany Zelili adyndaky geňeşligiň düzümine goşmaly hem-de Berkarar zaman obasyny Zelili adyndaky geňeşligiň edara ediş merkezi edip bellemeli.

6. Şu ilatly ýerleri ýanaşyk ýerleşýän degişli ilatly ýerlere birleşdirmeli:

1) Atamyrat etrabynyň Atamyrat şäheriniň dolandyryş tabynlygyndaky Ýeketut obasyny Atamyrat şäherine;

2) Beýik Türkmenbaşy adyndaky etrabyň Dostluk şäheriniň dolandyryş tabynlygyndaky Azatlyk, Gurluşykçylar şäherjigi obalaryny Dostluk şäherine;

3) Birata etrabynyň Birata şäheriniň dolandyryş tabynlygyndaky Darganata obasyny Birata şäherine, Gazojak şäheriniň dolandyryş tabynlygyndaky Şyharyk obasyny Gazojak şäherine, Çarwadar geňeşliginiň Gazagoba obasyny Çarwadar obasyna, Lebap geňeşliginiň Başsaka obasyny Krançoba obasyna;

4) Döwletli etrabynyň Ýylangyz geňeşliginiň Bataş obasyny Döwletli şäherçesine, Berkararlyk geňeşliginiň Altyn ýol, Garaşsyzlyk, Ýalkym obalaryny Berkararlyk obasyna;

5) Farap etrabynyň Jendi geňeşliginiň Joşgun, Tolkun obalaryny Farap şäherine, Hanoba geňeşliginiň Gyzylja obasyny Goýgala obasyna, Kyraç geňeşliginiň Gumkent obasyny Kyraç obasyna;

6) Galkynyş etrabynyň Azatlyk geňeşliginiň Medeniýet obasyny Galkynyş şäherine, Döwletabat geňeşliginiň Adak obasyny Watan obasyna, Maý geňeşliginiň Menjere obasyny Maý obasyna;

7) Garabekewül etrabynyň Akgala geňeşliginiň Ýeňiş obasyny Akgala obasyna, Guraýyş geňeşliginiň Täzedurmuş obasyny Garabekewül şäherine;

8) Garaşsyzlyk etrabynyň Asuda geňeşliginiň Arakyýap obasyny Nyýazow şäherçesine;

9) Halaç etrabynyň Halaç geňeşliginiň Halaç obasyny Halaç şäherine, Güneşlik geňeşliginiň Mal semrediş şäherjigi obasyny Güneşlik obasyna;

10) Hojambaz etrabynyň Galkynyş geňeşliginiň Olam, Ýolbaşçy obalaryny Hojambaz şäherine, Beşir geňeşliginiň Gyzylaryk, Selhoztehnika obalaryny Beşir şäherçesine, Burdalyk geňeşliginiň Ýabany obasyny Burdalyk obasyna, Gultak geňeşliginiň Gultakoba obasyny Gultak obasyna, Mekan geňeşliginiň Suwçular obasyny Abdal obasyna;

11) Köýtendag etrabynyň Garahowuz geňeşliginiň Garahowuz obasynyň Mukry şäherçesi bilen birigen bölegini Mukry şäherçesine;

12) Sakar etrabynyň Garamahmyt geňeşliginiň Hojalykaryk, Hojainebeg geňeşliginiň Garamahmyt obalaryny Sakar şäherine, Jeňňel geňeşliginiň Täzeusul obasyny Bereketli obasyna;

13) Saýat etrabynyň Katretdin şäherçesini Saýat şäherine;

14) Serdarabat etrabynyň Balta Myradow adyndaky geňeşliginiň Nurulla Açylow adyndaky obasyny Hojagala şäherçesine, Nobat Gutlyýew adyndaky geňeşliginiň Gazagawul obasyny Magtymguly obasyna, Talhanbazar geňeşliginiň Talhanbazar obasyny Türkmenabat şäherine.

7. Şu ilatly ýerleri degişli şäherleriň, şäherçeleriň dolandyryş tabynlygyna geçirmeli:

1) Atamyrat etrabynyň Astanababa geňeşliginiň Botaýer, Gabşal, Sopyýer obalaryny Astanababa şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna;

2) Döwletli etrabynyň Ýylangyz geňeşliginiň Aşgabat obasyny Döwletli şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna;

3) Garabekewül etrabynyň Yslam geňeşliginiň Gumakly, Soltanjeňňel obalaryny Yslam şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna;

4) Garaşsyzlyk etrabynyň Asuda geňeşliginiň Çandyroba, Erdel, Kiçiaryk obalaryny Asuda şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna;

5) Halaç etrabynyň Çohpetde geňeşliginiň Bagşyly, Jeňňel, Okçandyr, Täzemekan obalaryny Çohpetde şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna;

6) Hojambaz etrabynyň Beşir geňeşliginiň Boraşly, Gabyrdy, Garaja, Güneş, Ýokarkyşor obalaryny Beşir şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna;

7) Köýtendag etrabynyň Ters geňeşliginiň Hojak obasyny Garlyk şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna;

8) Sakar etrabynyň Çaltut geňeşliginiň Görelde obasyny Çaltut şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna;

9) Serdarabat etrabynyň Kiştiwan geňeşliginiň Garagum, Garaguş, Gatyaryk, Ikinji Çärjew, Keltemarküş, Mekan, Nebitçi, Ussaçy obalaryny Kiştiwan şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna.

8. Şu şäherçäni, geňeşligi we obalary degişlilikde bir etrapdan beýleki etrabyň düzümine geçirmeli:

1) Magdanly şäheriniň Gurşun magdan käni şäherçesini Köýtendag etrabynyň düzümine;

2) Beýik Türkmenbaşy adyndaky etrabyň Garagum geňeşligini Döwletli etrabynyň düzümine;

3) Halaç etrabynyň Jeýhun geňeşliginiň Gülüstan obasyny Atamyrat etrabynyň Garaşsyzlygyň 15 ýyllygy adyndaky şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna;

4) Serdarabat etrabynyň Sarykbala geňeşliginiň Garaşsyzlyk obasyny Garaşsyzlyk etrabynyň Berzeň geňeşliginiň düzümine.

9. Şu obalary degişlilikde bir geňeşlikden beýleki geňeşligiň düzümine geçirmeli:

1) Beýik Türkmenbaşy adyndaky etrabyň Ýylgynagyz geňeşliginiň Ýylgynagyz obasyny Türkmenistan geňeşliginiň düzümine;

2) Döwletli etrabynyň Hojahaýran geňeşliginiň Miras obasyny, Garagum geňeşliginiň Garagum obasyny Abadan geňeşliginiň, Watan geňeşliginiň Watan obasyny Täzedurmuş geňeşliginiň düzümine;

3) Farap etrabynyň Täzeoba geňeşliginiň Amyderýa, Azatlyk, Bakyjan, Bereket, Dostluk, Watan obalaryny Jendi geňeşliginiň düzümine;

4) Garabekewül etrabynyň Guraýyş geňeşliginiň Şaglar obasyny Baý geňeşliginiň düzümine;

5) Köýtendag etrabynyň Akgumolam geňeşliginiň Hojeýpil obasyny Köýten geňeşliginiň düzümine;

6) Saýat etrabynyň Katretdin şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyndaky Guşçulyk obasyny Mülk geňeşliginiň düzümine;

7) Serdarabat etrabynyň Kiştiwan geňeşliginiň Adak obasyny, Nobat Gutlyýew adyndaky geňeşliginiň Petdeli obasyny Boýrabap geňeşliginiň düzümine, Zergär geňeşliginiň Ýalkym obasyny Gularyk geňeşliginiň düzümine.

10. Şu geňeşlikleriň we obalaryň adyny üýtgetmeli:

1) Döwletli etrabynyň Abadan geňeşliginiň adyny üýtgedip, oňa Miras adyny dakmaly;

2) Serdarabat etrabynyň Gularyk geňeşliginiň adyny üýtgedip, oňa Kölaryk adyny dakmaly;

3) Atamyrat etrabynyň Gyzylaýak geňeşliginiň Mirnyý obasynyň adyny üýtgedip, oňa Parahat adyny dakmaly;

4) Döwletli etrabynyň Hojahaýran geňeşliginiň Gyzguduk obasynyň adyny üýtgedip, oňa Gyzguýy adyny dakmaly;

5) Serdarabat etrabynyň Kiştiwan şäherçesiniň Garaguş obasynyň adyny üýtgedip, oňa Parahatçylyk, Gatyaryk obasynyň adyny üýtgedip, oňa Miras, Keltemarküş obasynyň adyny üýtgedip, oňa Bagtyýarlyk, Amyderýa geňeşliginiň Ölmezek obasynyň adyny üýtgedip, oňa Hydyrili, Balta Myradow adyndaky geňeşliginiň Älemgoşar obasynyň adyny üýtgedip, oňa Hojamekan, Kölaryk geňeşliginiň Gularyk obasynyň adyny üýtgedip, oňa Kölaryk adyny dakmaly.

11. Şu geňeşlikleriň edara ediş merkezlerini başga ilatly ýere geçirmeli:

1) Atamyrat etrabynyň Daşlyk geňeşliginiň edara ediş merkezini Lebap obasyna;

2) Döwletli etrabynyň Abadan geňeşliginiň edara ediş merkezini Miras obasyna;

3) Garabekewül etrabynyň Akgala geňeşliginiň edara ediş merkezini Akgala obasyna;

4) Halaç etrabynyň Halaç geňeşliginiň edara ediş merkezini Halaç şäherine;

5) Hojambaz etrabynyň Galkynyş geňeşliginiň edara ediş merkezini Hojambaz şäherine, Surhy geňeşliginiň edara ediş merkezini Sabynly obasyna;

6) Köýtendag etrabynyň Garnas geňeşliginiň edara ediş merkezini Dostluk obasyna;

7) Serdarabat etrabynyň Boýrabap geňeşliginiň edara ediş merkezini Gaýmakçy, Talhanbazar geňeşliginiň edara ediş merkezini Pagtaçy obasyna;

8) Seýdi şäheriniň Gabakly geňeşliginiň edara ediş merkezini Gabakly obasyna.

12. Şu şäherçäni we obalary degişli ilatly ýerleriň hasabyndan çykarmaly:

1) Atamyrat etrabynyň Atamyrat şäheriniň dolandyryş tabynlygyndaky Ýeketut, Astanababa geňeşliginiň Astanababa obalaryny;

2) Beýik Türkmenbaşy adyndaky etrabyň Dostluk şäheriniň dolandyryş tabynlygyndaky Azatlyk, Gurluşykçylar şäherjigi, Serdar geňeşliginiň Ärsarybaba obalaryny;

3) Birata etrabynyň Birata şäheriniň dolandyryş tabynlygyndaky Darganata, Gazojak şäheriniň dolandyryş tabynlygyndaky Şyharyk, Çarwadar geňeşliginiň Gazagoba, Lebap geňeşliginiň Başsaka obalaryny;

4) Döwletli etrabynyň Abadan geňeşliginiň Abadan, Berkararlyk geňeşliginiň Altyn ýol, Garaşsyzlyk, Ýalkym, Tallymerjen geňeşliginiň Jeýhun,

Watan geňeşliginiň Türkmenistan, Ýylangyz geňeşliginiň Bataş, Ýaşlyk obalaryny;

5) Farap etrabynyň Hanoba geňeşliginiň Gyzylja, Jendi geňeşliginiň Amyderýa, Azatlyk, Bakyjan, Bereket, Dostluk, Joşgun, Tolkun, Watan, Kyraç geňeşliginiň Gumkent obalaryny;

6) Galkynyş etrabynyň Azatlyk geňeşliginiň Medeniýet, Döwletabat geňeşliginiň Adak, Maý geňeşliginiň Menjere obalaryny;

7) Garabekewül etrabynyň Akgala geňeşliginiň Ýeňiş, Guraýyş geňeşliginiň Täzedurmuş, Yslam geňeşliginiň Yslam obalaryny;

8) Garaşsyzlyk etrabynyň Asuda geňeşliginiň Asuda, Arakyýap, Berzeň geňeşliginiň Buýançy obalaryny;

9) Halaç etrabynyň Çohpetde geňeşliginiň Çohpetde, Güneşlik geňeşliginiň Mal semrediş şäherjigi, Halaç geňeşliginiň Halaç obalaryny;

10) Hojambaz etrabynyň Beşir geňeşliginiň Beşir, Gyzylaryk, Selhoztehnika, Galkynyş geňeşliginiň Olam, Ýolbaşçy, Gultak geňeşliginiň Gultakoba, Mekan geňeşliginiň Suwçular obalaryny;

11) Köýtendag etrabynyň Kelif şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyndaky Jargüzer, Garahowuz geňeşliginiň Akdaş obalaryny;

12) Sakar etrabynyň Çaltut geňeşliginiň Çaltut, Garamahmyt geňeşliginiň Hojalygaryk, Hojainebeg geňeşliginiň Garamahmyt, Jeňňel geňeşliginiň Täzeusul obalaryny;

13) Saýat etrabynyň Katretdin şäherçesini, Çekiç geňeşliginiň Şatlyk obasyny;

14) Serdarabat etrabynyň Balta Myradow adyndaky geňeşliginiň Nurulla Açylow adyndaky, Kiştiwan geňeşliginiň Kiştiwan, Nobat Gutlyýew adyndaky geňeşliginiň Gazagawul, Talhanbazar geňeşliginiň Talhanbazar obalaryny.

13. Şu geňeşlikleri ýatyrmaly we dolandyryş-çäk düzümleriniň hasabyndan çykarmaly:

1) Atamyrat etrabynyň Astanababa geňeşligini;

2) Beýik Türkmenbaşy adyndaky etrabyň Ýylgynagyz geňeşligini;

3) Döwletli etrabynyň Garagum, Watan, Ýylangyz geňeşliklerini;

4) Farap etrabynyň Täzeoba geňeşligini;

5) Garabekewül etrabynyň Guraýyş, Yslam geňeşliklerini;

6) Garaşsyzlyk etrabynyň Asuda geňeşligini;

7) Halaç etrabynyň Çohpetde geňeşligini;

8) Hojambaz etrabynyň Beşir geňeşligini;

9) Sakar etrabynyň Çaltut geňeşligini;

10) Serdarabat etrabynyň Kiştiwan geňeşligini.

14. Türkmenistanyň Mejlisiniň 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky karary bilen tassyklanylan Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birlikleriniň Sanawyna degişli üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmeli. (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 2, 36-njy madda).

15. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti Lebap welaýatynyň häkimligi bilen bilelikde Lebap welaýatynyň dolandyryş çäkleriniň ýazgysyny bellenen tertipde geçirmeli.

16. Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birliklerine degişli üýtgetmeleri girizmek bilen baglylykda degişli halk maslahatlarynyň hem-de Geňeşleriň agzalarynyň ygtyýarlyklaryny olaryň saýlanan wagtynda kanunlarda bellenen möhletiň dowamynda saklap galmaly.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2016-njy ýylyň 7-nji iýuly.*
*№ 425-V.*

---

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

**110. Türkmenistanyň Inžener-tehnologiýalar uniwersitetine Oguz hanyň adyny dakmak hakynda**

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň bilim ulgamyna jemgyýetiň, onuň her bir nesliniň ruhy binasynyň esasy hökmünde garaýar. Täze taryhy döwürde ýurdumyzda ýokary okuw mekdepleriniň, olarda öwredilýän hünärleriň hem-de kabul edilýän talyplaryň sany ýylyň-ýylyna yzygiderli artdyrylýar. Ýurdumyzyň bilim ulgamynyň mazmuny hem-de düzümi boýunça ylmy tehnologiýalar babatda ýokary derejä ýetirilmegi, ýaş nesliň döwrebap bilim almagy üçin döredilýän şertler bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmaga, milli hem-de dünýä tejribesine esaslanýan özgertmeleri üstünlikli durmuşa geçirmäge ýardam edýär.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda häzirki döwürde ýurdumyzda döredilen ylmy-tehniki mümkinçilikleriň, düýpli hem-de amaly barlaglaryň peýdalanylyşynyň netijeliliginiň artdyrylmagy, dünýäniň ylym we bilim merkezleri bilen özara gatnaşyklaryň ösdürilmegi ylym-bilim babatda döwlet syýasatynyň möhüm ugry bolup durýar.

## TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

### 111. Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty B.Ý.Gökçeýewiň ygtyýarlyklaryny möhletinden öň ýatyrmak hakynda

«Türkmenistanyň Mejlisi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 33-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**
Türkmenistanyň Mejlisiniň Mary welaýatynyň 124-nji «Pendi» saýlaw okrugy boýunça deputaty Begmyrat Ýagşymyradowiç **Gökçeýewiň** Mary welaýatynyň Tagtabazar etrabynyň häkimi wezipesine bellenilmegi bilen baglanyşykly, onuň deputatlyk ygtyýarlyklaryny möhletinden öň, 2016-njy ýylyň 23-nji iýulyndan ýatyrylan diýip hasap etmeli.

**Türkmenistanyň
Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.
2016-njy ýylyň 23-nji iýuly.
№ 428-V.*

---

## TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

### 112. Mary welaýatynyň dolandyryş-çäk meseleleri hakynda

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň şäherlerinde, şäherçelerinde we obalarynda durmuş-ykdysady infrastrukturany mundan beýläk hem ösdürmek boýunça amala aşyrylýan syýasatyň netijesinde halkymyzyň abadançylygynyň yzygiderli ýokarlanmagyny üpjün etmek üçin giň möçberli özgertmeler durmuşa geçirilýär.

Döwletimizde durmuşa geçirilýän dolandyryş-çäk özgertmeleriniň çäginde Mary welaýatynyň ilatly ýerlerini durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak hem-de welaýatyň dolandyryş-çäk gurluşyny döwrüň talabyna laýyk kämilleşdirmek, ýaşaýyş jaýlaryny hem-de dürli maksatly binalary we desgalary häzirki zamanyň talaplaryna görä ýerleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň teklipnamasyny nazara alyp, «Türkmenistanyň dolandyryş-çäk

gurluşynyň meselelerini çözmegiň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Mary welaýatynda:

1) Şu kararyň 1-nji goşundysyndaky çyzga laýyklykda:

Baýramaly etrabynyň ýerlerinden 29194 ga ýeri Garagum etrabynyň dolandyryş çägine;

Mary etrabynyň ýerlerinden 136706 ga ýeri, Wekilbazar etrabynyň ýerlerinden 74250 ga ýeri, Sakarçäge etrabynyň ýerlerinden 102745 ga ýeri, Baýramaly etrabynyň ýerlerinden 129246 ga ýeri Türkmengala etrabynyň dolandyryş çägine;

Mary etrabynyň ýerlerinden 166941 ga ýeri, Wekilbazar etrabynyň ýerlerinden 62936 ga ýeri, Baýramaly etrabynyň ýerlerinden 117658 ga ýeri, Türkmengala etrabynyň ýerlerinden 11500 ga ýeri, Sakarçäge etrabynyň ýerlerinden 165956 ga ýeri, Serhetabat etrabynyň ýerlerinden 190122 ga ýeri Tagtabazar etrabynyň dolandyryş çägine;

Wekilbazar etrabynyň ýerlerinden 207857 ga ýeri Mary etrabynyň dolandyryş çägine;

Mary etrabynyň ýerlerinden 24430 ga ýeri Wekilbazar etrabynyň dolandyryş çägine;

Mary etrabynyň ýerlerinden 45861 ga ýeri, Wekilbazar etrabynyň ýerlerinden 43263 ga ýeri, Murgap etrabynyň ýerlerinden 23235 ga ýeri, Altyn sähra etrabynyň ýerlerinden 45558 ga ýeri Oguzhan etrabynyň dolandyryş çägine;

Serhetabat etrabynyň ýerlerinden 488591 ga ýeri Ýolöten etrabynyň dolandyryş çägine geçirmeli.

2) Şu kararyň 2-nji goşundysyndaky çyzga laýyklykda:

Mary etrabynyň ýerlerinden 2266 ga ýeri, Wekilbazar etrabynyň ýerlerinden 2325 ga ýeri Mary şäheriniň dolandyryş çägine geçirmeli;

3) Şu kararyň 3-nji goşundysyndaky çyzga laýyklykda:

Baýramaly etrabynyň ýerlerinden 830 ga ýeri Baýramaly şäheriniň dolandyryş çägine geçirmeli.

2. Şu şäherçelere etrapdaky şäher derejesini bermeli:

1) Murgap etrabynyň Murgap şäherçesine;

2) Sakarçäge etrabynyň Sakarçäge şäherçesine;

3) Türkmengala etrabynyň Türkmengala şäherçesine.

3. Baýramaly etrabynyň Mekan geňeşliginiň Mekan obasyna, Garagum etrabynyň Ýagtyýol geňeşliginiň Ýagtyýol obasyna şäherçe derejesini bermeli.

4. Oguzhan etrabynyň çäginde döredilen täze ilatly ýere şäherçe derejesini bermeli we oňa Döwletli zaman adyny dakmaly.

5. Şu ilatly ýerleri ýanaşyk ýerleşýän ilatly ýerlere birleşdirmeli:

1) Baýramaly etrabynyň Balçylyk geňeşliginiň Balçylyk, Nahalçy obalaryny Baýramaly şäherine;

2) Mary etrabynyň Muhadow adyndaky geňeşliginiň Muhadow adyndaky, Mülkbagşy geňeşliginiň Mülkbagşy, Garagum, Jykyrýer, Kerpiçli, Merjenliperreň obalaryny Mary şäherine;

3) Wekilbazar etrabynyň Gökje geňeşliginiň Gökje, Perreňçäge, Pökgen obalaryny Mary şäherine;

4) Murgap etrabynyň Azatlyk geňeşliginiň Turatoba obasyny Murgap şäherine;

5) Sakarçäge etrabynyň Akýap geňeşliginiň Hajysopy obasyny Sakarçäge şäherine;

6) Türkmengala etrabynyň Berkarar geňeşliginiň Daýhan, Jarly, Gatlaly geňeşliginiň Şaýlydepe obalaryny Türkmengala şäherine;

7) Mary etrabynyň Ak altyn geňeşliginiň Jar obasyny Peşanaly geňeşliginiň Peşanaly obasyna, Milli Goşun geňeşliginiň Massur obasyny Mawyteber obasyna;

8) Sakarçäge etrabynyň Gorgangala geňeşliginiň Ýasman obasyny Çeltek obasyna, Gumgüzer geňeşliginiň Gumgüzer obasyny Garybata obasyna, Görelde geňeşliginiň Pürmetýap obasyny Agar obasyna, Hojadepe geňeşliginiň Zäkir obasyny Çöňür obasyna;

9) Serhetabat etrabynyň Serhetçi geňeşliginiň Serhetli obasyny Serhetçi obasyna;

10) Serhetabat etrabynyň Daşköpri geňeşliginiň Daşköpri bekedi obasyny Daşköpri obasyna;

11) Türkmengala etrabynyň Hasyl geňeşliginiň Iňrik obasyny Hasyl obasyna, Seýitnazar Seýdi adyndaky geňeşliginiň Işeňňir obasyny Ärsary obasyna, Täzedünýä geňeşliginiň Ärsaryoba obasyny Kyrkişik obasyna, Zähmet geňeşliginiň Galkynyş obasyny Zähmet şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyndaky Zähmet bekedi obasyna;

12) Wekilbazar etrabynyň Mollanepes geňeşliginiň Çotan obasyny Gara obasyna;

13) Ýolöten etrabynyň Agzybirlik geňeşliginiň Bäşýyllyk obasyny Gulja obasyna.

6. Mary şäheriniň Saparmyrat Türkmenbaşy şäherçesini Mary etrabynyň düzümine geçirmeli.

7. Serhetabat etrabynyň Daşköpri geňeşligini Tagtabazar etrabynyň, Garaköl, Döwletli geňeşliklerini Ýolöten etrabynyň düzümine geçirmeli.

8. Şu obalary bir geňeşlikden beýleki geňeşligiň düzümine geçirmeli:

1) Baýramaly etrabynyň Agaýusup adyndaky geňeşliginiň Göksuw obasyny Erkana geňeşliginiň, Azat geňeşliginiň Ýylgynly obasyny Ýalkym

geňeşliginiň, Azat geňeşliginiň Gutlamgala, Bagt geňeşliginiň Gurbangala, Ýalkym geňeşliginiň Çöpli obalaryny Guşlyoba geňeşliginiň, Mekan geňeşliginiň Depgin, Merw geňeşliginiň Kanal, Şapak geňeşliginiň Odunçy obalaryny Beýikköpri geňeşliginiň düzümine;

2) Garagum etrabynyň Şatlyk geňeşliginiň Atlyýatan obasyny Durnalyýap geňeşliginiň düzümine;

3) Mary etrabynyň Ak altyn geňeşliginiň Jar obasyny Peşanaly geňeşliginiň düzümine;

4) Murgap etrabynyň Gökdepe geňeşliginiň Garaşsyzlyk obasyny Gowşutbent geňeşliginiň düzümine.

9. Baýramaly etrabynyň Agaýusup adyndaky geňeşliginiň Harsaňly, Mekan geňeşliginiň Garaja obalaryny Mekan şäherçesiniň, Garagum etrabynyň Ýagtyýol geňeşliginiň Garajadepe, Guýruklydepe, Munan obalaryny Ýagtyýol şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna geçirmeli.

10. Şu geňeşlikleri ýatyrmaly we dolandyryş-çäk birlikleriniň hasabyndan çykarmaly:

1) Altyn sähra etrabynyň Altyn sähra, Lälezar, Ruhnama, Türkmenistan geňeşliklerini;

2) Baýramaly etrabynyň Balçylyk, Mekan geňeşliklerini;

3) Garagum etrabynyň Ýagtyýol geňeşligini;

4) Mary etrabynyň Muhadow adyndaky, Mülkbagşy geňeşliklerini;

5) Oguzhan etrabynyň Daghan geňeşligini;

6) Türkmengala etrabynyň Berkarar geňeşligini.

11. Şu şäherçäniň, geňeşlikleriň we obalaryň adyny üýtgetmeli:

1) Baýramaly etrabynyň Rawnina şäherçesine Berkarar adyny;

2) Altyn sähra etrabynyň Altyn asyr geňeşligine we Altyn asyr obasyna Aýhan, Bitaraplyk geňeşligine we Bitaraplyk obasyna Günhan, Garaşsyzlyk geňeşligine we Garaşsyzlyk obasyna Gökhan, Ýaşlyk geňeşligine we Ýaşlyk obasyna Daghan adyny;

3) Baýramaly etrabynyň Bagt geňeşliginiň Çöplidepe-1 obasyna Kenar, Çöplidepe-2 obasyna Çöplidepe, Gatakar geňeşliginiň Türkmenpolk obasyna Türkmen Goşun adyny;

4) Mary etrabynyň G.Atabaýew adyndaky geňeşliginiň Körsagyr obasyna Döwletli, Mukgy Lorsy adyndaky geňeşliginiň Arykkörhaşyrdyk obasyna Mukgy Lorsy adyndaky, Täzegüýç geňeşliginiň Alasakgal obasyna Täzeoba adyny;

5) Murgap etrabynyň Rowaçlyk geňeşliginiň Garantgalygökje obasyna Rowaçlyk adyny;

6) Sakarçäge etrabynyň Agzybir geňeşliginiň Agzyýoluk obasyna Arkadag, Gorgangala geňeşliginiň Çeltek obasyna Bagşy, Görelde geňeşliginiň

Agar obasyna Görelde, Gumgüzer geňeşliginiň Gurultaý obasyna Gumgüzer, Gülüstan geňeşliginiň Çuňňul obasyna Gülüstan, Hojadepe geňeşliginiň Çöňür obasyna Hojadepe adyny;

7) Tagtabazar etrabynyň Sandykgaçy geňeşliginiň 9-njy Maý obasyna Ýeňiş, Oktýabr obasyna 27-nji oktýabr adyny;

8) Wekilbazar etrabynyň Akgoňur geňeşliginiň Golak obasyna Narlyoba, Gyzylgurama obasyna Ýagtylyk, Goňur geňeşliginiň Ýagyp obasyna Nurana, Täzedurmuş geňeşliginiň Mülkdäli obasyna Döwletli adyny;

9) Ýolöten etrabynyň Ahunbaba geňeşliginiň Şyhoba obasyna Bagtyýarlyk, Agzybirlik geňeşliginiň Gulja obasyna Agzybirlik, Akgüzer geňeşliginiň Ýapagy obasyna Lälezar, Gammarbaba geňeşliginiň Ganlybaş obasyna Gammaryap, Ýokary Suhty geňeşliginiň Gyzylmes obasyna Altyn toprak adyny dakmaly.

12. Şu obalary ilatly ýerleriň hasabyndan çykarmaly:

1) Altyn sähra etrabynyň Altyn sähra geňeşliginiň Altyn sähra, Lälezar geňeşliginiň Lälezar, Ruhnama geňeşliginiň Ruhnama, Türkmenistan geňeşliginiň Türkmenistan obalaryny;

2) Baýramaly etrabynyň Balçylyk geňeşliginiň Balçylyk, Nahalçy obalaryny, Mekan geňeşliginiň Mekan obasyny;

3) Garagum etrabynyň Ýagtyýol geňeşliginiň Ýagtyýol obasyny;

4) Mary etrabynyň Ak altyn geňeşliginiň Jar, Milli goşun geňeşliginiň Massur, Muhadow adyndaky geňeşliginiň Muhadow adyndaky, Mülkbagşy geňeşliginiň Mülkbagşy, Garagum, Jykyrýer, Kerpiçli, Merjenliperreň obalaryny;

5) Murgap etrabynyň Azatlyk geňeşliginiň Turatoba, Gatyýap geňeşliginiň Amanýap, Gazagoba obalaryny;

6) Sakarçäge etrabynyň Akýap geňeşliginiň Hajysopy, Gorgangala geňeşliginiň Ýasman, Gumgüzer geňeşliginiň Gumgüzer, Görelde geňeşliginiň Pürmetýap, Hojadepe geňeşliginiň Zäkir, Sakarçäge geňeşliginiň Külli obalaryny;

7) Serhetabat etrabynyň Serhetçi geňeşliginiň Serhetli, Çemenabat geňeşliginiň Täzeguýy, Galaýmor geňeşliginiň Goýunly, Hopbuk obalaryny;

8) Tagtabazar etrabynyň Daşköpri geňeşliginiň Daşköpri bekedi obasyny;

9) Türkmengala etrabynyň Berkarar geňeşliginiň Daýhan, Jarly, Gatlaly geňeşliginiň Şaýlydepe, Hasyl geňeşliginiň Iňrik, Serdaryap geňeşliginiň Ýaňyguýy, Seýitnazar Seýdi adyndaky geňeşliginiň Işeňňir, Täzedünýä geňeşliginiň Ärsaryoba, Zähmet geňeşliginiň Galkynyş obalaryny;

10) Wekilbazar etrabynyň Gökje geňeşliginiň Gökje, Perreňçäge, Pökgen, Mollanepes geňeşliginiň Çotan obalaryny;

11) Ýolöten etrabynyň Agzybirlik geňeşliginiň Bäşýyllyk, Garaköl geňeşliginiň Jürre obalaryny.

13. Baýramaly etrabynyň dolandyryş merkezini Mekan şäherçesine, Mary etrabynyň dolandyryş merkezini Saparmyrat Türkmenbaşy şäherçesine, Oguzhan etrabynyň dolandyryş merkezini Parahat şäherçesine, Wekilbazar etrabynyň Gökje geňeşliginiň dolandyryş merkezini Arzuw obasyna geçirmeli.

14. Mary welaýatynyň Altyn sähra etrabyny ýatyrmaly hem-de onuň dolandyryş çäginiň ýerlerini we dolandyryş-çäk birliklerini Oguzhan etrabyna geçirmeli.

15. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti Mary welaýatynyň häkimligi bilen bilelikde degişli dolandyryş çäkleriň ýazgysyny bellenen tertipde geçirmeli.

16. Türkmenistanyň Mejlisiniň 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky karary bilen tassyklanylan Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birlikleriniň Sanawyna degişli üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmeli (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 2, 36-njy madda).

17. Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birliklerine degişli üýtgetmeleri girizmek bilen baglylykda degişli halk maslahatlarynyň hem-de Geňeşleriň agzalarynyň ygtyýarlyklaryny olaryň saýlanan wagtynda kanunlarda bellenen möhletiň dowamynda saklap galmaly.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2016-njy ýylyň 1-nji awgusty.*
*№ 429-V.*

---

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

**113. «Psihiatrik kömek bermek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyny taýýarlamak boýunça iş toparyny döretmek hakynda**

Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

«Psihiatrik kömek bermek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasyny taýýarlamak boýunça iş toparyny şu düzümde döretmeli:

**Halbaýewa** Joragül Myrzaýewna – Türkmenistanyň Mejlisiniň Durmuş syýasaty baradaky komitetiniň başlygynyň orunbasary;

**135. Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynda döredilen täze ilatly ýere şäherçe derejesini bermek hakynda**

Ahal welaýatynyň hem-de Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň häkimlikleriniň towakganamalaryny nazara alyp, «Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň meselelerini çözmegiň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynda döredilen täze ilatly ýere şäherçe derejesini bermeli we oňa «Bereketli zaman» adyny dakmaly hem-de mundan beýläk «Ak bugdaý etrabynyň Bereketli zaman şäherçesi» diýip atlandyrmaly.

2. Türkmenistanyň Mejlisiniň 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky 112-IV belgili karary bilen tassyklanylan Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birlikleriniň Sanawyna degişli üýtgetmeleri girizmeli.

3. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti Ahal welaýatynyň häkimligi bilen bilelikde degişli dolandyryş çäkleriň ýazgysyny bellenen tertipde geçirmeli.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2016-njy ýylyň 28-nji sentýabry.*
*№ 452-V.*

11. Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden güýje girýär.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Gurbanguly Berdimuhamedow** |

*Aşgabat şäheri.*
*2010-njy ýylyň 26-njy noýabry.*
*№ 151-IV.*

---

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

**76. Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynyň dolandyryş-çäk gurluşynyň käbir meseleleri hakynda**

Türkmenistanyň Prezidentiniň täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda ýurdumyzy ykdysady taýdan ösdürmek, halkymyzyň bolelin eşretli durmuşda ýaşamagyny üpjün etmek ugrundaky tutumlary barha rowaç alýar.

Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynda gurulýan kaliý dökünlerini öndürýän dag-magdan toplumynda hem-de sement zawodynda işlejek işgärleriň zerur ýaşaýyş-durmuş şertlerini üpjün etmek, gurulmagy meýilleşdirilýän dürli maksatly binalary we desgalary şäher gurluşygynyň talaplaryna laýyklykda ýerleşdirmek we ýerleri netijeli peýdalanmak maksady bilen, Köýtendag etrabynyň Garlyk geňeşliginiň ilatynyň, Garlyk geňeşliginiň Geňeşiniň, Köýtendag etrap we Lebap welaýatynyň häkimleriniň Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabyndaky täze ilatly ýere şäherçe derejesini bermek we şol şäherçä Garlyk adyny dakmak hem-de Garlyk geňeşligini ýatyrmak we bu geňeşligiň Garlyk we Künjek obalaryny säherçäniň dolandyryş tabynlygyna bermek baradaky towakganamalaryny hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň teklipnamasyny nazara alyp, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 63-nji maddasyna hem-de «Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň meselelerini çözmegiň hem-de döwlet kärhanalaryna, guramalaryna, edaralaryna we beýleki obýektlere at dakmagyň, adyny üýtgetmegiň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabyndaky täze ilatly ýere şäherçe derejesini berip, oňa Garlyk adyny dakmaly, Köýtendag etrabynyň Garlyk geňeşligini ýatyryp, bu geňeşligiň Garlyk we Künjek obalaryny Garlyk şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna bermeli.

2. Garlyk geňeşliginiň Geňeş agzalarynyň ygtyýarlyklaryny Garlyk şäherçesiniň Geňeşiniň agzalarynyň saýlawlar gününe çenli saklap galdyrmaly.

3. Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynyň Garlyk şäherçesiniň Geňeşiniň agzalarynyň saýlawlaryny 2011-nji ýylyň 13-nji fewralyna, ýekşenbe gününe bellemeli.

4. Türkmenistanyň Mejlisiniň 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky 112-IV belgili karary bilen tassyklanylan Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birlikleriniň Sanawyna degişli üýtgetmeleri girizmeli.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2010-njy ýylyň 26-njy noýabry.*
*№ 152-IV.*

---

TÜRKMENISTANYŇ KANUNY

## 77. Türkmenistanyň 2011-nji ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda

### 1-nji madda

Türkmenistanyň 2011-nji ýyl üçin Döwlet býujetini girdejiler boýunça 61957,6 mln. manat möçberde we çykdajylar boýunça 63973,0 mln. manat möçberde, şol sanda býujetiň birinji derejesini girdejiler boýunça 10987,2 ... möçberde we çykdajylar boýunça 13002,6 mln. manat ...

## 188. Lebap welaýatynyň dolandyryş-çäk bölünişiginiň meseleleri hakynda

Hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryna laýyklykda, ýurdumyzyň dolandyryş-çäk gurluşyny kämilleşdirmek, iri dolandyryş-çäk birliklerini döretmek maksady bilen, Türkmenistanyň Mejlisi Lebap welaýatynyň, onuň şäherleriniň we etraplarynyň häkimlikleriniň hem-de degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň wekilleri bilen bilelikde welaýatyň etraplarynyň hem-de şäherleriniň ýerleşiş ýagdaýlarynyň ykdysady netijeliliginiň, olary birikdirmegiň maksada laýyklygynyň seljermesini geçirdi. Şeýle hem welaýatyň ýaşaýjylarynyň, esasan hem ýaşuly nesliň wekilleriniň hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly kitabynda beýan edilen taryhy maglumatlardan ugur alnyp, etraplaryň we şäherleriň taryhy atlaryny täzeden dikeltmek baradaky teklipleri öwrenildi.

Lebap welaýatynyň dolandyryş-çäk bölünişigini döwrüň talaplaryna laýyk kämilleşdirmek, welaýatyň ilatynyň käbir etraplary we şäherleri birikdirmek, olaryň taryhy atlaryny gaýtadan dakmak baradaky tekliplerini kanagatlandyrmak maksady bilen, şeýle hem welaýat häkimliginiň towakganamasyny hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň teklipnamasyny nazara alyp, «Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň meselelerini çözmegiň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Şu kararyň goşundysyndaky çyzga laýyklykda Döwletli etrabynyň ýerlerinden 143852 ga ýeri Hojambaz etrabynyň dolandyryş çägine geçirmeli.

2. Magdanly, Seýdi şäherleriniň etrap hukukly şäher derejesini üýtgetmeli we olara etrapdaky şäher derejesini bermeli, Magdanly şäherini hem-de onuň Çärjew we Ýürekdepe geňeşliklerini Köýtendag etrabynyň, Seýdi şäherini we onuň Gabakly we Isbaz geňeşliklerini Galkynyş etrabynyň düzümine geçirmeli.

3. Döwletli etrabynyň Tallymerjen geňeşliginiň Tölekguýy obasyny Hojambaz etrabynyň Galkynyş geňeşliginiň düzümine geçirmeli.

4. Serdarabat etrabynyň Guşçular geňeşliginiň Guşçular obasyna şäherçe derejesini bermeli we bu geňeşligiň Darganly, Garawul, Marküş, Orazaly, Ulywahym, Ýaňyaryk obalaryny Guşçular şäherçesiniň dolandyryş tabynlygyna geçirmeli.

5. Şu etraplary ýatyrmaly, olaryň dolandyryş çäginiň ýerlerini we dolandyryş-çäk birliklerini degişli etraplaryň düzümine geçirmeli:

1) Beýik Türkmenbaşy adyndaky etraby Döwletli etrabyna;
2) Garaşsyzlyk etrabyny Galkynyş etrabyna;
3) Garabekewül etrabyny Halaç etrabyna;
4) Sakar etrabyny Saýat etrabyna.

6. Şu etraplaryň we şäherçeleriň adyny üýtgetmeli:
1) Atamyrat etrabynyň we onuň Atamyrat şäheriniň adyny üýtgedip, olara Kerki adyny dakmaly;
2) Birata etrabynyň we onuň Birata şäheriniň adyny üýtgedip, olara Darganata adyny dakmaly;
3) Galkynyş etrabynyň we onuň Galkynyş şäheriniň adyny üýtgedip, olara Dänew adyny dakmaly;
4) Serdarabat etrabynyň adyny üýtgedip, oňa Çärjew adyny dakmaly;
5) Çärjew etrabynyň Guşçular şäherçesiniň adyny üýtgedip, oňa Çärjew adyny dakmaly;
6) Dänew etrabynyň Nyýazow şäherçesiniň adyny üýtgedip, oňa Garaşsyzlyk adyny dakmaly.

7. Türkmenistanyň Mejlisiniň 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky 112-IV belgili karary (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 2, 36-njy madda) bilen tassyklanylan Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birlikleriniň Sanawyna degişli üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmeli.

8. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti Lebap welaýat häkimligi bilen bilelikde welaýatyň dolandyryş çäkleriniň ýazgysyny bellenen tertipde geçirmeli.

9. Şu karar gol çekilen gününden güýje girýär.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2017-nji ýylyň 25-nji noýabry.*
*№ 679-V.*

10-njy maddada:

adynda we birinji tesimde «ýerli häkimiýet» diýen sözleri «häkimiýetiň ýerli» diýen sözlere çalşyrmaly;

2-nji bentde «döwlet dolandyryşynyň» diýen sözleri «ýerine ýetiriji häkimiýetiň» diýen sözlere çalşyrmaly;

27-nji maddanyň mazmunynda «ykdysadyýet we ösüş babatda döwlet dolandyryşynyň» diýen sözleri «maliýe we ykdysadyýet babatda ýerine ýetiriji häkimiýetiň» diýen sözlere çalşyrmaly.

II. Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden herekete girýär.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat şäheri.*
*2018-nji ýylyň 5-nji ýanwary.*
*№ 685-V.*

---

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

## 4. Ahal welaýatynyň dolandyryş-çäk bölünişiginiň meseleleri hakynda

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň dolandyryş-çäk gurluşyny kämilleşdirmek barada beren tabşyryklaryna laýyklykda, Ahal welaýatynyň dolandyryş-çäk bölünişigini döwrüň talaplaryna laýyk getirmek, welaýatyň ilatynyň käbir etraplary birikdirmek, olaryň taryhy atlaryny dikeltmek baradaky tekliplerini kanagatlandyrmak maksady bilen, welaýat häkimliginiň towakganamasyny hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň teklipnamasyny nazara alyp, «Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň meselelerini çözmegiň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Ahal welaýatynyň Altyn asyr etrabyny ýatyrmaly.

2. Şu kararyň goşundysyna laýyklykda:

1) Altyn asyr etrabynyň ýerleriniň:

307903 ga ýerini Kaka etrabynyň dolandyryş çägine;

26700 ga ýerini Sarahs etrabynyň dolandyryş çägine;

271152 ga ýerini Tejen etrabynyň dolandyryş çägine geçirmeli;

2) Ak bugdaý etrabynyň ýerlerinden 15303 ga ýeri hem-de Kaka etrabynyň ýerlerinden 34138 ga ýeri Tejen etrabynyň dolandyryş çägine geçirmeli.

3. Altyn asyr etrabynyň:

Çäçe, Mäne geňeşliklerini Kaka etrabynyň düzümine;

Balykçylyk geňeşligini Sarahs etrabynyň düzümine;

Döwletli, Gurban Durdy, Lukman, Waharman geňeşliklerini, Altyn asyr şäherini hem-de onuň dolandyryş tabynlygyndaky Ak altyn, Bugdaýly, Maldarçylyk obalaryny Tejen etrabynyň düzümine geçirmeli.

4. Ahal welaýatynda Babadaýhan etrabyny döretmeli hem-de şu kararyň goşundysyna laýyklykda, Tejen etrabynyň ýerlerinden 1406838 ga ýeri onuň dolandyryş çägine we Tejen etrabynyň düzüminden Babadaýhan şäherini, Ak altyn, Akwekil, Alty Garlyýew adyndaky, Garawekil, Hasyl, Täzeýol, Ýarygökje, Zähmet geňeşliklerini hem-de Seleňli geňeşliginiň Çili, Götin, Mamur obalaryny bu etrabyň düzümine geçirmeli.

5. Babadaýhan etrabynyň Çili obasyny Akwekil geňeşliginiň, Götin obasyny Täzeýol geňeşliginiň, Mamur obasyny Zähmet geňeşliginiň düzümine geçirmeli.

6. Kaka şäheriniň etrap hukukly derejesini üýtgetmeli we oňa etrapdaky şäher derejesini bermeli hem-de Kaka şäherini we onuň dolandyryş tabynlygyndaky Hywaabat obasyny Kaka etrabynyň düzümine geçirmeli.

7. Babadaýhan etrabynyň Babadaýhan şäherini Babadaýhan etrabynyň, Kaka etrabynyň Kaka şäherini Kaka etrabynyň dolandyryş merkezi edip bellemeli.

8. Baharly etrabynyň we onuň Baharly şäheriniň adyny üýtgedip, olara Bäherden adyny dakmaly hem-de degişlilikde Bäherden etraby we Bäherden şäheri diýip atlandyrmaly.

9. Türkmenistanyň Mejlisiniň 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky 112-IV belgili karary (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 2, 36-njy madda) bilen tassyklanylan Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birlikleriniň Sanawyna degişli üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmeli.

10. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti Ahal welaýat häkimligi bilen bilelikde welaýatyň dolandyryş çäginiň ýazgysyny bellenen tertipde geçirmeli.

11. Şu karar gol çekilen gününden güýje girýär.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2018-nji ýylyň 5-nji ýanwary.*
*№ 686-V.*

## 5. Aşgabat şäheriniň dolandyryş-çäk bölünişiginiň meseleleri hakynda

Aşgabat şäheriniň dolandyryş-çäk bölünişigini döwrüň talaplaryna laýyk getirmek, şäherde iri etraplary döretmek maksady bilen, şeýle hem Aşgabat şäheriniň häkimliginiň towakganamasyny we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň teklipnamasyny nazara alyp, «Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň meselelerini çözmegiň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Aşgabat şäheriniň Abadan we Ruhabat etraplaryny ýatyrmaly we olaryň ýerlerini Aşgabat şäheriniň degişli etraplarynyň çäklerine geçirmeli.

2. Aşgabat şäheriniň Arçabil etrabynyň adyny üýtgedip, oňa Büzmeýin adyny dakmaly we ony Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etraby diýip atlandyrmaly.

3. Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk, Berkararlyk, Büzmeýin we Köpetdag etraplarynyň çäklerini şu kararyň goşundysyna laýyklykda bellemeli.

4. Türkmenistanyň Mejlisiniň 2010-njy ýylyň 10-njy maýyndaky 112-IV belgili karary (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 2, 36-njy madda) bilen tassyklanylan Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birlikleriniň Sanawyna degişli üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmeli.

5. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti Aşgabat şäheriniň häkimligi bilen bilelikde Aşgabat şäheriniň dolandyryş çäginiň ýazgysyny bellenen tertipde geçirmeli.

6. Şu karar gol çekilen gününden güýje girýär.

**Türkmenistanyň**
**Mejlisiniň Başlygy** **A. Nurberdiýewa**

*Aşgabat şäheri.*
*2018-nji ýylyň 5-nji ýanwary.*
*№ 687-V.*

TÜRKMENISTAN
BITARAP, GARAŞSYZ

# TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

### Aşgabat şäheriniň etraplarynyň dolandyryş çākleriniň meseleleri hakynda

Aşgabat şäheriniň dolandyryş-çäk bölünişigini döwrüň talaplaryna laýyk getirmek, şeýle hem Aşgabat şäher häkimliginiň towakganamasyny we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň teklipnamasyny nazara alyp, «Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynyň meselelerini çözmegiň tertibi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

1. Aşgabat şäheriniň etraplarynyň dolandyryş çäklerine üýtgetmeleri girizmeli we olary şu kararyň goşundysyndaky çyzga laýyklykda bellemeli.
2. Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti Aşgabat şäher häkimligi bilen bilelikde Aşgabat şäheriniň etraplarynyň dolandyryş çākleriniň ýazgysyny bellenen tertipde geçirmeli.
3. Şu karar gol çekilen gününden herekete girizilýär.

*Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy G.MÄMMEDOWA.*

Aşgabat şäheri.
2018-nji ýylyň 6-njy awgusty.

## Aşgabat şäherinii




**Şertli belgiler:**

**— Büzmeýin etrabynyň dolandyryş çäginden Bagtyýarlyk etrabynyň dolandyryş çägine geçýä**

**Türkmenistanyň Prezidentiniň**
**2018-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda**
**çykaran 925-nji kararyna**
**1-nji goşundy**

## Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Köpetdag we Owadandepe geňeşlikleriniň çäklerinde guruljak täze, döwrebap obalarda gurulmaly binalaryň we desgalaryň

## SANAWY

<table>
<tr><th>№</th><th>Binalaryň we desgalaryň ady</th><th>Binalaryň we desgalaryň buýrujysy</th><th>Maliýeleşdiriş çeşmesi</th></tr>
<tr><td colspan="4">Köpetdag geňeşligi boýunça</td></tr>
<tr><td>1.</td><td>Geňeşiň edara binasy</td><td>Ahal welaýatynyň häkimligi</td><td rowspan="6">«Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasynyň» çäklerinde</td></tr>
<tr><td>2.</td><td>640 orunlyk umumybilim berýän orta mekdep</td><td>Ahal welaýatynyň häkimligi</td></tr>
<tr><td>3.</td><td>320 orunlyk çagalar bagy</td><td>Ahal welaýatynyň häkimligi</td></tr>
<tr><td>4.</td><td>Saglyk öýi</td><td>Ahal welaýatynyň häkimligi</td></tr>
<tr><td>5.</td><td>Oba barýan hem-de obanyň içerki agyz suw, suwaryş we lagym geçiriji ulgamlary</td><td>Ahal welaýatynyň häkimligi</td></tr>
<tr><td>6.</td><td>Oba barýan ýollar we obanyň içerki ýollary</td><td>Ahal welaýatynyň häkimligi</td></tr>
</table>

| | | | |
|---|---|---|---|
| 7. | Oba barýan daşarky we obanyň içerki elektrik ulgamlary | Ahal welaýatynyň häkimligi | |
| 8. | «PS-110/35/10 kwt» elektrik bekedi | Ahal welaýatynyň häkimligi | |
| 9. | Bir gatly söwda merkezi | Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi | Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň öz serişdeleriniň we çekilen serişdeleriň hasabyna |
| 10. | 400 sany bir gatly ýaşaýyş jaýy (baş meýilnama laýyklykda tapgyrlaýyn) | Raýatlar, Ahal welaýatynyň häkimligi | Bank karzlarynyň hasabyna |
| | **Owadandepe geňeşligi boýunça** | | |
| 1. | Geňeşiň edara binasy | Ahal welaýatynyň häkimligi | «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasynyň» çäklerinde |
| 2. | 640 orunlyk umumybilim berýän orta mekdep | Ahal welaýatynyň häkimligi | |
| 3. | 320 orunlyk çagalar bagy | Ahal welaýatynyň häkimligi | |
| 4. | Saglyk öýi | Ahal welaýatynyň häkimligi | |
| 5. | Agyz suwy arassalaýjy desga | Ahal welaýatynyň häkimligi | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 6. | Oba barýan hem-de obanyň içerki agyz suw, suwaryş we lagym geçiriji ulgamlary | Ahal welaýatynyň häkimligi | |
| 7. | Oba barýan ýollar we obanyň içerki ýollary | Ahal welaýatynyň häkimligi | |
| 8. | Oba barýan daşarky we obanyň içerki elektrik ulgamlary | Ahal welaýatynyň häkimligi | |
| 9. | «PS-110/35/10 kwt» elektrik bekedi | Ahal welaýatynyň häkimligi | |
| 10. | Bir gatly söwda merkezi | Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi | Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň öz serişdeleriniň we çekilen serişdeleriň hasabyna |
| 11. | 400 sany bir gatly ýaşaýyş jaýy (baş meýilnama laýyklykda tapgyrlaýyn) | Raýatlar, Ahal welaýatynyň häkimligi | Bank karzlarynyň hasabyna |

**Türkmenistanyň Prezidentiniň
2018-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda
çykaran 925-nji kararyna
2-nji goşundy**

## Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Öňaldy geňeşliginiň çäginde guruljak täze, döwrebap obada gurulmaly binalaryň we desgalaryň

## SANAWY

<table>
<tr><th>№</th><th>Binalaryň we desgalaryň ady</th><th>Binalaryň we desgalaryň buýrujysy</th><th>Maliýeleşdiriş çeşmesi</th></tr>
<tr><td>1.</td><td>Geňeşiň edara binasy</td><td>Ahal welaýatynyň häkimligi</td><td rowspan="7">«Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020--nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasynyň» çäklerinde</td></tr>
<tr><td>2.</td><td>640 orunlyk umumybilim berýän orta mekdep</td><td>Ahal welaýatynyň häkimligi</td></tr>
<tr><td>3.</td><td>320 orunlyk çagalar bagy</td><td>Ahal welaýatynyň häkimligi</td></tr>
<tr><td>4.</td><td>Saglyk öýi</td><td>Ahal welaýatynyň häkimligi</td></tr>
<tr><td>5.</td><td>Oba barýan hem-de obanyň içerki agyz suw, suwaryş we lagym geçiriji ulgamlary</td><td>Ahal welaýatynyň häkimligi</td></tr>
<tr><td>6.</td><td>Oba barýan ýollar we obanyň içerki ýollary</td><td>Ahal welaýatynyň häkimligi</td></tr>
<tr><td>7.</td><td>Oba barýan daşarky we obanyň içerki elektrik ulgamlary</td><td>Ahal welaýatynyň häkimligi</td></tr>
</table>

| | | | |
|---|---|---|---|
| 8. | Bir gatly söwda merkezi | Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi | Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň öz serişdeleriniň we çekilen serişdeleriň hasabyna |
| 9. | 400 sany bir gatly ýaşaýyş jaýy (baş meýilnama laýyklykda tapgyrlaýyn) | Raýatlar, Ahal welaýatynyň häkimligi | Bank karzlarynyň hasabyna |

**Türkmenistanyň Prezidentiniň**
**2018-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda**
**çykaran 925-nji kararyna**
**3-nji goşundy**

## Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Gowşut geňeşliginiň çäginde guruljak täze, döwrebap obada gurulmaly binalaryň we desgalaryň

## SANAWY

| № | Binalaryň we desgalaryň ady | Binalaryň we desgalaryň buýrujysy | Maliýeleşdiriş çeşmesi |
|---|---|---|---|
| 1. | Geňeşiň edara binasy | Ahal welaýatynyň häkimligi | «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasynyň» çäklerinde |
| 2. | 640 orunlyk umumybilim berýän orta mekdep | Ahal welaýatynyň häkimligi | |
| 3. | 320 orunlyk çagalar bagy | Ahal welaýatynyň häkimligi | |
| 4. | Saglyk öýi | Ahal welaýatynyň häkimligi | |
| 5. | Oba barýan hem-de obanyň içerki agyz suw, suwaryş we lagym geçiriji ulgamlary | Ahal welaýatynyň häkimligi | |
| 6. | Oba barýan ýollar we obanyň içerki ýollary | Ahal welaýatynyň häkimligi | |
| 7. | Oba barýan daşarky we obanyň içerki elektrik ulgamlary | Ahal welaýatynyň häkimligi | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| 8. | Bir gatly söwda merkezi | Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi | Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň öz serişdeleriniň we çekilen serişdeleriň hasabyna |
| 9. | 400 sany bir gatly ýaşaýyş jaýy (baş meýilnama laýyklykda tapgyrlaýyn) | Raýatlar, Ahal welaýatynyň häkimligi | Bank karzlarynyň hasabyna |